| ÇHK | Çaga hukuklary barada konwensiýa |
| ÇÝKIAB | Çaga ýaşynda keselleri integrirlenen alyp barmak |
| CAPI | Computer Assisted Personal Interview – tehniki soraşma bolup, onuň dowamynda interwýuýeriň özi respondente sorag berýär we alnan jogaplary planşetde elektron sowalnama ýazýar |
| CSPro | Ilat ýazuwynyň we gözegçilikleriň maglumatlaryny işlemegiň ulgamy |
| DÖM | Durnukly ösüş maksatlary |
| DSGAG | Demografiki saglygy goraýyş-arassaçylyk gözegçiligi |
| DSGM | Dogrumdan soňky gözegçiligiň maksatnamasy |
| EPI | Immunizasiýanyň giňeldilen maksatnamasy |
| ESI | Ene süýdi bilen iýmitlendirmek |
| GARPR | AIDS-e garşy global çäreleri amala aşyrmakda gazanylan ösüşler barada hasabat |
| GGP | Gyzamyk, gyzylja, parotit |
| GSK | Gatnaşygyň sap koeffisiýenti |
| GÝK | b görnüşli gemofil ýokanç kesel |
| ISB | Ilkinji seçimleýin birlikler |
| IÝÇÖI | Irki ýaşda çaga ösüşiniň indeksi |
| JDI | Jynslaryň deňhukuklylygynyň indeksi |
| JÝGÝK | Jyns ýollary bilen geçýän ýokanç keseller |
| KHBS | Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri |
| LAU | laktasion amenoreýa usuly |
| Mb | milliona bölek |
| MBM | Monitoring boýunça BSGG/UNICEF bilelikdäki maksatnamasy |
| MICS | Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlag |
| MICS-5 | Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlaglaryň maksatnamasynyň bäşinji global tapgyry |
| MÖM | Müňýyllygyň ösüş maksatlary |
| NÖ | Neonatal ölümçilik |
| ÖTSN | Öýde taýýarlanan suwuk naharlar |
| PDÖAGM | Pnewmoniýanyň we diareýanyň öňüni almak boýunça hereketleriň global meýilnamasy |
| PK | Personal kompýuter |
| PNÖ | Postneonatal ölümçilik |
| PRD | Peroral regidratasiýa üçin duz |
| PRE | Peroral regidratasiýa üçin ergin |
| PRT | Peroral regidratasion terapiýa |
| RÝNÝ | Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy |
| SYSB | Sosial ylymlar üçin statistik bukja |
| TDIM | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| TMK | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti |
| Türkmenstat | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| UNFPA | BMG-nyň ilat gaznasy |
| UNICEF | BMG-nyň Çagalar gaznasy |
| USB | Ultrases barlagy |
| VAP | Sanjymyň global meýilnamasy |
| WGB | Gepatit B |
| ÝIS | ýatgynyň içindäki spiral |
| ÝRÝK | Ýiti respirator ýokanç keseli |
| ÝUH | Ýol-ulag hadysalary |
| ÝÝK | Ýod ýetmezçiligi bilen baglanyşykly keseller |

# Minnetdarlyk bildirmek

Türkmenistan üçin 2016-njy ýyl öz garaşsyzlygynyň 25 ýyllygy bilen şöhratlanýar. Adam konstitusiýa derejesinde jemgyýetiň esasy gymmatlygy hasaplanylýan döwletimiz dünýäniň depginli ösýän, öňe gidýän we parahatçylygy söýüji döwletleriniň sanyna girýär. Giň gerimli halkara hyzmatdaşlygy bilen bolup geçýän okgunly özgertmeler muňa aýdyň şaýatlyk edýär, Birleşen Milletler Guramasy bilen berk hyzmatdaşlykhem aýdyň görkezijileriň biri bolup durýar.

Çagalaryň we aýallaryň ýagdaýyna gözegçilik etmek we BMG-niň Müňýyllygyň maksatlaryna ýetmekde we beýleki halkara borçnamalarynda ösüşe gözegçilik etmäge mümkinçilik berýänesasy görkezijileri ölçemek maksady bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň karary bilen UNICEF-iň hem-de BMG-niň Ilat gaznasynyň goldaw bermegi bilen 2015-2016-njy ýyllarda Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlag (MICS) geçirildi, ol 6 müňden gowrak öý hojalygyny öz içine aldy. Türkmenistan GDA we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň arasynda Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlagyň 5 tapgyryny (CAPI) planşetde geçiren ilkinji ýurtdyr.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti Türkmenistanyň Hökümetine (TMK, DIM), milli we ýerli dolandyryş edaralarynyň wekillerine gözegçiligi geçirmekde eden kömekleri we goldawlary üçin uly minnetdarlyk bildirýär.

UNICEF-iň Türkmenistandaky Wekilhanasynyň Baştutany Şahin Nilofere we UNICEF-iň Türkmenistandaky Wekilhanasynyň öňki Baştutany Oýunsaýhan Dendewnorowa, UNICEF-iň Türkmenistandaky Wekilhanasynyň Baştutanynyň orunbasary Alýona Salçonaga, UNICEF-iň hünärmenleri Şöhrat Orazowa we Dilara Aýazowa ýüze çykan meseleleri çalt çözmekde, gözegçiligi guramakda we geçirmekde beren kömekleri üçin aýratyn minnetdarlyk bildirýäris. Taslamanyň başyndan tamamlanýança ýerine ýetirilmeginde maslahatçy bolan UNICEF-iň halkara maslahatçysy Tatýana Karaulas bu işe uly goşant goşdy. Seminarlary guramakda we meýdan işlerini geçirmekde milli maslahatçy Hoşgeldi Halnazarow hem belli bir goşant goşdy.

MICS-niň global utgaşdyryjysy Atilla Hansiogluna (UNICEF, Nýu-Ýork), standart soragnamalary, maglumatlary girizmek we işlemek boýunça programmalary işläp taýýarlan, okuw seminarlarynyň, treningleriň birnäçesini geçiren we şu global gözegçiligiň umumy menejmentini üpjün eden onuň tarapyndan UNICEF-iň bütin dünýä boýunça onlarça işgärine, hususan, MICS taslamasynyň UNICEF-iň Sebitleýin edarasyndan utgaşdyryjysy, Türkmenstatyň işgärlerine Türkmenistanda bu gözegçiligi taýýarlamak we geçirmek meseleleri boýunça uly ýardam eden Siraj Mahmutla (UNICEF, Ženewa) uly minnetdarlyk bildirýäris.

Statistika boýunça hünärmen (maglumatlary işlemek) Iwane Býeliçe, UNICEF, Nýu-Ýork, Statistika boýunça hünärmen (maglumatlary işlemek) Turgaý Unalana, UNICEF, Nýu-Ýork, öý hojalyklaryna gözegçilik etmek boýunça hünärmen Ýadygär Koşkuna, UNICEF, Nýu-Ýork, öý hojalyklaryna gözegçilik etmek boýunça sebitleýin maslahatçy Ana Abdelbasite (UNICEF, Ženewa), programma üpjünçiligi boýunça sebitleýin maslahatçy Ihtior Holmatowa (UNICEF, Ženewa) bu gözegçilige taýýarlyk görmekde we elektron göterijilerde geçirmekde beren kömekleri üçin aýratyn minnetdarlyk bildirýäris (CAPI). Seçim boýunça sebitleýin maslahatçy Ahmet Sinan Týurkilmaz tarapyndan MICS üçin seçim boýunça berlen usulyýet kömegini aýratyn belläsimiz gelýär.

Türkmenistanda UNPFA-nyň edarasyna MICS-iň meýdan işlerini geçirmegi bilelikde maliýeleşdirmekde eden kömegi üçin minnetdarlyk bildirýäris.

Gözegçiligi geçirmekde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň işgärleri möhüm orny eýeledi, olara hem minnetdarlygymyzy bildirýäris.

Welaýat/şäher statistika müdirlikleriniň başlyklaryna, superwaýzerlere, interwýuýerlere we ölçeýjilere minnetdarlyk bildirýäris.

Netijede bu gözegçilige gatnaşan ähli adamlara: bu işiň geçirilmegine göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşanlaryň, ýardam edenleriň ählisine; soragnama boýunça maglumatlaryň ýaşyrynlygy ýörelgelerinde geljekde ýurtda çagalaryň we aýallaryň ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna gönükdirilen çözgütleri kabul etmekde döwlet edaralary üçin peýdaly boljak maglumatlary bermäge höwes bilen ylalaşan Türkmenistanyň ýaşaýjylaryna (öý hojalyklarynyň agzalaryna) minnetdarlyk bildirýäris.

## Rezýume

Bu jemleýji hasabat 2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan geçirilen Türkmenistanda Köp görkezijili klasterleýin barlagyň (MICS) netijelerine esaslanýar. Gözegçiligi maliýeleşdirmek Türkmenistanyň Hökümeti we UNICEF tarapyndan BMG-niň Ilat gaznasynyň (UNPFA) goşmaça maliýe goldawyny bermegi bilen amala aşyryldy. BMG-niň Çagalar gaznasy (UNICEF) tarapyndan tehniki goldaw berildi.

2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanda MICS seçime goşulan 6101 öý hojalygynyň milli reprezentatiw gözegçiliginde olardan 5974 sanysy ilatly diýlip ykrar edildi. Şolardan 5861 sanysy üstünlikli soraşyldy: soraşylan öý hojalyklarynyň paýy 98 göterim boldy.Soraşylan öý hojalyklarynda 7693 aýal-gyz (15–49 ýaşynda)we 5 ýaşa çenli 3785 çaga ýüze çykaryldy. Aýratyn soragnamalar 7618 aýal-gyz we 3765 çaga üçin tamamlandy. Seçim milli derejede, şäher we oba ýerleri üçin, şeýle hem 6 sebit üçin (Aşgabat şäheri we 5 welaýat) käbir esasy görkezijilere baha bermäge mümkinçilik berýär.

2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanda geçirilen MICS garaşylyşy ýaly, birnäçe möhüm syýasatyň we strategiýalaryň maglumatlar binýadyna, şeýle hem 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin, hususan-da Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) ýetmekde ösüşe gözegçilik etmek üçin binýatlaýyn maglumatlary emele getirmeklige öz goşandyny goşar.

### *Agram ýetmezçiligi bilen doglan çagalar*

Täze doglan çagalaryň 99 göterimi doglan wagty çekildi; bäbekleriň takmynan 3 göteriminiň doglanda agramy 2500 gramdan az derejede bahalandyrylýar.

### *Iýmitlenmegiň derejesi*

Türkmenistanda bäş ýaşa çenli çagalaryň 3 göteriminiň agramy ýeterlik däl, çagalaryň 1 göterimi bolsa agramy aşa ýetmezçilik edýän çagalaryň toparyna degişli edildi. 12 göterimi boýunyň ösüşinde yza galýar ýa-da öz ýaşy üçin boýy aşa pes, 4 göterimi bolsa arryk ýa-da öz boýy üçin aşa hor. Çagalaryň 6 göteriminiň agramy aram artykmaç.

### *Bäbekleri we irki ýaşdaky çagalary ene süýdi bilen iýmitlendirmek*

Türkmenistanda bäbekleriň 73 göterimi doglandan soň ilkinji sagatda ene süýdi bilen iýmitlendirilýär, täze doglan çagalaryň 94 göterimi bolsa doglandan soň ilkinji gije-gündizde ene süýdi bilen iýmitlendirilýär. Alty aýlykdan kiçi çagalaryň takmynan 59 göterimi diňe ene süýdi bilen iýmitlendirilýär, çagalaryň 81 göterimi esasan ene süýdi bilen iýmitlendirilýär.

6–23 aýlyk çagalaryň 93 göterimi gaty, ýarym gaty we ýumşak iýmit bilen iň azyndan bir gezek iýmitlendirildi, 85 göterimi dürli görnüşli iýmit bilen ýa-da azyndan iýmitleriň 4 topary bilen iýmitlendirildi.Has uly ýaşdaky (12–23 aýlyk) ähli çagalaryňiýmiti has irki ýaşdaky (6-8 aýlyk) çagalar bilen deňeşdirilende (44 göterim) az derejede dürli görnüşli boldy – 98 göterim. Iň az kabul ederlikli iýmitiň görkezijisinden peýdalanmak bilen umumy bahalandyrma 12-23 aýlyk çagalaryň 77 göteriminiň ýeterlik ýygylykda ýeterlik dürli görnüşli iýmitiniň bolandygyny görkezdi.

### *Duzuň ýodlaşdyrylmagy*

Ähli öý hojalyklarynda iýmit taýýarlamak üçin ulanylýan duz onda ýodit kaliniň ýa-da ýodat kaliniň barlygyny seljermek üçin duz ýygnamagyň kömegi bilen ýoduň saklanyşy barlanyldy. Öý hojalyklarynyň 97 göteriminiň ýeterlik derejede ýodlaşdyrylan duzy ulanýandygy kesgitlenildi, ýagny duz milliona 15 ýa-da ondan köp bölek ýody özünde jemleýär.

### *Sanjymlar*

Immunizasiýa bilen gurşalyp alynmagyň bahalandyrmasy saglygy goraýyş edaralaryndan sanjym barada ýazgylara, az derejede öýde saklanýan sanjym kartalaryndan/pasportlaryndan we eneleriň çagalara sanjym barada sözlerinden ýazgylara esaslanýar. Türkmenistanda immunizasiýany ähli çagalar mugt geçmeli, şol sebäpli öý hojalyklarynyň hal-ýagdaýyna garamazdan sanjym bilen gurşalyp alnyşyň derejesi örän ýokary.Ilkinji doglan gününe çenli ähli maslahat berilýän sanjymlary (Gyzamyk (GPG) – ikinji doglan gününe çenli) alan 24-35 aýlykçagalaryň göterim paýy 95 göterime deň boldy.

### *Keselleri bejermek we çaga seretmek*

Umuman bäş ýaşa çenli çagalaryň 2 göterimi gözegçiligiň öňündäki iki hepdäniň dowamynda diareýa bilen näsaglady, 1 göterimden azragygynda (0,4 göterim) ÝRI-niň alamatlary boldy, 6 göteriminiň gyzgyny galdy.

Diareýa bilen näsaglan çagalaryň 67 göterimine PRD (peroral regidratasiýa üçin duz) ýa-da artyk möçberde suwuklyk berildi. Maslahat berilýän bejergini (iýmitlenmegi dowam etdirmek bilen PRT) çagalaryň 39 göterimi aldy. Çagalaryň diňe 2 göterimine hiç hili terapiýa we hiç hili derman berilmedi.

Çaga seredýän eneleriň ýa-daadamlaryň ýarsyndan azragy (47 göterimi) pnewmoniýanyň iki howply görnüşiniň birini bilýärler: çalt we /ýa-da kynlyk bilen dem almak.

### *Suw üpjünçiligi we arassaçylyk*

Ilatyň 83 göterimi agyz suwunyň gowulandyrylan çeşmesinden peýdalanýarlar: şäher ýerlerinde 98 we oba ýerlerinde 73 göterim. Ilatyň ýarsyndan gowragy (54 göterim) suw geçirijilerden berilýän suwdan, 21 göterimi turba şekilli guýulardan/skwažinalardan we 16 göterimi awtosisternadan (gowulandyrylmadyk çeşme) peýdalanýarlar.

Türkmenistanyň ähli ilaty gowulandyrylan arassaçylyk-gigiýena gurluşlaryndan peýdalanýarlar. Oba ýerlerinde ilat esasan çukurlardan peýdalanýar: wentilýasiýa bilen abadanlaşdyrylan (68 göterim) ýa-da tekiz (28 göterim). Munuň tersine şäher ýerlerinde ýuwulýan hajathana arassaçylyk-gigiýena gurluşlarynyň iň ýaýran görnüşi bolup durýar (59 göterim).

### *Çaga dogluşy*

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda MICS-den soňky üç ýylda çaga dogluşynyň jemi koeffisiýenti bir aýala 3,2 dogrum boldy, bu şäher ýerlerine garanda oba ýerlerinde biraz ýokary (bir aýala hasaplananda degişlilikde 3,3 we 3,0 dogrum). 15-19 ýaşyndaky aýallaryň arasynda çaga dogluşynyň koeffisýenti 1000 aýala 28 dogruma deň.

### *Kontrasepsiýanyň usullary we kontrasepsiýa kanagatlandyrylmadyk zerurlyk*

Häzirki wagtda resmi (däl) nikada duran aýallaryň ählisi kontrasepsiýanyň haýsy hem bolsa bir usuly barada eşitdiler we aýallara mälim bolan usullaryň sany 14-den 6 sany boldy. Olaryň köpüsi kontrasepsiýanyň has ýaýran häzirki zaman we adaty usullary bilen tanyş bolsalar-da, käbir häzirki zaman usullaryny bilýän az: diafragma we implantat barada aýallaryň 12 göterimi, aýallaryň prezerwatiwi barada 16 göterimi, kontrasepsiýa barada 20 göterimi bilýär.

Kontrasepsiýanyň häzirki ulanylyşy barada häzirki wagtda resmi (däl) nikada durýan ähli aýallaryň ýarsy habar berdiler. 15-49 ýaşyndaky ýanýoldaşly aýallaryň arasynda kontrasepsiýa kanagatlandyrylmadyk zerurlyk 12 göterime deň.

### *Dogrumdan öň we dogrumdan soňky gözegçilik we çaga dogurýanlara kömek*

Türkmenistanda aýallaryň ählisine (100 göterim) dogrumdan öňki gözegçilik edilýär. Dogrumdan öňki gözegçiligi esasan lukmanlar geçirýärler (99 göterim).

MICS-den öňki iki ýylyň dowamynda ähli dogrumlar (100 göterim) ýokary hünär derejeli işgärler tarapyndan kabul edildi, bu Türkmenistanda çaga dogrulanda ýokary derejeli saglygy goraýyş kömeginiň ählumumy elýeterliligini görkezýär. Lukmanlar tarapyndan dogrumlaryň 99 göterimi, şepagat uýalary we göbegeneler tarapyndan 1 göterimi kabul edildi. Ähli eneleriň (100 göterim) dogrumyň yzýany saglygy goraýyş edarasynda galanlarynda ýa-da öýde saglyk ýagdaýy barlanýar.

Türkmenistanda çagalaryň doglandan soň saglygy goraýyş edarasynda bolan wagtlary ýa-da öýde, şeýle hem saglygy goraýyş edarasyndan çykandan soň saglyk ýagdaýlary barlanýar.

### *Irki ýaşda çagalaryň okuwy we bilim almagy*

Türkmenistanda 36–59 aýlyk çagalaryň 43 göterimi irki ýaşda guramaçylykly maksatnamalaýyn okuwa gatnaýarlar. Oba ýerleri bilen (29 göterim) deňeşdirilende şäher ýerlerinde bu görkeziji 70 göterime deň.

36–59 aýlyk çagalaryň aglaba bölegi (94 göterimi) bilen gözegçilik geçirilenden öňki üç günüň dowamynda öý hojalygynyň uly ýaşly agzasy okuwa we mekdebe taýýarlyk görmäge ýardam edýän işiň dört ýa-da ondan köp görnüşi bilen meşgullandy. Uly ýaşlylaryň çagalar bilen meşgullanan işleriniň görnüşleriniň ortaça sany 5,6 boldy. 0–59 aýlyk ýaşdaky çagalaryň takmynan ýarsy (48 göterim) azyndan 3 sany çaga üçin kitap bar bolan öý hojalyklarynda ýaşaýarlar.

Türkmenistanda 36-59 aýlyk ýaşdaky çagalaryň 91 göterimi ýaşyna laýyk ösýär.

### *Mekdebe taýýarlyk*

Birinji synpyň okuwçylarynyň 44 göterimi geçen ýyl mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryna gatnadylar. Oba ýerlerinde ýaşaýan çagalaryň 26 göterimi bilen deňeşdirilende şäher ýerlerinde birinji synpyň okuwçylarynyň 74 göterimi geçen ýyl mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryna gatnadylar.

### *Başlangyç we orta mekdebe gatnamak*

Türkmenistanda başlangyç mekdebe barmaly ýaşdaky çagalaryň arasynda (6 ýaş) başlangyç mekdebiň birinji synpyna 94 göterimi gatnaýarlar. Häzirki wagtda mekdebe gatnaýan başlangyç mekdep ýaşyndaky çagalaryň göterim paýy örän ýokary (98 göterim). Türkmenistanda birinji synpa baran ähli çagalar netijede 3-nji synpa çenli doly okaýarlar.

Häzirki wagtda orta mekdebe ýa-da hünär bilimi edaralaryna gatnaýan orta mekdep ýaşyndaky çagalaryň (10-17 ýaş) göterim paýy 98 göterimden gowrak. Başlangyç bilim ulgamynda jynslaryň deňhukuklylygynyň indeksiniň görkezijisi 0,99, orta bilim ulgamynda bolsa 1,00 deň.

### *Çaga doglușyny bellige almak*

Türkmenistanda bäş ýaşa çenli ähli çagalaryň dogluşy bellige alyndy, bu çaga dogluşynyň bellige alynmagy barada deň mümkinçilige şaýatlyk edýär.

### *Çaga zähmeti*

Türkmenistanda 5–11 ýaşyndaky çagalaryň arasynda 1 göterimden azragy iň bolmanda hepdede 1 sagat ykdysady işe çekildi. Hepdede 14 sagatdan az ykdysady işe çekilen 12-14 ýaşyndaky çagalaryň göterim paýy 4 göterime deň boldy, şonda 1 göterimden azragy 14 sagadyň dowamynda we ondan köp wagt işleri ýerine ýetirdiler. 15-17 ýaşyndaky çagalaryň 7 göterimi hepdede 43 sagatdan az bolmadyk wagt ykdysady işe çekildi, şonda çagalaryň hiç biri 43 sagadyň we ondan köp wagtyň dowamynda ykdysady işe gatnaşmadylar.

Çagalaryň birnäçe wagtyň dowamynda öý işlerine çekilmegi çagalaryň ähli ýaş toparlary üçin çaga zähmeti hasaplanylmaýar. 5-17 ýaşdaky çaga zähmetine çekilen çagalaryň göterim paýy 1 göterimden az boldy.

### *Ir nikalaşmak*

Türkmenistanda 15 ýaşa ýetmänkä resmi (däl) nikalaşan 15-49 ýaşyndaky aýallaryň göterim paýy 1 göterimden az. 18 ýaşa ýetmänkä resmi (däl) nikalaşan 20-49 ýaşyndaky aýallaryň göterim paýy 6 göterime deň.

### *Öýde güýç ulanylmagyna garaýyş*

Türkmenistanda 15–49 ýaşyndaky aýallaryň 26 göterimi görkezilen ýagdaýlaryň azyndan birinde äriniň aýalyny urmaga ýa-da ýençmäge haky bar diýip hasap edýärler. Äriniň güýç ulanmagyny esaslandyrýan aýallar köp ýagdaýlardahaçan-da aýal çagasy barada alada etmedik ýagdaýynda (20 göterim) ýa-da onuň bilen dawalaşan ýagdaýynda (12 göterim) ýa-da özüni erkin alyp baranda: meselem, ärine aýtman öýden çykan ýagdaýynda (8 göterim) güýç ulanylmagy bilen ylalaşýarlar we onuň haky bar diýip hasaplaýarlar. Takmynan aýallaryň 3 göterimi eger aýaly ärine jynsy gatnaşykdan boýun gaçyrsa ýa-da nahary ýaksa ony urmaga haky bar diýip hasap edýärler.

### *Çagalaryň ýaşaýyş şertleri*

Türkmenistanda 0-17 ýaşyndaky çagalaryň 89 göterimi ata-enesiniň ikisi bilen, 8 göterimi diňe ejesi bilen, 2 göterimi diňe kakasy bilen ýaşaýarlar. Çagalaryň 1 göterimi ata-enesiniň ikisi hem diri wagtynda biologik ata-enesiniň hiç biri bilen bile ýaşamaýar.

Türkmenistanda 0-17 ýaşyndaky çagalaryň bary-ýogy 1 göteriminiň ata-enesiniň biri ýa-da ikisi hem daşary ýurtda ýaşaýarlar.

### *AIW/AIDS*

Türkmenistanda 15-49 ýaşyndaky soraşylan aýal-gyzlaryň 81 göterimi AIDS barada eşitdiler. AIW geçmeginiň öňüni almagyň iki esasy usulyny: bir wepaly kesel ýokuşmadyk jynsy hyzmatdaşyň bolmagy we hemişe prezerwatiw ulanmaklygy bilýänleriň paýy aýallaryň 56 göterimine deň boldy.

AIW-iň geçmegi we onuň öňüni almagyň usullary barada hemmetaraplaýyn bilimiň ýaýramagynyň derejesi 15-49 ýaşly aýal-gyzlaryň arasynda 35 göterime, 15-24 ýaşyndaky aýal-gyzlaryň arasynda 25 göterime deň.

AIW-ýokanç keseliň eneden çaga geçmeginiň ähli üç usuly 15-49 ýaşyndaky aýallaryň 65 göterimine mälim. AIW-e barlagdan nirede geçip bolýandygyny aýallaryň 64 göterimi bilýär.

### *KHBS elýeterliligi we maglumat /kommunikasion tehnologiýalardan peýdalanmak*

Türkmenistanda aýal-gyzlaryň 41 göterimi gazet ýa-da žurnal okaýar, 32 göterimi radio diňleýär we 99 göterimi hepdede azyndan bir gezek telewizora seredýär. Umuman aýal-gyzlaryň 1 göterimden azragy üç KHBS-iň hiç birinden yzygiderli peýdalanmaýar, şol bir wagtda 100 göterimi azyndan bir gezek, 21 göterimi KHBS-iň ähli üç görnüşinden hepdede bir gezek peýdalandy.

Gözegçiligiň görkezişi ýaly, 15-24 ýaşyndaky aýal-gyzlaryň 86 göterimi haçan-da bolsa kompýuterden peýdalandylar, 58 göterimi soňky ýylyň dowamynda, 45 göterimi soňky aýyň dowamynda hepdede azyndan bir gezek kompýuterden peýdalandylar. Umuman, 15-24 ýaşyndaky aýal-gyzlaryň 47 göterimi haçanda bolsa Internetden peýdalandylar, şonda 39 göterimi Internetden soňky ýylyň dowamynda peýdalandylar.

# I. Giriş

## Habar beriji maglumat

Bu hasabat Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan MICS global maksatnamasynyň çäklerinde we BMG-niň Çagalar gaznasynyň (UNICEF) tehniki taýdan goldaw bermeginde geçirilen Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlagyň (MICS) maglumatlary boýunça düzüldi. Gözegçiligi maliýeleşdirmek BMG-niň Ilat gaznasynyň (UNFPA) goşmaça maliýe goldawyny bermeginde Türkmenistanyň Hökümeti we UNICEF tarapyndan amala aşyryldy. Bu gözegçilik maksadalaýyk syýasaty we maksatnamalary işläp taýýarlamak üçin zerur bolan we milli maksatlara we global (halkara) borçnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin zerur bolan statistika taýdan esaslandyrylan, halkara derejesinde deňeşdirijilikli maglumatlary almaga mümkinçilik berýär. Bu global borçnamalara "Çagalaryň ýaşaýşy üçin ýaramly dünýä" Hereketiniň meýilnamasyndan we Jarnamasyndan, BMG-niň Baş Assambleýasynyň AIW/AIDS boýunça Ýörite sessiýasynyň maksatlaryndan, "Bilim hemmeler üçin" Jarnamasyndan we Müňýyllygyň ösüş maksatlaryndan (MÖM) gelip çykýan borçnamalar girýär.

**Hereket etmäge meýillilik: hasabat bermek boýunça milli we halkara borçnamalary**

Müňýyllygyň jarnamasyna we "Çagalaryň ýaşaýşy üçin ýaramly dünýä" Hereketiniň meýilnamasyna we Jarnamasyna gol çeken hökümetler olarda öňde goýlan maksatlaryň we wezipeleriň amala aşyrylyşynyň gidişine gözegçilik etmegi özüne borç etdiler:

"Milli we degişli ýagdaýlarda, sebitleýin derejelerde biz bu Hereketleriň meýilnamasynda bellenen maksatlaryň we wezipeleriň milli, sebitleýin, global derejelerde amala aşyrylyşynyň gidişine yzygiderli gözegçilik ederis we olaryň durmuşa geçirilişindäki işlerde ösüşleri bahalandyrarys. Munuň üçin biz maglumatlary ýygnamak boýunça, olaryň seljerişi boýunça we bölmek boýunça, şol sanda jyns alamaty, ýaşy boýunça we tapawutlara getirjek beýleki degişli faktorlar boýunça milli hasabat mümkinçiliklerimizi berkideris we çagalara bagyşlanan barlaglaryň giň toparynyň geçirilmegini goldarys. Biz hasabat mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça tagallalary goldamak üçin halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirýäris we gözegçilik, baha bermek we meýilleşdirmek üçin jemgyýetçilik mümkinçiligini dörederis." (**"Çagalaryň ýaşaýşy üçin ýaramly dünýä",** 60 bent).

"...Biz päsgelçilikleri has netijeli aradan aýyrmak üçin we işleri çaltlaşdyrmak üçin milli we submilliderejelerde ösüşe döwürleýin syn bereris" (**"Çagalaryň ýaşaýşy üçin ýaramly dünýä",** 61 bent).

"Çagalaryň ýaşaýşy üçin ýaramly dünýä" Hereketiniň meýilnamasynda UNICEF-igazanylan ösüş barada döwürleýin ýygyndylary taýýarlamaga gatnaşmaga çagyryşy jemlenýär (61 bent):

"...dünýäde çagalaryň bähbitlerini goraýan öňde baryjy edara hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasyna maksada laýyk bolan ýagdaýynda hökümetler, degişli gaznalar Birleşen Milletler Guramasy ulgamynyň degişli gaznalary, maksatnamalary we ýöriteleşdirilen edaralary bilen berk hyzmatdaşlykda bu Jarnamanyň we Hereketleriň meýilnamasynyň amala aşyrylyşynyň gidişi barada maksatnamany taýýarlamak we ýaýratmagy dowam etdirmek haýyş edildi".

**Müňýyllygyň jarnamasynda** (31 bent) gazanylan ösüşler barada döwürleýin hasabatlaryň berilmegine şeýle çagyryşlar jemlenýär:

"...Biz Baş Assambleýadan şu Jarnamanyň düzgünleriniň amala aşyrylyşynyň gidişine yzygiderli seretmegi haýyş edýäris we Baş sekretardan Baş Assambleýanyň seretmegi üçin we mundan beýläk çäreleri kabul etmek üçin esas hökmünde döwürleýin ýygyndylary neşir etmegi haýyş edýäris".

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllardaky MICS-iň netijeleri 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin, hususan, Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) ýetmekde ösüşe gözegçilik üçin binýatlaýyn maglumatlaryň düzümine girer.

Ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagy tutuş garaşsyzlygynyň dowamynda Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Ýurtda geçirilýän ykdysady özgertmeleriň sosial ugra gönükdirilmegi soňky ýyllarda has hem güýçlendi.

Ykdysadyýetiň diwersifikasiýasynyň we sosial ugra gönükdirilen özgertmeleriň ýokary depginde ösmegini "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry" Milli maksatnamasy (2003ý.) üpjün etdi. 2010-njy ýylyň maý aýynda "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy", 2012-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistany 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň

Maksatnamasykabul edildi. Bu maksatnamalarda geljekde ýurdy sosial-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hatarynda sagdyn we ýokary intellektual adam maýasyny ösdürmek maksady bilen iri maýa goýumlarynyň goýulmagy göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Hökümeti özüniň durnukly sosial-ykdysady ösüşi üpjün etmek syýasatynda çagalaryň meselesine we bu meseleler boýunça halkara resminamalaryna goşulan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine barha uly ähmiýet berýär. Çagalaryň bähbitleri üçin esasy wezipesi çagalaryň meselelerine toplumlaýyn seretmekden we çözmekden ybarat bolan uzak möhletli maksatnamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanyldy we durmuşa geçirilýär. Milli aýratynlyklary we däp-dessurlary göz öňünde tutmak bilen täze sosial-ykdysady şertler babatda çagalaryň bähbitlerini hukuk taýdan goramagyň ulgamy täzeden döredildi we kämilleşmegini dowam etdirýär. Hususan,“Çaga hukuklarynyň kepillendirmesi hakynda”, (2014ý. maý), “Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirmesi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny (2005ý.), “Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda” (2002ý., 2005ý. Täze redaksiýasy), “Ilatyň durmuş goraglylygy hakynda” Türkmenistanyň kodeksi (2007ý.), “Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goramak we wagyz etmek we çaga iýmitine talaplar hakynda” (2009ý.), “Azyk önümleriniň hili we howpsuzlygy hakynda” (2009ý.), Türkmenistanyň Sanitariýa Kodeksi (2009ý.), “Türkmenistanyň Zähmet kodeksi” (2009ý.) we beýlekiler kabul edildi. Çaga hukuklary hakynda konwensiýa, Bütindünýä jarnamasy we çagalaryň bähbitleri üçin ýokary derejede geçirilen Bütindünýä duşuşygynda kabul edilen Hereketleriň meýilnamasy, şeýle hem MÖM Türkmenistanyň Hökümetini durmuş-ykdysady syýasaty işläp taýýarlanda esasy ugurlaryň biri bolup durýar we bolmagynda galýar.

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS birnäçe beýleki möhüm başlangyçlaryň, şol sanda “Çagalaryň ýaşamagyny gazanmak: çagalaryň öňüni alyp bolýan sebäplerden ölüminiň öňüni almak boýunça hereketleriň” başlangyçlarynyň we aýallaryň we çagalaryň saglygyny goramagyň Global strategiýasy babatda maglumat we hasabatlylyk boýunça Topar tarapyndan teklip edilen hasabat ulgamynyň binýadyna öz goşandyny goşar diýip garaşylýar.

Şu gutarnykly hasabatda gözegçilik bilen gurşalyp alnan jemleýji görkezijiler we temalar berilýär.

## Gözegçiligiň wezipeleri

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda MICS geçirmegiň esasy wezipeleri:

- Türkmenistanda çagalaryň we aýallaryň ýagdaýyny bahalandyrmak üçin zerur bolan derwaýys maglumaty bermek;
- Dürli ulgamlarda ösüşi bahalandyrmak üçin maglumatlary işläp taýýarlamak we uly ünsi talap edýän ulgamlarda goşmaça tagallalary etmek;
- Müňýyllygyň jarnamasynda berlen maksatlara we mundan beýläk hereketler üçin esas hökmünde halkara derejesinde ylalaşylan maksatlara tarap hereketlere gözegçilik etmek üçin zerur bolan maglumatlary bermek;
- Goraglylygy has pesleriň sosial taýdan deňleşmegine gönükdirilen syýasaty işläp taýýarlamagy üpjün etmek üçin deňsizligi ýüze çykarmak maksady bilen dezagregirlenen maglumatlary ýygnamak;

- 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin gün tertibi üçin binýatlaýyn maglumatlaryň döredilmegine ýardam etmek;
- Beýleki çeşmelerden maglumatlary we maksatlaýyn gatyşmagyň netijelerini tassyklamak.

## Tablisalary nähili okamaly

Bu hasabatyň tablisalary standart görnüşde döredildi we düşnükli. Şeýle bolsa-da, okyjy aşakdaky belliklerden habardar bolmaly.

Ýaýyň içindäki görkezijiler göterimiň ýa-da paýyň 25-49 ölçerilmedik ýagdaýlara esaslanýandygyny görkezýärwe şeýle maglumatlara seresaply garamaly. Tablisalarda sana derek ýyldyzjyk göterimiň ýa-da paýyň 25-den az ölçelmedik ýagdaýlara esaslanýandygyny görkezýär, «–» belgi — kese çyzyk göterimiň ýa-da paýyň 0 ölçelmedik ýagdaýlara esaslanýandygyny aňladýar. 0,0 – ujypsyz ululygy ýa-da şol görkezijiniň ýoklugyny aňladýar.

Şu hasabatda berlen ýaş toparlary ýaş topary üçin görkezilen ýokary çäge ýeten şahslary öz içine alýar; meselem, 15–49 ýaşyndaky respondentlere iň soňky doglan gününde 49 ýaşy dolan şahslar hem degişli.

20–23 aýlyk ýaşdaky çagalaryň ýaş topary hem edil şunuň ýaly, 23 aý dolanlary hem öz içine alýar. “Bilimi ýok” bilim topary 25-den az ölçelmedik ýagdaýlara esaslanýar we şol sebäpli tablisada görkezilmeýär.

Ondan başga-da, tablisalarda we tutuş hasabatyň dowamynda enäniň bilimi 5 ýaşa çenli çagalaryň soragnamasyna jogap beren eneleriň, şeýle hem ejesi ölen bolsa ýa-da başga ýerde ýaşaýan bolsa çaga hossarlyk edýänleriň bilim derejesine degişli.

## II. Seçimi emele getirmegiň we gözegçiligi geçirmegiň usuly

### Seçimi gurmak

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlag (MICS) üçin seçip almak milli derejede, şäher we oba ýerlerinde we 6 sany sebitde: Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda, şeýle hem Aşgabat şäherinde, çagalaryň we aýallaryň ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriň uly sany boýunça bahalandyryjy maglumatlaryň alynmagyny üpjün etmek üçin guruldy.

Her bir sebitiň ilaty iki esasy strata: şäher we oba ýerlerine bölündi, gözegçilik üçin birlikleri saýlap almak bolsa iki tapgyrda amala aşyryldy. Her bir stratadan ölçege proporsional ähtimallykly ilat ýazuwynyň sanaw uçastoklaryny yzygiderli saýlap almak amala aşyryldy. Seçimi saýlap almagyň birinji tapgyrynda 6200 öý hojalygyndan umumy ýöriteşdirilen seçimi emele getirmek üçin 310 sanaw uçastogy saýlanyp alyndy. Saýlanyp alnan sanaw uçastoklarynyň çäklerinde öý hojalyklarynyň sanawy düzülenden soň her bir saýlanyp alnan sanaw uçastogynyň binýadynda 20 öý hojalygyndan seçim emele getirildi.

Saýlanyp alnan sanaw uçastoklarynyň 5 sanaw uçastogyna ýerlerde meýdan işleri döwründe ýokarda görkezilen ýerlerde binalaryň göçürlendigi netijesinde olaryň elýeterli däldigi sebäpli barylmady, bu 6100 öý hojalygyndan ybarat bolan seçimiň ölçegine getirdi[12].

Emele getirilen seçim sebitler, şäher we oba ýerleri boýunça stratifisirlenen we öz-özüni ölçerýän hasaplanylmaýar. Gözegçiligiň ähli netijelerini taýýarlamak üçin seçim agramlaryndan peýdalanylýar. Seçip almak 2013-nji ýylda Aşgabat şäherinde we Ahal welaýatynda bolup geçen administratiw-çäk özgertmeleri göz öňünde tutulyp amala aşyryldy. Seçimiň gurluşynyň has jikme-jik beýanyny A goşundyda “Seçimiň gurluşynda” tapmak bolýar.

### Soragnamalar

Bu gözegçilikde soragnamalaryň üç görnüşinden peýdalanyldy: 1) öý hojalygynyň ähli agzalary (adatça öý hojalygynda ýaşaýanlar), öý hojalygynyň özi we ýaşaýyş jaýy barada maglumatlary ýygnamak üçin öý hojalygynyň soragnamasy; 2) her bir öý hojalygynda ýaşaýan 15-49 ýaşyndaky ähli aýal-gyzlardan soraşmak üçin zenanlar barada aýratyn soragnama; 3) öý hojalygynda ýaşaýan 5 ýaşa çenli çagalaryň ejelerinden (ýa-da şeýle çaga seretmegi amala aşyrýan adam) soraşmak üçin 5 ýaşa çenli çagalar barada soragnama, şeýle hem saglygy goraýyş edarasynda 3 ýaşa çenli çagalar üçin immunizasiýa barada maglumatlary ýygnamak üçin soragnamanyň formasy. Soragnamalar aşakda görkezilen toplumlary öz içine alýar:
öý hojalygynyň soragnamasy:

- Öý hojalygynyň ýazgysy
- Bilim
- Çaga zähmeti
- Çagalaryň düzgün-tertibi
- Öý hojalygynyň häsiýetnamalary
- Suw üpjünçiligi we arassaçylyk
- Eliňi ýuwmak
- Duzuň ýodlaşdyrylmagy

[12] Meýdan işleri wagtynda barlan, ýaşaýyş jaý birliginde tapylan bir goşmaça öý hojalygy sebäpli seçip almagyň ahyrky ölçegi 6101 öý hojalygyna deň boldy.

Zenanlar üçin aýratyn soragnama, öý hojalygynda ýaşaýan 15-49 ýaşdaky ähli aýallara teklip edildi we aşakda görkezilen toplumlary öz içine alýar:

- Aýal barada maglumat
- KHBS-iň elýeterliligi we maglumat-kommunikasion tehnologiýadan peýdalanmak
- Çaga dogurmaga ukyplylyk/dogrumlaryň taryhy
- Iň soňky doglan çaganyň islenenligi (islenmänligi)
- Enäniň we täze doglan çaganyň saglygy
- Dogrumdan soňky gözegçilik
- Keselleriň alamatlary
- Nika/nika birleşigi[13]
- Kontrasepsiýa
- Kontrasepsiýa kanagatlandyrylmadyk zerurlyk
- Öýde güýç ulanylmagyna garaýyş
- AIW/AIDS

5 ýaşa çenli çagalar barada soragnama öý hojalygynda ýaşaýan 5 ýaşa[14] çenli çagalaryň ejeleri (ýa-da olara seretmegi amala aşyrýan adamlar) üçin peýdalanyldy. Adatça bu soragnama boýunça 5 ýaşa çenli çagalaryň ejelerinden soraşyldy; eger ejesi öý hojalygynyň ýazgysyna goşulmadyk bolsa, esasy terbiýe beren kesgitlenilýär we sowal-jogap alşylýar. Soragnama aşakda görkezilen toplumlary öz içine alýar:

- Çaganyň ýaşy
- Çaga doglanlygyny bellige almak
- Çaganyň irki ýaşda ösüşi
- Ene süýdi bilen iýmitlendirmek
- Immunizasiýa
- Kesellän wagty bejermek we seretmek
- Antropometriýa

Bäş ýaşa çenli çagalar barada Soragnama doldurylan 0–2 ýaşyndaky ähli çagalar babatda goşmaça formadan peýdalanyldy: saglygy goraýyş edarasynda immunizasiýa barada maglumatlary ýygnamak üçin forma, oňa saglygy goraýyş edarasynyň ýazgylaryndan sanjymlar göçürildi.

Görkezilen soragnamalar MICS-5[15] bir görnüşli soragnamanyň nusgasynyň esasyndadöredildi. MICS-5-iň bir görnüşli soragnamasynyň iňlisçe we rusça görnüşinden soragnamalar türkmen diline terjime edildi we deslapky synag geçirildi. Soragnamanyň rus we türkmen dillerindäki kagyz göterijidäki görnüşleriniň deslapky synagy (1-nji synag 12 gün) Ahal welaýatynda (oba ýeri) we Aşgabat şäherinde 2015-nji ýylyň iýul aýynda geçirildi. 200 sany öý hojalygyna gözegçilik edildi (100-türkmen dilli, 100-rus dilli). Planşetler üçin soragnamalar we goşundylar doly işlenip bolandan soň 2015-nji ýylyň awgust aýynda 100 sany öý hojalygynda 2-nji synag geçirildi. Deslapky synaglaryň netijeleri boýunça soraglaryň taýýarlanyşyna, soragnamalaryň terjimesine, planşet üçin goşundylara üýtgeşmeler girizildi. Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS-iň soragnamalarynyň nusgasy F goşundyda berilýär.

Ýerlerde işlän toparlar soraşma geçirmekden başga-da, öý hojalyklarynda iýmit taýýarlamak üçin peýdalanylýan duzda ýoduň saklanyşyny barladylar, el ýuwmak üçin ýere seretdiler, 5 ýaşa çenli

---

[13] Nika/nika birleşmesi toplumyň bölegi, KontrasepsiýaweKontrasepsiýa kanagatlandyrylmadyk zerurlykToplumlar haçan-da bolsa resmi (däl) nikada duran aýallar üçin ulanyldy.

[14] "5 ýaşa çenli çagalar", "0-4 ýaşly çagalar" we "0-59 aýlyk çagalar" adalgalary şu ýygyndyda özara çalşyryp bolýan hökmünde peýdalanylýar.

[15] Bir görnüşli MICS5 soragnamanyň nusgasyny http://mics.unicef.org/tools salgy boýunça tapyp bilersiňiz.

çagalaryň agramyny we boýuny ölçediler. Bu gözegçilikler we ölçemeler barada anyk maglumatlar we onuň netijeleri hasabatyň degişli bölümlerinde berilýär.

## Ýerlerde işleri öwretmek

Ýerlerde işleri ýerine ýetirmegi öwretmek 2015-nji ýylyň awgust-sentýabr aýlarynda 30 iş gününiň dowamynda geçirildi. Okuw 2 tapgyra bölündi. Birinji tapgyrda (2 hepde) okuw kagyzda soragnamalardan peýdalanmak bilen, ikinji tapgyrda bolsa planşet PK-dan peýdalanmak bilen geçirildi.

Okuw sorag bermekde tejribe üçin sowal-jogaplary geçirmegiň usullary boýunça we soragnamalaryň mazmuny boýunça leksiýalary, diňleýjileriň özara öwrediş okuw sowal-jogaplarynyň geçirilmegini, planşetlerde tejribe işini – superwaýzer tarapyndan öý hojalygyny bellemek, bellenen öý hojalyklaryny we ýygnalan maglumatlary kabul etmek-geçirmegi, ýalňyşlara seretmegi we ş.m. öz içine alýar.

Okuw döwrüniň ahyryna golaý (2015-nji ýylyň sentýabr aýy) diňleýjiler Aşgabat şäherinde (şäher ýeri) we Ahal welaýatynda (oba ýeri) soraşma geçirmek üçin iki gün tejribe geçdiler we bir gün Aşgabat şäheriniň mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynda antropometrik ölçemegi geçdiler.

Maglumatlary ýygnamak 6 topar tarapyndan amala aşyryldy, her bir topar 4 sany interwýuýerden (1 ätiýaçda), iki sürüjiden, 1 ölçeýjiden we superwaýzerden ybarat. Ýerlerde işler 2015-nji ýylyň sentýabr aýynda başlandy we 2016-njy ýylyň ýanwar aýynda tamamlandy.

## Maglumatlary ýygnamak we işläp taýýarlamak

Maglumatlar 5.0 wersiýaly CSPro programma üpjünçiliginden peýdalanmak bilen girizildi. Maglumatlary ýygnamak PK 37 planşetde interwýuýerler we 6 sany superwaýzer tarapyndan ýerine ýetirildi. Planşetlerden peýdalanylmagy ýerlerde toparyň işine gözegçilik etmek we ýolbaşçylyk etmek boýunça wezipeleriň birnäçesiniň, şol sanda aşakdaky işleriň ýerine ýetirilmegini ýeňilleşdirdi:

- interwýuýerlere öý hojalyklary boýunça tabşyryk bermek;
- interwýuýerlerden ýygnalan maglumatlary almak;
- öý hojalygynyň soragnamalaryny we aýratyn soragnamalary barlamak;
- klaster boýunça işi tamamlamak;
- merkezi edara ibermek üçin maglumatly faýly taýýarlamak.

Maglumatlary ýygnamagyň we işlemegiň tutuş dowamynda MICS global maksatnamanyň çäklerinde işlenip taýýarlanan we Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS boýunça soragnama uýgunlaşdyrylan düzgünlerden we standart programmalardan peýdalanyldy. Maglumatlary işläp taýýarlamak 2015-nji ýylyň sentýabr aýynda maglumatlary ýygnamak bilen bir wagtda başlandy we 2016-njy ýylyň ýanwar aýynda tamamlandy. Maglumatlar "Jemgyýetçilik ylymlary üçin hasabat bukjasy" (HPSS) programma üpjünçiliginiň, wersiýa 21, kömegi bilen seljerildi. Bu maksat üçin UNICEF tarapyndan işlenip taýýarlanan tablisalaryň bir görnüşli sintaksisi we tabulirlemegiň meýilnamasy uýgunlaşdyryldy we peýdalanyldy. Maglumatlaryň ýygnalyşyna, meýdan işlerine we beýleki degişli işlere yzygiderli gözegçilik UNICEF-iň işgärleri, milli we halkara maslahatçylary, şeýle hem Türkmenstatyň müdirligi we Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS-i amala aşyrmak üçin jogapkär işgärler tarapyndan amala aşyryldy.

# III. Öý hojalyklarynyň we jogap berijileriň seçiminiň möçberi we häsiýetnamalary

## Seçimiň möçberi

Seçime goşulan 6100[16] öý hojalygyndan gözegçilik edilen pursaty bir salgy boýunça iki öý hojalygy tapyldy, bu ahyrky seçimiň 6101 öý hojalygyndan ybarat bolmagyna getirdi. 6101 öý hojalygyndan 5974 sanysy ilatly diýlip ykrar edildi. Şolardan 5861 sanysy üstünlikli soraşyldy: soraşylan öý hojalyklarynyň paýy 98 göterim boldy.

Sowal-jogap alşylan öý hojalyklarda 7693 aýal (15-49 ýaşyndaky) ýüze çykaryldy. Olardan 7618 sanysy üstünlikli soraşyldy:soraşylan öý hojalyklarynda jogap berenleriň paýy 99 göterim boldy.

Öý hojalyklarynyň sowalnamalarynyň ýazgysyna 5 ýaşa çenli 3785 sany çaga girizildi. Soragnamalar bu çagalaryň 3765 sanysy boýunça dolduryldy, bu soraşylan öý hojalyklarynyň çäklerinde 100 göterime deň bolan jogap berenleriň paýyna laýyk gelýär.

Aýallaryň aýratyn soraşmasy we 5 ýaşa çenli çagalaryň soraşmasy babatda jogap berenleriň paýy hasaplanyldy, bu, degişlilikde, 97 we 98 göterim boldy (HH.1 tablisa).

[16] 310 sanaw uçastogynda 6200 öý hojalygyndan ybarat bolan seçim emele getirildi. Saýlanyp alnan sanaw uçastoklaryndan 5 sanaw uçastogyna ýerlerde meýdan işleri geçirilen döwri ýokarda görkezilen uçastoklarda binalaryň göçürilendigi üçin elýeter däldigi sebäpli barylmady, bu seçimiň 6100 öý hojalygyndan ybarat bolmagyna getirdi.

## HH.1 tablisa. Öý hojalyklary, aýal-gyzlar barada soraşmanyň we bäş ýaşa çenli çagalar barada soraşmanyň netijeleri

Soraşmanyň netijeleri boýunça öý hojalyklarynyň, aýallaryň we 5 ýaşa çenli çagalaryň sany we Öý hojalyklarynyň sowalnamasyna, Zenanlar üçin aýratyn sowalnama we Bäş ýaşa çenli çagalar barada sowalnama jogap berenleriň paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | Jemi | Ilatly ýeriň görnüşi | | Sebitler | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Şäher | Oba | Aşgabat şäheri | Ahal welaýaty | Balkan welaýaty | Daşoguz welaýaty | Lebap welaýaty | Mary welaýaty |
| **Öý hojalyklary** | | | | | | | | | |
| Saýlanyp alnan | 6101 | 3400 | 2701 | 1160 | 900 | 1240 | 880 | 961 | 960 |
| Ýerleşdirilen | 5974 | 3288 | 2686 | 1083 | 900 | 1229 | 877 | 946 | 939 |
| Soraşma geçirilenler | 5861 | 3183 | 2678 | 990 | 899 | 1224 | 873 | 940 | 935 |
| Öý hojalyklarynyň sowalnamasy boýunça jogap berenleriň paýy | 98,1 | 96,8 | 99,7 | 91,4 | 99,9 | 99,6 | 99,5 | 99,4 | 99,6 |
| **Aýal-gyzlar** | | | | | | | | | |
| Soraşma geçirmek üçin ölçege laýyk gelýänler | 7693 | 3726 | 3967 | 1131 | 1403 | 1252 | 1306 | 1337 | 1264 |
| Soraşma geçirilenler | 7618 | 3668 | 3950 | 1086 | 1401 | 1251 | 1299 | 1317 | 1264 |
| Jogap beren aýallaryň paýy | 99,0 | 98,4 | 99,6 | 96,0 | 99,9 | 99,9 | 99,5 | 98,5 | 100,0 |
| Jogap beren aýallaryň umumy paýy | 97,2 | 95,3 | 99,3 | 87,8 | 99,7 | 99,5 | 99,0 | 97,9 | 99,6 |
| **Bäş ýaşa çenli çagalar** | | | | | | | | | |
| Soraşma geçirmek üçin ölçege laýyk gelýänler | 3785 | 1652 | 2133 | 451 | 813 | 511 | 696 | 721 | 593 |
| Soraşma geçirilen çaganyň ejesi/esasy gözegçilik edýän adam | 3765 | 1634 | 2131 | 433 | 813 | 511 | 696 | 719 | 593 |
| Bäş ýaşa çenli çagalar barada jogap berenleriň paýy | 99,5 | 98,9 | 99,9 | 96,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 99,7 | 100,0 |
| Bäş ýaşa çenli çagalar barada jogap berenleriň umumy paýy | 97,6 | 95,8 | 99,6 | 87,8 | 99,9 | 99,6 | 99,5 | 99,1 | 99,6 |

Sebitine we ýaşaýan ýerine baglylykda öý hojalyklarynyň jogaplarynyň koeffisiýentinde käbir tapawutlar bar. Umuman şäher ýerlerinde öý hojalyklarynyň jogaplarynyň koeffisiýenti (97 göterim) paýtagtyň – Aşgabat şäheriniň hasabyna oba ýerlerine garanda biraz pes boldy (100 göterim diýen ýaly), paýtagtda jogaplaryň koeffisiýenti 91 göterim boldy. Galan bäş sebitde öý hojalyklarynyň jogaplarynyň koeffisiýenti 100 göterim boldy.

## Öý hojalyklarynyň häsiýetnamalary

Gözegçilik edilen ilatyň ýaşy we jynsy boýunça ölçelen paýlanyşy HH.2. tablisada berilýär. Şu paýlanyş şeýle hem HH.1. suratda ilatyň piramidasyny gurmak üçin peýdalanylýar. Üstünlikli soraşylan 5861 öý hojalygynyň ýazgysyna öý hojalyklarynyň 29871 agzasy girizildi. Olardan 14635 sanysy erkekler, 15237 sanysy aýallardyr.

**HH.2 tablisa. Öý hojalyklarynyň agzalarynyň jynslary boýunça ýaş taýdan bölünişi**

Öý hojalyklarynyň bäş ýaş toparlary, biriniň eklenjindäki ýaş toparlary we çagalar (0-17 ýaş) hem-de uly ýaşly (18 ýaş we ondan uly) ilatynyň toparlarnyň jynsy boýunça bölünen görnüşde göterim we ýygylyk taýdan paýlanyşy, Türkmenistan, 2015-2016

| | **Jemi** | | **Erkekler** | | **Aýallar** | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Sany | Göterim | Sany | Göterim | Sany | Göterim |
| **Jemi** | 29871 | 100,0 | 14635 | 100,0 | 15237 | 100,0 |
| **Ýaşy** | | | | | | |
| 0-4 | 3979 | 13,3 | 2097 | 14,3 | 1882 | 12,4 |
| 5-9 | 3015 | 10,1 | 1531 | 10,5 | 1484 | 9,7 |
| 10-14 | 2347 | 7,9 | 1174 | 8,0 | 1173 | 7,7 |
| 15-19 | 2335 | 7,8 | 1079 | 7,4 | 1256 | 8,2 |
| 20-24 | 2861 | 9,6 | 1386 | 9,5 | 1475 | 9,7 |
| 25-29 | 2816 | 9,4 | 1394 | 9,5 | 1422 | 9,3 |
| 30-34 | 2370 | 7,9 | 1200 | 8,2 | 1170 | 7,7 |
| 35-39 | 1901 | 6,4 | 907 | 6,2 | 995 | 6,5 |
| 40-44 | 1763 | 5,9 | 883 | 6,0 | 879 | 5,8 |
| 45-49 | 1606 | 5,4 | 795 | 5,4 | 811 | 5,3 |
| 50-54 | 1599 | 5,4 | 734 | 5,0 | 865 | 5,7 |
| 55-59 | 1383 | 4,6 | 611 | 4,2 | 772 | 5,1 |
| 60-64 | 857 | 2,9 | 406 | 2,8 | 451 | 3,0 |
| 65-69 | 441 | 1,5 | 187 | 1,3 | 255 | 1,7 |
| 70-74 | 223 | 0,7 | 101 | 0,7 | 121 | 0,8 |
| 75-79 | 224 | 0,8 | 95 | 0,7 | 129 | 0,8 |
| 80-84 | 89 | 0,3 | 39 | 0,3 | 50 | 0,3 |
| 85+ | 58 | 0,2 | 15 | 0,1 | 43 | 0,3 |
| Boş galdyrmak/BM | 2 | 0,0 | 1 | 0,0 | 2 | 0,0 |
| **Biriniň eklenjindäki ýaş toparlary** | | | | | | |
| 0-14 | 9341 | 31,3 | 4802 | 32,8 | 4540 | 29,8 |
| 15-64 | 19492 | 65,3 | 9395 | 64,2 | 10097 | 66,3 |
| 65+ | 1036 | 3,5 | 437 | 3,0 | 599 | 3,9 |
| Boş galdyrmak/BM | 2 | 0,0 | 1 | 0,0 | 2 | 0,0 |
| **Çaga we uly ýaşly ilat** | | | | | | |
| 0-17 ýaşdaky çagalar | 10865 | 36,4 | 5599 | 38,3 | 5266 | 34,6 |
| 18 ýaş we ondan ulular | 19005 | 63,6 | 9035 | 61,7 | 9969 | 65,4 |
| Boş galdyrmak/BM | 2 | 0,0 | 1 | 0,0 | 2 | 0,0 |

Ýaş piramidasynyň emele gelen görnüşi ýaş ilatyň göterim paýy ýokary bolan we uly ýaşly adamlaryň göterim paýy pes bolan ýurtda ilatyň üznüksiz köpelmeginiň giňişleýin görnüşdedigine şaýatlyk edýär.

0–4 ýaşyndaky ýaş topary bäş ýaşly ýaş toparlary boýunça ilatyň paýlanyşynda has köp bolup durýar we 13 göterime deň. Bu soňky birnäçe ýylda çaga dogluşynyň derejesiniň görnetin ýokarlanýandygy bilen düşündirilýär, bu ähtimal 2007-nji ýylda "Ilatyň sosial goraglylygy hakynda" Türkmenistanyň Kodeksiniň kabul edilmegi we kömek pulunyň – çaga doglanda birgezekleýin berilýän tölegiň, çaga doglan pursatyndan bir ýarym ýaşa ýetýänçä çaga seretmek boýunça aýlyk kömek pulunyň tölenmegi bilen baglanyşyklydyr. "Ilatyň sosial goraglylygy hakynda" Türkmenistanyň Kodeksine üýtgeşmeleri girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (2009-njy ýylyň 6-njy marty) bilen çagalara kömek pulunyň möçberi artdyryldy (çaga doglanda we seretmek boýunça) we tölegiň döwri bir ýarym ýyldan üç ýyla çenli uzaldyldy.

15-19 ýaşly ýaş toparynda erkekleriň we aýallaryň arasyndaky gatnaşykda deň gelmezlik bellenilýär (D goşundyda DQ.1 surat. Maglumatlaryň hilini barlamagyň tablisasy). 15-19 ýaş toparynda erkekleriň göterim paýy pes, bu Milli Ýaragly güýçleriniň hatarynda gulluk edýän 18-19 ýaşly erkekleriň öý hojalyklarynyň ýazgysyna girmeýänligi sebäpli gulluk 18 ýaşda başlanýar). Bu erkek we aýal ilatyň arasyndaky umumy gatnaşyga täsirini ýetirdi.

Ilatyň umumy sanynda 0-17 ýaşyndaky çagalaryň paýy 36 göterime deň. Şonda bu ýaş toparynda erkekleriň ujypsyz agdyklyk edýändigi bellenilýär, bu oglanjyklaryň dogulmagynyň paýynyň has ýokarydygy bilen baglanyşyklydyr.

## HH.1 surat. Öý hojalyklarynyň agzalarynyň ýaşy, jynsy boýunça paýlanyşy, Türkmenistan, 2015-2016




Bellik: Öý hojalygynyň ýaşy barada maglumatlar göýberilen 3 agzasy sanawdan aýryldy.

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS-iň we 2012-nji ýylda geçirilen ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwynyň maglumatlaryna görä birleşdirilen ýaş toparlary deňeşdirilende uly bolmadyk düzüm üýtgeşmeleri ýüze çykaryldy. MICS-iň maglumalary boýunça 15 ýaşa çenli ýaşdaky ilatyň göterim paýy 31 göterim, 2012-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň maglumatlary boýunça 27 göterim boldy (HH.2 surat). Bu soňky ýyllarda ýurtda çaga dogluşynyň derejesiniň artýanlygy bilen baglanyşykly. 15-64 ýaşyndaky ilatyň göterim paýy biraz tapawutlanýar – gözegçiligiň netijeleri boýunça 65 göterim we 2012-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň netijeleri boýunça 70 göterim, 65 ýaşyndaky we onadan uly ýaşdakylaryň tapawudy uly däl we degişlilikde 3 we 4 göterime deň.

## HH.2 surat. Ilatyň ýaş topary boýunça paýlanyşy, Türkmenistan




HH.3, HH.4 we HH.5 tablisalarda öý hojalyklary, 15-49 ýaşyndaky respondentler we 5 ýaşa çenli çagalar barada esasy maglumat berilýär. Hem ölçelen we ölçelmedik sanlar berilýär. Şeýle maglumatlar soňra şu hasabatda berlen netijeleriň interpretasiýasy üçin örän möhüm we gözegçiligiň seçiminiň reprezentatiwligi barada netijeler üçin esas bolup hyzmat edýär. Şu hasabatda berlen galan tablisalar diňe ölçelen sanlary özünde jemleýär.[17]

HH.3 tablisada öý hojalyklary barada, şol sanda öý hojalygynyň maşgala başysynyň jynsy, sebiti, ýerleşýän ýeri, öý hojalygynyň agzalarynyň sany, öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň bilimi we dili[18] barada esasy maglumatlar berilýär. Bu esasy häsiýetnamalar şu hasabatyň indiki tablisalarynda peýdalanylýar; tablisalardaky maglumatlar şu hasabatda peýdalanylýan seljermäniň esasy toparlary boýunça bölmek bilen gözegçilikleriň sanyny görkezmek üçin niýetlenilýär.

[17] Seçimiň agramy barada goşmaça maglumata A goşundyda “Seçip almagy gurmak” seret.
[18] Bu maglumat “Bu öý hojalygynyň baştutany üçin haýsy dil ene dili bolup durýar?” diýen soragyň kömegi bilen aýdyňlaşdyryldy.

| HH.3 tablisa. Öý hojalyklarynyň düzümi | | | |
|---|---|---|---|
| Saýlanyp alnan häsiýetnamalary boýunça öý hojalyklarynyň göterimi we ýygylyk taýdan bölünişi, Türkmenistan, 2015-2016 | | | |
| | Ölçenen göterim | Öý hojalyklarynyň sany | |
| | | Ölçenen | Ölçelmedik |
| Hemmesi | 100,0 | 5861 | 5861 |
| **Öý hojalyklarynyň maşgalabaşysynyň jynsy** | | | |
| Erkek | 76,0 | 4457 | 4348 |
| Aýal | 24,0 | 1404 | 1513 |
| **Sebitler** | | | |
| Aşgabat şäheri | 15,1 | 883 | 990 |
| Ahal welaýaty | 11,5 | 674 | 899 |
| Balkan welaýaty | 8,5 | 497 | 1224 |
| Daşoguz welaýaty | 21,1 | 1236 | 873 |
| Lebap welaýaty | 18,4 | 1079 | 940 |
| Mary welaýaty | 25,4 | 1491 | 935 |
| **Ilatly ýeriň görnüşi** | | | |
| Şäher | 44,9 | 2634 | 3183 |
| Oba | 55,1 | 3227 | 2678 |
| **Öý hojalyklarynyň agzalarynyň sany** | | | |
| 1 | 5,0 | 291 | 340 |
| 2 | 7,7 | 450 | 512 |
| 3 | 11,9 | 700 | 734 |
| 4 | 18,5 | 1086 | 1078 |
| 5 | 19,9 | 1165 | 1163 |
| 6 | 14,9 | 872 | 840 |
| 7 | 9,0 | 526 | 507 |
| 8 | 4,8 | 284 | 260 |
| 9 | 2,7 | 159 | 143 |
| 10+ | 5,6 | 329 | 284 |
| **Öý hojalyklarynyň maşgalabaşysynyň bilimi** | | | |
| Bilimi ýok | 0,1 | 3 | 3 |
| Başlangyç | 0,6 | 33 | 28 |
| Orta | 61,4 | 3598 | 3538 |
| Başlangyç hünär | 7,2 | 422 | 386 |
| Orta hünär | 15,2 | 889 | 936 |
| Ýokary | 15,6 | 915 | 970 |
| **Öý hojalyklarynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | |
| Türkmen | 82,8 | 4853 | 4871 |
| Özbek | 8,1 | 473 | 356 |
| Rus | 7,3 | 426 | 512 |
| Beýleki | 1,9 | 110 | 122 |
| **Öý hojalyklarynyň ortaça ölçegi** | 5,1 | 5861 | 5861 |

Öý hojalyklarynyň ölçelen we ölçelmedik sany deň, sebäbi seçimi almagyň agramy kadalaşdyryldy. Tablisada şeýle-de gözegçiligiň dowamynda bahalandyrylan öý hojalygynyň ululygynyň ortaça ölçelen sany görkezilýär.

Öý hojalyklarynyň göterim paýy şäher ýerlerine garanda (45 göterim) oba ýerlerinde ýokary (55 göterim). Öý hojalyklarynyň sebitler boýunça paýlanyşy gyradeň däl: Balkan welaýatynda 9 göterimden Mary welaýatynda 25 göterime çenli. Köp ýagdaýlarda öý hojalygynyň maşgalabaşysy erkekler (76 göterim). Öý hojalyklarynda ýaşaýan adamlaryň sany boýunça paýlanyşynda dört we bäş adamdan ybarat bolan öý hojalyklary has uly paýy tutýar (degişlilikde, 19 göterim we 20 göterim),

ikinji ýerde alty adamdan ybarat bolan öý hojalyklary (15 göterim) durýar. Öý hojalyklarynyň 83 göteriminde türkmen dili öý hojalygynyň maşgala başysynyň ene dili diýlip bellenildi.

## 15–49 ýaşyndaky respondent aýallaryň we respondentleriň we 5 ýaşa çenli çagalaryň häsiýetnamalary

HH.4 we HH.5 tablisalarda 15-49 ýaşyndaky respondent aýallaryň we 5 ýaşa çenli çagalaryň esasy häsiýetnamalary barada maglumat berilýär. Üç tablisada hem ölçelen we ölçelmedik gözegçilikleriň umumy sany deň, sebäbi seçim agramlary kadalaşdyrylan (standartlaşdyrylan). Bu tablisalarda diňe bir aýallaryň we çagalaryň esasy häsiýetnamasy barada peýdaly maglumat berilmän, eýsem her bir esasy topar boýunça gözegçilikleriň sany hem görkezilýär. Bu toparlar şu hasabatyň soňky tablisalarynda hem peýdalanylýar.

## HH.4 tablisa. Aýallaryň esasy häsiýetnamalary

Saýlanyp alnan esasy häsiýetnamalary boýunça 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterimi we ýygylyk taýdan bölünişi, Türkmenistan, 2015-2016

| | Ölçenen göterim | Öý hojalyklarynyň sany | |
|---|---|---|---|
| | | Ölçenen | Ölçelmedik |
| Hemmesi | 100,0 | 7618 | 7618 |
| **Sebitler** | | | |
| Aşgabat şäheri | 12,8 | 975 | 1086 |
| Ahal welaýaty | 13,2 | 1007 | 1401 |
| Balkan welaýaty | 6,3 | 482 | 1251 |
| Daşoguz welaýaty | 23,4 | 1779 | 1299 |
| Lebap welaýaty | 19,1 | 1455 | 1317 |
| Mary welaýaty | 25,2 | 1920 | 1264 |
| **Ilatly ýeriň görnüşi** | | | |
| Şäher | 39,5 | 3006 | 3668 |
| Oba | 60,5 | 4612 | 3950 |
| **Ýaşy** | | | |
| 15-19 | 15,7 | 1197 | 1165 |
| 20-24 | 18,4 | 1400 | 1401 |
| 25-29 | 17,7 | 1351 | 1333 |
| 30-34 | 14,7 | 1117 | 1117 |
| 35-39 | 12,4 | 946 | 960 |
| 40-44 | 11,0 | 835 | 838 |
| 45-49 | 10,1 | 772 | 804 |
| **Maşgala ýagdaýy** | | | |
| Häzirki wagtda resmi (däl) nikada durýar | 64,2 | 4887 | 4861 |
| Dul | 1,6 | 123 | 146 |
| Nikasyny bozan | 4,1 | 312 | 319 |
| Aýrylyşan | 0,7 | 56 | 62 |
| Hiç haçan resmi (däl) nikada durmadyk | 29,4 | 2240 | 2230 |
| **Çagalarynyň barlygy; soňky wagtlarda çaganyň dogulmagy** | | | |
| Hiç haçan dogurmady | 35,5 | 2708 | 2686 |
| Haçandyr bir wagt dogurdy | 64,5 | 4910 | 4932 |
| Soňky iki ýylda çaga dogurdy | 19,4 | 1476 | 1467 |
| Soňky iki ýylda çaga dogurmady | 45,1 | 3435 | 3465 |
| **Bilimi** | | | |
| Bilimi ýok | 0,1 | 8 | 6 |
| Başlangyç | 0,1 | 8 | 6 |
| Orta | 79,9 | 6088 | 6030 |
| Başlangyç hünär | 7,9 | 601 | 595 |
| Orta hünär | 6,9 | 527 | 547 |
| Ýokary | 5,1 | 387 | 434 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | |
| Iň garyp | 20,0 | 1521 | 1139 |
| Ikinji | 19,7 | 1502 | 1253 |
| Üçünji | 19,6 | 1495 | 1485 |
| Dördünji | 19,6 | 1490 | 1738 |
| Iň baý | 21,1 | 1610 | 2003 |
| **Öý hojalyklarynyň maşgalabaşylarynyň ene dili** | | | |
| Türkmen | 86,1 | 6563 | 6641 |
| Özbek | 8,2 | 623 | 482 |
| Rus | 4,1 | 315 | 375 |
| Beýleki | 1,5 | 117 | 120 |

HH.4 tablisada 15-49 ýaşyndaky respondent aýallaryň esasy häsiýetnamasy berilýär. Onda aýallaryň sebitler, ýaşaýan ýeriniň görnüşi, ýaşy, maşgala ýagdaýy, soňky iki ýylyň dowamynda doglan çagalarynyň barlygy, bilim derejesi[19], hal-ýagdaýyň[20,21] indeksi boýunça kwintiller we öý hojalygynyň maşgala başysynyň ene dili boýunça paýlanyşy barada maglumatlary özünde jemleýär.

Şäher ýerlerinde 15-49 ýaşyndaky soraşylan aýallaryň 39 göterimi, oba ýerlerinde – 61 göterimi ýaşaýar. Aýallaryň populýasiýasynda sebitleýin tapawut öý hojalyklarynyň sebitler boýunça paýlanyşyna laýyk gelýär: uly bolmadyk göterim paýy Mary we Daşoguz welaýatlarynda (degişlilikde, 25 we 23 göterim), has az göterimi Balkan welaýatynda (6 göterim) jemlenýär. Çaga dogurmaga ukyply ýaşa – 20-den 35 ýaşa çenli aýallaryň paýyna ähli 15-49 ýaşyndaky aýallaryň ýarsy düşýär. Häzirki wagtda aýallaryň üçden iki bölegine golaýy (64 göterimi) nikada(nika birleşiginde) durýar, 5 göterimi aýrylyşan, 2 göterimi dul. 15-49 ýaşyndaky aýallaryň 29 göterimi hiç wagt nikada durmadylar. Bu ýaşdaky aýallaryň 60 göterimi haçan-da bolsa çaga dogurdylar, soňky 2 ýylda takmynan her bäşinji aýal (19 göterim) çaga dogurdy. 15-49 ýaşyndaky aýallaryň köpüsiniň (80 göterimi) orta bilimi, 8 göteriminiň başlangyç hünärmençilik, 7 göteriminiň orta hünärmençilik we 5

---

[19] Bu hasabatda eger başga zat görkezilmedik bolsa, bilim derejesi ol esasy üýtgeýän görkeziji hökmünde peýdalanylanda respondent tarapyndan gazanylan bilimiň iň ýokary derejesini görkezýär.

[20] Hal-ýagdaýyň indeksi esasy görkeziji bolup durýar. Hal-ýagdaýyň indeksini gurmak üçin halkyň sarp edýän harytlaryna eýeçilik etmek, ýaşaýyş jaýynyň häsiýetnamasy we arassaçylyk-gigiýena gurluşlary we öý hojalygynyň hal-ýagdaýyna degişli beýleki häsiýetnamalar barada maglumatlardan peýdalanmak bilen ulanylan her bir bölek üçin agramlary (faktorlaryň täsiriniň bahalandyrmasyny) işläp taýýarlamak üçin esasy düzüjileriň seljermesi ýerine ýetirilýär. Ilki bilen faktorlaryň jemi seçime täsiriniň başlangyç bahalandyrmasy hasaplanylýar. Soňra şäher we oba ýerleriniň öý hojalyklary üçin faktorlaryň täsiriniň aýratyn bahalandyrmalary hasaplanylýar. Netijede, şäher we oba ýerleriniň öý hojalyklary üçin faktorlaryň täsiriniň bahalandyrmalary jemi seçim üçin faktorlaryň täsiriniň gutarnykly birleşdirilen bahalandyrmasyny almak faktorlarynyň täsiriniň başlangyç bahalandyrmasy boýunça regressirlenýär. Bu hal-ýagdaýyň indeksiniň görkezijileriniň şäher öý hojalyklarynyň tarapyna üýtgemegini azaltmak üçin edilýär.

Soňra jemi seçimiň her bir öý hojalygyna hal-ýagdaýyň baly berilýär, ol bu öý hojalygynyň emläge eýeçilik etmeginiň we ýokarda beýan edilenlere laýyklykda alnan faktorlarynyň täsiriniň gutarnykly bahalandyrmasynyň esasynda hasaplanylýar. Ondan soňra gözegçilik edilen öý hojalygynyň ilaty onuň ýaşaýan öý hojalygyna berlen hal-ýagdaýyň balyna görä tertipde goýulýar, soňra deň 5 bölege (kwintile) bölünýär: iň pesden (iň garyp) iň ýokarka çenli (iň baý).

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS-iň dowamynda hasaplamada şular göz öňünde tutuldy: agyz suwunyň çeşmesi; suw çeşmesiniň ýerleşýän ýeri; ýatylýan otag hökmünde ulanylýan otaglaryň sany; üçegiň we daşky diwaryň esasy materialy; iýmit taýýarlamak üçin ulanylýan energiýanyň görnüşi; şu emläklere eýeçilik etmek: radiopriýomnik, telewizor (plazma däl ýa-da suwuk kristallik däl), plazma ýa-da suwuk kristallik telewizor (LCD), stasionar telefon, sowadyjy, howa kondisioneri, kir ýuwýan maşyn, tozan sorujy, kompýuter/noutbuk, wideomagnitofon ýa-da DVD-pleýer, magnitofon ýa-da CD-pleýer, tikin maşyny, fabrik halysy/palas, el haly (ýüň, ýüpek),diwan, serwant /bufet, keşde çekýän maşyn, şeýle hem öý hojalygynyň agzalarynda şu predmetleriň bolmagy: el sagady, öýjükli telefon, welosiped, motosikl ýa-da motoroller, ýeňil awtomobil, ýük awtomobili, traktor /kombaýn,planşet; oba hojalyk haýwanlarynyň bolmagy: öküzler, sygyrlar, tüweler, göleler; atlar; eşekler ýa-da gatyrlar; geçiler; owlaklar/goýunlar; towuklar; beýleki guşlar; doňuzlar; düýeler we towşanlar; ýaşaýyş jaýynda el ýuwmak üçin suwuň barlygy. Hal-ýagdaýyň indeksi öý hojalygynyň agzalarynyň emlägi barada maglumat uzak möhletli binýatlaýyn hal-ýagdaýy görkezýär; onuň maksady – öý hojalyklary hal-ýagdaýyň derejesi boýunça tertipde goýmak: iň garyp we iň baý. Hal-ýagdaýyň indeksi absolýut garyplyk barada, häzirki girdeji we harajatlaryň derejesi barada maglumat bermeýär. Hal-ýagdaýyň derejesiniň hasaplanan görkezijileri maglumatlaryň diňe olaryň esaslanýan anyk toplumy üçin ulanyp bolýar.

Hal-ýagdaýyň indeksini gurmak barada soňraky maglumaty şu neşirlerde tapmak bolýar: Filmer, D and Pritchett, L. (Filmer we Pritçett.) 2001. *Estimating wealth effects without expenditure data – or tears: An application to educational enrolments in states of India*. (Harajatlar barada maglumat bolmadyk ýagdaýynda hal-ýagdaý üçin netijeleriň bahalandyrmasy*: Hindistanyň ştatlarynyň okuw edaralaryna kabul etmek üçin ulanmak*). Demography 38(1): 115-132; Rutstein, SO and Johnson, K. (Rutstaýn we Džonson.) 2004. *The DHS Wealth Index*. (Demografik mediko-arassaçylyk gözegçiliginiň hal-ýagadýynyň indeksi. DHS Comparative Reports No. 6; и Rutstein, SO. (Рутстайн.) 2008. *The DHS Wealth Index: Approaches for Rural and Urban Areas* (Demografik mediko-arassaçylyk gözegçiliginiň hal-ýagadýynyň indeksi: oba we şäher ýerleri üçin çemeleşme*)*. DHS Working Papers No. 60.

[21] Hal-ýagdaýyň kwintilleri boýunça bölünen görnüşde gözegçiligiň netijeleri beýan edilende öý hojalygynyň aýratyn agzalary degişli adalgalar bilen aňladylýar, meselem, "ilatyň iň baý kwintilinden aýallar"– adalgasyny şu adalgalar bilen çalşyryp ulanyp bolýar"gözegçilik edilen, hal-ýagdaýyň iň ýokary derejesine degişli bolan topardan aýallar", "iň baý kwintile degişli öý hojalygynda ýaşaýan aýallar" we ş.m.

göteriminiň ýokary bilimi bar. Aýallaryň 86 göterimi ene dili türkmen dili hasaplanylýan öý hojalygynda ýaşaýar.

5 ýaşa çenli çagalaryň käbir häsiýetnamasy HH.5 tablisada berilýär. Olar çagalaryň birnäçe alamatlar: jynsy, ýaşaýan sebiti we ýeri, aýlarda ýaşy, respondentiň görnüşi, ejesiniň (ýa-da çaga seretýän adamyň) bilimi, hal-ýagdaýy we dili boýunça paýlanyşyny öz içine alýar.

Bäş ýaşa çenli çagalaryň umumy sanynda 53 göterimini oglanlar we 47 göterimini bolsa gyzlar düzýär. Şu ýaşdaky çagalaryň umumy sanyndan 65 göterimi oba ýerlerinde, 35 göterimi şäher ýerlerinde jemlenýär. 5 ýaşa çenli çagalaryň iň ýokary paýy Daşoguz we Mary welaýatlarynda (degişlilikde, 25 göterim we 23 göterim), iň pesi Balkan welaýatynda (5 göterim) jemlenýär. 5 ýaşa çenli çagalaryň bir ýaşly çagalar boýunça paýlanyşy gyradeň. Çagalaryň 87 göteriminiň ejeleriniň orta bilimi bar.

## HH.5 tablisa. 5 ýaşa çenli çagalaryň esasy häsiýetnamalary

Saýlanyp alnan esasy häsiýetnamalary boýunça 5 ýaşa çenli çagalaryň göterimi we ýygylyk taýdan bölünişi, Türkmenistan, 2015-2016

| | Ölçenen göterim | 5 ýaşa çenli çagalaryň sany | |
|---|---|---|---|
| | | Ölçenen | Ölçelmedik |
| Hemmesi | 100,0 | 3765 | 3765 |
| **Jynsy** | | | |
| Erkek | 52,7 | 1984 | 1982 |
| Aýal | 47,3 | 1781 | 1783 |
| **Sebitler** | | | |
| Aşgabat şäheri | 10,2 | 385 | 433 |
| Ahal welaýaty | 15,3 | 576 | 813 |
| Balkan welaýaty | 5,2 | 195 | 511 |
| Daşoguz welaýaty | 25,2 | 950 | 696 |
| Lebap welaýaty | 20,7 | 780 | 719 |
| Mary welaýaty | 23,3 | 879 | 593 |
| **Ilatly ýeriň görnüşi** | | | |
| Şäher | 35,2 | 1324 | 1634 |
| Oba | 64,8 | 2441 | 2131 |
| **Ýaşy** | | | |
| 0-5 aýlyk | 9,1 | 343 | 342 |
| 6-11 aýlyk | 10,1 | 380 | 382 |
| 12-23 aýlyk | 20,7 | 778 | 787 |
| 24-35 aýlyk | 19,8 | 746 | 736 |
| 36-47 aýlyk | 20,1 | 758 | 760 |
| 48-59 aýlyk | 20,2 | 760 | 758 |
| **Bäş ýaşa çenli çagalar barada sowalnama jogap beren adamlar** | | | |
| Ejesi | 99,0 | 3725 | 3724 |
| Çaga esasy gözegçilik edýän başga adam | 1,0 | 40 | 41 |
| **Ejesiniň bilimi**[a] | | | |
| Bilimi ýok | 0,0 | 1 | 1 |
| Başlangyç | 0,2 | 8 | 6 |
| Orta | 86,4 | 3252 | 3206 |
| Başlangyç hünär | 6,7 | 251 | 265 |
| Orta hünär | 3,4 | 128 | 144 |
| Ýokary | 3,3 | 124 | 143 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | |
| Iň garyp | 21,9 | 826 | 628 |
| Ikinji | 21,2 | 799 | 686 |
| Üçünji | 21,1 | 793 | 784 |
| Dördünji | 19,6 | 737 | 878 |
| Iň baý | 16,2 | 610 | 789 |
| **Öý hojalyklarynyň maşgalabaşylarynyň ene dili** | | | |
| Türkmen | 87,4 | 3291 | 3360 |
| Özbek | 8,8 | 333 | 259 |
| Rus | 2,0 | 74 | 87 |
| Beýleki | 1,8 | 68 | 59 |

[a] Bu tablisadaky we hasabatdaky "ejesiniň bilimi" düşünjesi bäş ýaşa çenli çaganyň ejesiniň bilim derejesini ýa-da çaganyň ejesi ölen ýa-da başga ýerde ýaşaýan bolsa, onda Bäş ýaşa çenli çagalar barada sowalnama jogap beren esasy gözegçilik edýän adamyň bilim derejesini aňladýar.

## Ýaşaýyş jaýynyň häsiýetnamasy, emläge eýeçilik etmek we hal-ýagdaýyň kwintilleri

HH.6, HH.7 we HH.8 tablisalarda öý hojalyklarynyň häsiýetnamalary barada soňraky maglumatlar berilýär. HH.6 tablisada ýaşaýyş jaýynyň ýerleşýän ýeri we sebiti boýunça dezagregirlenen häsiýetnamasy berilýär; öý hojalyklarynyň ýaşaýyş jaýynda elektrik togunyň barlygy ýa-da ýoklugy boýunça, poluň, üçegiň, daşky diwarlaryň esasy materialy, ýatylýan otag hökmünde peýdalanylýan otaglaryň sany boýunça paýlanyşy berilýär.

Türkmenistanda ähli öý hojalyklarynda elektrik togy bar (100 göterim). Öý hojalyklarynyň aglaba böleginde (97 göterim) poluň üsti işlenip bejerilen. Aşgabat şäherinde, Mary we Daşoguz welaýatlarynda üsti işlenip bejerilenpoluň barlygy boýunça öý hojalyklarynyň göterim paýy 99 göterime deň. Beýleki sebitlerde bu görkeziji biraz pes: Ahal we Balkan welaýatlarynda 96 göterimden Lebap welaýatynda 92 göterim. Ähli öý hojalyklarynyň ýüzi bejerilen daşky diwarlary bar. Üsti bejerilen üçegi bolan öý hojalyklarynyňgöterim paýy örän ýokary (99 göterim).

Ýatylýan otag hökmünde ulanylýan otaga düşýän adam sany ortaça 1,96. Oba ýerlerinde bu görkeziji şäher ýerlerine garanda ýokary (degişlilikde, 2,06 we 1,84). Sebitler boýunça hem birneme tapawut bar. Balkan welaýaty bilen deňeşdirilende (1,57) Ahal welaýatynda ýatylýan otag hökmünde ulanylýan otaga düşýän adam sany ortaça 2,18, Aşgabat şäherinde 1,79 boldy. Beýleki sebitlerde bu görkeziji takmynan birmeňzeş (1,96-dan 2,06-a çenli).

## HH.6 tablisa. Ýaşaýyş jaýynyň häsiýetnamasy

Ilatly ýeriň görnüşinde we sebitlerde ýaşamaklyga laýylykda, saýlanyp alnan ýaşaýyş jaýynyň häsiýetnamasy boýunça öý hojalyklarynyň göterimdäki bölünişi, Türkmenistan, 2015-2016

| | Jemi | Ilatly ýeriň görnüşi | | Sebitler | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Şäher | Oba | Aşgabat şäheri | Ahal welaýaty | Balkan welaýaty | Daşoguz welaýaty | Lebap welaýaty | Mary welaýaty |
| **Elektrik togy** | | | | | | | | | |
| Hawa | 100,0 | 99,9 | 100,0 | 99,9 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 99,9 | 100,0 |
| Ýok | 0,0 | 0,1 | 0,0 | 0,1 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,1 | 0,0 |
| Boş galdyrmak/BM | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 |
| **Pol** | | | | | | | | | |
| Ýönekeý pol | 1,7 | 1,4 | 1,9 | 0,6 | 0,2 | 3,6 | 0,9 | 4,5 | 1,0 |
| Işlenip bejerilen pol | 97,1 | 98,1 | 96,3 | 99,3 | 95,9 | 96,4 | 99,1 | 92,0 | 98,8 |
| Beýleki | 1,2 | 0,4 | 1,8 | 0,1 | 3,9 | 0,0 | 0,0 | 3,5 | 0,2 |
| Boş galdyrmak/BM | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 |
| **Üçegi** | | | | | | | | | |
| Ýönekeý örtük | 0,4 | 0,0 | 0,7 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 1,5 | 0,3 | 0,0 |
| Ýokarsy işlenip bejerilen örtük | 99,0 | 99,7 | 98,4 | 100,0 | 100,0 | 99,9 | 98,5 | 96,2 | 100,0 |
| Beýleki | 0,7 | 0,3 | 1,0 | 0,0 | 0,0 | 0,1 | 0,0 | 3,5 | 0,0 |
| Boş galdyrmak/BM | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 |
| **Daşky diwarlary** | | | | | | | | | |
| Ýönekeý diwarlar | 0,1 | 0,1 | 0,1 | 0,0 | 0,0 | 0,2 | 0,1 | 0,1 | 0,0 |
| Işlenip bejerilen diwarlar | 99,8 | 99,9 | 99,7 | 99,8 | 99,7 | 99,8 | 99,9 | 99,4 | 100,0 |
| Beýleki | 0,2 | 0,1 | 0,2 | 0,2 | 0,3 | 0,0 | 0,0 | 0,4 | 0,0 |
| Boş galdyrmak/BM | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 |
| **Ýatyş otagy hökmünde ulanylýan otaglar** | | | | | | | | | |
| 1 | 10,4 | 15,4 | 6,3 | 18,8 | 7,2 | 13,0 | 7,8 | 9,4 | 9,1 |
| 2 | 33,8 | 38,7 | 29,9 | 42,2 | 31,6 | 27,9 | 33,0 | 31,6 | 34,3 |
| 3 we köp | 55,7 | 45,8 | 63,7 | 39,0 | 61,2 | 59,0 | 59,3 | 58,7 | 56,7 |
| Boş galdyrmak/BM | 0,1 | 0,0 | 0,1 | 0,0 | 0,0 | 0,1 | 0,0 | 0,3 | 0,0 |
| Hemmesi | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 |
| Öý hojalyklarynyň sany | 5861 | 2634 | 3227 | 883 | 674 | 497 | 1236 | 1079 | 1491 |
| Ýatyş otagy hökmünde ulanylýan bir otag düşýän adamlaryň ortaça sany | 1,96 | 1,84 | 2,06 | 1,79 | 2,18 | 1,57 | 2,06 | 2,03 | 1,96 |

HH.7 tablisada öý hojalyklarynyň eýeçiligi boýunça we öý hojalyklarynyň agzalarynyň ýaşaýyş jaýyna eýeçilik etmegi boýunça paýlanyşy berilýär.

Her bir öý hojalygynda telewizor (100 göterim), fabrik halysy/palas (100 göterim) we sowadyjy (99 göterim) bar. Öý hojalyklarynyň iň azyndan bir agzasynda öýjükli telefonyň bolmagy hem örän ýokary (99 göterim).

Öý hojalyklarynyň köp böleginde serwant/bufet bar (84 göterim), wideomagnitofon ýa-da DVD-pleýer (79 göterim), kir ýuwýan maşyn (75 göterim), howa kondisioneri, tozan sorujy (hersi 74 göterim), tikin maşyny (72 göterim) bar. Takmynan her ikinji öý hojalygynyň ýeňil awtoulagy (55 göterim), stasionar telefony (51 göterim) we welosipedi (48 göterim) bar.

Ýaşaýan ýerine we sebitine baglylykda tapawutlar bar. Ýaşaýan ýerine baglylykda has uly tapawut stasionar telefonlaryň barlygy boýunça ýüze çykaryldy (şäher öý hojalyklarynda 85 göterim, oba – 22 göterim). Şäher ýerlerinde her ikinji öý hojalygynda (51 göterim), oba ýerlerinde her üçünji öý hojalygynda (34 göterim) kompýuter/noutbuk bar. Howa kondisioneriniň, kir ýuwulýan maşynyň, tozan sorýan maşynyň bar bolmagy köp derejede şäher öý hojalyklary üçin häsiýetli (87-den 90 göterime çenli), oba ýerlerindäki öý hojalyklarynda bu görkeziji 60-dan 64 göterime çenli. Daşoguz welaýatynyň öý hojalyklarynyň beýleki sebitleriň öý hojalyklary bilen deňeşdirilende howa kondisioneri (35 göterim), kir ýuwulýan maşyn, tozan sorýan maşyn (hersi 52 göterim) bilen üpjünçiligi pes, Aşgabat şäherinde bu predmetler bilen üpjünçilik örän ýokary (94-den 98 göterime çenli). El haly (ýüň ýa-da ýüpek) öý hojalyklarynyň 44 göteriminde bar.

Oba hojalyk maksatlary üçin peýdalanyp boljak ýer öý hojalyklarynyň 60 göteriminde bar, oba hojalyk haýwanlary 55 göteriminde bar. Ýerden peýdalanmak we haýwanlaryň bolmagy oba ýerlerindäki öý hojalyklary üçin häsiýetli (degişlilikde, 89 we 82 göterim), şäher ýerlerinde hersi 23 göterim. Öý hojalyklarynyň 83 göterimi hususy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýarlar.

| HH.7 tablisa. Öý hojalygynyň goşlary ýa-da şahsy goşlar | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Bar bolan saýlanan goşlar we şahsy goşlar boýunça Öý hojalyklarynyň göterimi we Ilatly ýeriň görnüşinde we sebitlerde ýaşamaklyga laýyklykda, ýaşaýyş jaýyna bolan eýeçilik hukugy boýunça göterimde bölünişi, Türkmenistan, 2015-2016 | | | | | | | | | |
| | | Ilatly ýeriň görnüşi | | Sebitler | | | | | |
| | Jemi | Şäher | Oba | Aşgabat şäheri | Ahal welaýaty | Balkan welaýaty | Daşoguz welaýaty | Lebap welaýaty | Mary welaýaty |
| **Aşakdaky zatlary bar bolan öý hojalyklarynyň göterimi** | | | | | | | | | |
| Radio | 15,1 | 13,3 | 16,6 | 13,8 | 31,5 | 7,7 | 9,5 | 9,4 | 19,8 |
| Telewizoryň ähli görnüşi | 99,7 | 99,8 | 99,7 | 99,7 | 99,9 | 99,9 | 100,0 | 99,6 | 99,5 |
| Telewizor (plazmaly däl ýa-da suwuk kristally däl) | 72,4 | 56,3 | 85,5 | 35,0 | 74,9 | 53,5 | 86,1 | 78,3 | 84,2 |
| Plazmaly ýa-da suwuk kristally telewizor (LCD) | 57,7 | 69,8 | 47,8 | 81,3 | 72,4 | 71,7 | 49,9 | 43,4 | 49,1 |
| Stasionar telefon | 50,5 | 85,0 | 22,3 | 93,5 | 52,6 | 92,3 | 28,1 | 53,7 | 26,3 |
| Sowadyjy | 99,4 | 99,7 | 99,1 | 99,9 | 99,6 | 99,6 | 99,0 | 99,0 | 99,6 |
| Howa sowadyjy (kondisionery) | 73,9 | 90,6 | 60,3 | 98,2 | 99,1 | 99,2 | 35,4 | 66,9 | 76,8 |
| Kir ýuwujy maşyn | 74,5 | 87,3 | 64,0 | 94,4 | 82,0 | 87,4 | 51,7 | 78,7 | 71,0 |
| Tozan sorujy | 73,7 | 87,1 | 62,8 | 94,3 | 90,8 | 93,7 | 52,0 | 63,2 | 72,8 |
| Kompýuter/noutbuk | 41,2 | 50,6 | 33,5 | 53,7 | 33,6 | 46,4 | 37,1 | 49,8 | 32,8 |
| Wideomagnitofon ýa-da DVD-pleýer | 78,9 | 80,3 | 77,8 | 81,9 | 93,4 | 76,8 | 74,1 | 71,2 | 80,7 |
| Magnitofon ýa-da CD-pleýer | 30,8 | 28,5 | 32,6 | 26,0 | 37,6 | 23,3 | 23,5 | 31,2 | 38,8 |
| Tikin maşyn | 71,5 | 64,1 | 77,6 | 58,1 | 93,3 | 80,2 | 49,0 | 75,8 | 82,3 |
| Fabrik halysy/palasy | 99,6 | 99,6 | 99,7 | 99,4 | 99,5 | 99,6 | 100,0 | 99,6 | 99,6 |
| Elde dokalan haly (ýüňden, ýüpekden) | 44,3 | 42,9 | 45,5 | 36,3 | 49,5 | 74,2 | 46,2 | 33,9 | 42,9 |
| Diwan | 59,3 | 69,2 | 51,2 | 66,1 | 68,0 | 62,5 | 51,3 | 66,0 | 51,9 |
| Serwant/Bufet | 83,9 | 86,2 | 82,0 | 85,1 | 94,8 | 95,0 | 86,7 | 71,6 | 81,2 |
| Nagyş edýän maşyn | 13,3 | 11,5 | 14,9 | 13,7 | 28,1 | 17,1 | 6,8 | 8,0 | 14,5 |
| **Aşakda görkezilen zatlar bar bolan öý hojalyklarynyň göterimi** | | | | | | | | | |
| Oba hojalyk ekinleri üçin ýeri | 59,7 | 23,3 | 89,4 | 12,1 | 87,7 | 26,9 | 57,0 | 68,8 | 81,7 |
| Oba hojalyk mallary | 55,3 | 22,8 | 81,8 | 8,8 | 78,6 | 38,7 | 60,7 | 64,6 | 66,6 |
| **Azyndan bir agzasynda bar bolan öý hojalyklarynyň göterimi** | | | | | | | | | |
| El sagady | 51,8 | 61,0 | 44,4 | 67,8 | 56,8 | 70,8 | 56,5 | 35,9 | 41,5 |
| Ykjam telefon | 98,6 | 98,1 | 99,0 | 97,5 | 99,7 | 96,3 | 99,3 | 99,0 | 98,6 |
| Tigir | 47,5 | 34,7 | 57,9 | 27,5 | 52,8 | 26,2 | 38,7 | 63,2 | 59,8 |
| Motosikl ýa-da motoroller | 13,5 | 4,5 | 20,8 | 0,9 | 22,3 | 16,3 | 9,5 | 21,9 | 13,2 |
| Ýeňil awtomaşyn | 54,5 | 52,9 | 55,8 | 54,1 | 67,7 | 52,2 | 53,4 | 51,6 | 52,5 |
| Ýük awtomaşyny | 5,3 | 3,6 | 6,7 | 3,2 | 9,3 | 6,8 | 4,7 | 5,7 | 4,5 |
| Traktor/kombaýn | 3,2 | 0,9 | 5,1 | 1,5 | 2,0 | 0,4 | 5,3 | 3,8 | 3,5 |
| Planşet | 9,8 | 15,3 | 5,3 | 22,0 | 20,2 | 12,5 | 3,5 | 6,0 | 5,1 |
| Bank hasaby | 37,0 | 50,6 | 25,9 | 51,4 | 40,2 | 58,6 | 32,0 | 34,9 | 25,6 |
| **Ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk** | | | | | | | | | |
| Öý hojalyklarynyň agzalaryna degişli | 82,8 | 67,7 | 95,2 | 63,7 | 86,0 | 70,9 | 88,7 | 82,9 | 91,8 |
| Hususy eýeçilikde däl | 17,2 | 32,3 | 4,8 | 36,3 | 14,0 | 29,1 | 11,3 | 17,1 | 8,2 |
| Kärendesine | 17,2 | 32,3 | 4,8 | 36,3 | 14,0 | 29,1 | 11,3 | 17,1 | 8,2 |
| Hususy eýeçilikden kärendesine alnan | 1,8 | 3,5 | 0,4 | 4,5 | 0,8 | 3,3 | 0,7 | 2,1 | 0,7 |
| Döwletden kärendesine alnan | 15,4 | 28,7 | 4,5 | 31,7 | 13,1 | 25,9 | 10,6 | 14,8 | 7,5 |
| Beýleki | 0,1 | 0,1 | 0,0 | 0,1 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,2 | 0,0 |
| Boş galdyrmak/BM | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 |
| Hemmesi | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 |
| Öý hojalyklarynyň sany | 5861 | 2634 | 3227 | 883 | 674 | 497 | 1236 | 1079 | 1491 |

HH.8 tablisada dürli görnüşli ýerlerden we sebitlerden öý hojalyklarynyň ilatynyň öý hojalyklarynyň hal-ýagdaýynyň kwintili boýunça paýlanyşy görkezilýär.

Şu tablisada berlen maglumatyň ilatyň girdejileriniň derejesi barada maglumat bilen deň däldigini, HH.6 we HH.7 tablisalarda beýan edilen öý hojalyklarynyň agzalarynyň ýaşaýyş jaýy we emläge eýeçilik etmeginiň häsiýetnamasyna degişlidigini bellemeli.

Ýaşaýan ýerine we sebitine baglylykda ilatyň hal-ýagdaýynyň kwintili boýunça paýlanyşy aşa gyradeň däl. Şäher öý hojalyklarynyň ilatynyň ýarsy (51 göterimi) hal-ýagdaýyň bäşinji (iň baý) kwintiline degişli, oba ýerlerinde şeýle öý hojalyklary ýok. Sebitleriň arasynda Aşgabat şäherinde we Balkan welaýatynda ýagdaý has oňyn, olarda öý hojalyklarynyň ilatynyň köp bölegi (degişlilikde, 99 we 77 göterim) dördünji we bäşinji kwintile degişli edildi. Bu şol sebitlerde ýaşalýan ýeriň görnüşi boýunça paýlanyşyna laýyk gelýär: Aşgabat şäherinde ähli öý hojalyklary we Balkan welaýatynda öý hojalyklarynyň 82 göterimi şäher öý hojalyklary bolup durýar (maglumatlar aýratyn hasaplanylýar we bu hasabatyň tablisalarynda berilmeýär).

**HH.8 tablisa. Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller**

Ilatly ýeriň görnüşinde we sebitlerde ýaşamaklyga laýyklykda, hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintilleri boýunça öý hojalyklarynyň ilatynyň göterimde bölünişi, Türkmenistan, 2015-2016

| | Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller | | | | | Hemmesi | Öý hojalyklarynyň agzalarynyň sany |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Iň garyp | Ikinji | Orta | Dördünji | Iň baý | | |
| Hemmesi | 20,0 | 20,0 | 20,0 | 20,0 | 20,0 | 100,0 | 29871 |
| **Ilatly ýeriň görnüşi** | | | | | | | |
| Şäher | 3,0 | 2,0 | 4,3 | 39,6 | 51,2 | 100,0 | 11666 |
| Oba | 30,9 | 31,6 | 30,1 | 7,5 | 0,0 | 100,0 | 18206 |
| **Sebitler** | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 0,0 | 0,2 | 0,5 | 20,6 | 78,8 | 100,0 | 3613 |
| Ahal welaýaty | 3,3 | 17,7 | 43,4 | 26,5 | 9,2 | 100,0 | 3967 |
| Balkan welaýaty | 3,0 | 5,6 | 14,2 | 36,3 | 41,0 | 100,0 | 2013 |
| Daşoguz welaýaty | 48,7 | 21,2 | 8,7 | 14,9 | 6,5 | 100,0 | 7058 |
| Lebap welaýaty | 17,1 | 27,7 | 21,0 | 18,0 | 16,3 | 100,0 | 5799 |
| Mary welaýaty | 18,2 | 27,8 | 28,5 | 18,4 | 7,1 | 100,0 | 7421 |

# IV. Çaga ölümçiligi

Müňýyllygyň ösüş maksatnamasynyň (MÖM) maksatlarynyň biri çaga ölümçiligini azaltmakdan ybarat. Hususan-da, MÖM 1990-njy ýyldan 2015-nji ýyla çenli 5 ýaşa çenli çagalaryň ölümçiligini üçden iki esse kemeltmäge çagyrýar. Bu maksada ýetmegiň gidişine gözegçilik möhüm, ýöne kyn wezipe. Çaga ölümçiligini kemeltmekde ösüşiň dowam etdirilmeginiň we çaltlaşdyrylmagynyň möhümligi durnukly ösüşiň täze ylalaşylan maksatlarynda beýan edilýär, onda 2030-njy ýyla täze doglan çagalaryň we 5 ýaşa çenli çagalaryň öňüni alyp bolýan ölümçilik ýagdaýlaryny gutarmak barada çagyryş jemlenýär. MÖM-de ähli ýurtlar neonatal ölümçiligiň derejesini, iň bolmanda 1000 diri doglan çaga 12 ölüm hadysasyna çenli kemeltmeli we bäş ýaşa çenli çagalaryň ölümçiligini iň bolmanda 1000 diri doglana 25 ölüm hadysasyna çenli kemeltmäge çalyşmaly diýip görkezilýär.

Şu bapda berlen ölümçiligiň koeffisiýenti aýallar üçin soragnamalaryň “Çaga dogluşynyň taryhy” toplumynda ýygnalan maglumatyň esasynda hasaplanylýar. Ähli soraşylan aýallara haçanda bolsa dogurdyňyzmy diýen sorag berildi, eger hawa bolsa, olardan olar bilen ýaşaýan ogullarynyň sanyny, başga ýerde ýaşaýan ogullarynyň we gyzlarynyň, ýogalan ogullarynyň we gyzlarynyň sanyny habar bermek haýyş edildi. Ondan başga-da, olardan ilkinji çagadan başlap, hronologik tertipde diri doglan çagalaryň jikme-jik taryhyny habar bermekleri haýyş edildi. Aýallardan dogrumlaryň bir tohumly ýa-da köp tohumly bolandygy, çagalaryň jynsy, doglan senesi (aýy we ýyly) barada soraldy. Soňra diri çagalar babatda aýallardan çaganyň häzirki ýaşy barada, eger çaga diri däl bolsa, ýogalan wagtyndaky ýaşy barada soraldy. Çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti adaty ýaş topary bilen aňladyldy we aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

- neonatal ölümçilik (NÖ): ömrüniň ilkinji aýynda ölmek ähtimallygy;
- postneonatal ölümçilik (PNÖ): ömrüň ilkinji aýyndan soň, ýöne ilkinji doglan gününe çenli ölmek ähtimallygy (bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti bilen neonatal ölümçiligiň koeffisiýentiniň arasyndaky tapawut);
- bäbek ölümçiligi (${}_1q_0$): doglan pursatyndan ilkinji doglan gününiň arasynda ölmek ähtimallygy;
- çaga ölümçiligi (${}_4q_1$): birinji we bäşinji doglan gününiň arasynda ölmek ähtimallygy;
- bäş ýaşa çenli çagalaryň ölümçiligi (${}_5q_0$): doglan pursatyndan bäşinji doglan gününiň arasynda ölmek ähtimallygy;

Koeffisiýentler ömrüniň ilkinji ýylyny ýaşan 1000 çaga ölüm hadysasynyň sany hökmünde aňladylan çaga ölümçiligini goşmazdan, 1000 diri doglan çaga ölüm hadysasynyň sany hökmünde aňladylýar.

**CM.1 tablisa. Irki ýaşda çaga ölümçiligi**

Neonatal, postneonatal, çaga ölümçiliginiň we barlaga çenli bäşýyllyk döwürde bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti, Türkmenistan, 2015-2016

| | Neonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti[1] | Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti[2, a] | Bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti[3] | Çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti[4] | Bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti[5] |
|---|---|---|---|---|---|
| **Barlaga çenli ýyllar** | | | | | |
| 0-4 | 13 | 8 | 21 | 6 | 27 |
| 5-9 | 24 | 14 | 38 | 3 | 41 |
| 10-14 | 15 | 18 | 33 | 2 | 35 |

**[1] MICS 1.1 görkezijisi - Neonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[2] MICS 1.3 görkezijisi - Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[3] MICS 1.2 görkezijisi; MÖM 4.2 görkezijisi - Bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[4] MICS 1.4 görkezijisi - Çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[5] MICS 1.5 görkezijisi; MÖM 4.1 görkezijisi - Bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti**

[a] Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti bäbek we neonatal ölümçiliginiň koeffisiýentiniň arasyndaky tapawut ýaly hasaplanýar.

CM.1 tablisada we CM.1 suratda ölümçiligiň koeffisiýentleri berilýär: neonatal, postneonatal, bäbek, çaga ölümçiligi we bäş ýaşa çenli çaga ölümçiligi – gözegçilik geçirilenden öňündäki soňky bäş ýyl döwrüň üç ýylynda. Neonatal ölümçilik soňky 5 ýyl döwürde 1000 diri doglan çaga 13 derejesinde, postneonatal ölümçiligiň koeffisiýeni bolsa 1000 diri doglan çaga 8 derejesinde bahalandyryldy.

## CM.1 surat. Irki ýaşdaky çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýenti, Türkmenistan, 2015-2016




Bellik: her bir 1000 diri doglan çaganyň görkezijisi.

Gözegçiligiň öňündäki bäş ýylda bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti 1000 diri doglan çaga 21-e deň, bäş ýaşa çenli ölümçiligiň koeffisiýenti şol döwürde 1000 diri doglan çaga 27-ä deň; bu bäş ýaşa çenli ýogalan çagalaryň 78 göteriminiň bäbeklerdigini görkezýär.

Tablisada, şeýle hem Suratda soňky 15 ýylyň dowamynda milli derejede çaga ölümçiliginiň meýilleri görkezilýär. Bäş ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýenti gözegçiligiň öňündäki 10-14 ýylyň dowamynda 1000 diri doglan çaga 35-e deň boldy, gözegçiligiň öňündäki 5-9 ýylyň dowamynda 1000 diri doglan çaga 41-e deň boldy, soňky 5 ýyl döwrüň dowamynda 1000 diri doglan çaga 27-ä deň boldy, bu takmynan 2011-2015-nji ýyllara degişli.

**CM.2 tablisa. Sosial-ykdysady häsiýetnamalary boýunça bölünen görnüşde irki ýaşda çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti**

Neonatal, postneonatal, çaga ölümçiliginiň we barlaga çenli bäşýyllyk döwür üçin sosial-ykdysady häsiýetnamalary boýunça bölünen görnüşde bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti[a] ,Türkmenistan, 2015-2016

| | Neonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti[1] | Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti[2, b] | Bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti[3] | Çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti[4] | Bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti[5] |
|---|---|---|---|---|---|
| Hemmesi | 13 | 8 | 21 | 6 | 27 |
| **Sebitler** | | | | | |
| Aşgabat şäheri | (18) | (7) | (25) | (6) | (31) |
| Ahal welaýaty | 14 | 8 | 22 | 8 | 30 |
| Balkan welaýaty | 2 | 14 | 16 | (0) | (16) |
| Daşoguz welaýaty | 16 | 5 | 21 | (4) | (25) |
| Lebap welaýaty | 7 | 9 | 16 | 8 | 24 |
| Mary welaýaty | 13 | 11 | 24 | (6) | (30) |
| **Ilatly ýeriň görnüşi** | | | | | |
| Şäher | 7 | 9 | 17 | 5 | 22 |
| Oba | 15 | 8 | 23 | 7 | 30 |
| **Ejesiniň bilimi** | | | | | |
| Başlangyç | 23 | 11 | 33 | (9) | (42) |
| Orta | 13 | 6 | 19 | 6 | 24 |
| Başlangyç hünär | 12 | 9 | 21 | 7 | 28 |
| Orta hünär | 5 | 9 | 14 | 4 | 19 |
| Ýokary | 7 | 7 | 14 | 4 | 18 |

**[1] MICS 1.1 görkezijisi - Neonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti**
**[2] MICS 1.3 görkezijisi - Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti**
**[3] MICS 1.2 görkezijisi; MÖM görkezijisi 4.2 - Bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti**
**[4] MICS 1.4 görkezijisi - Çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti**
**[5] MICS 1.5 görkezijisi; MÖM 4.1 görkezijisi - bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti**

[a] Ölçelmedik ýagdaýlaryň uly bolmadyksany sebäpli "Ejesiniň bilimi" we "Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň dili" esasy häsiýetnama görkezilmedi.

[b] Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti bäbek we neonatal ölümçiliginiň koeffisiýentiniň arasyndaky tapawut ýaly hasaplanýar.

( ) 250–499 bolan çagalaryň ölçelmedik barlagyna esalanan täsir etmä sezewar bolýan sanlar.

| **CM.3 tablisa. Demografik häsiýetnamalary boýunça bölünen görnüşde irki ýaşda çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti** | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Neonatal, postneonatal, bäbek, çaga ölümçiliginiň we barlaga çenli bäşýyllyk döwür üçin demografik häsiýetnamalary boýunça bölünen görnüşde bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti, Türkmenistan, 2015-2016 | | | | | |
| | Neonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti [1] | Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti [2, a] | Bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti [3] | Çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti [4] | Bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti [5] |
| Hemmesi | 13 | 8 | 21 | 6 | 27 |
| **Çaganyň jynsy** | | | | | |
| Erkek | 17 | 10 | 27 | 7 | 33 |
| Aýal | 8 | 7 | 15 | 5 | 20 |
| **Çaga doglan wagtynda ejesiniň ýaşy** | | | | | |
| 20-den az | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) |
| 20-34 | 13 | 8 | 21 | 5 | 26 |
| 35-49 | (12) | (13) | (25) | (10) | (35) |
| **Dogrumlaryň nobaty** | | | | | |
| 1 | 12 | 6 | 18 | 7 | 25 |
| 2-3 | 13 | 9 | 22 | 5 | 27 |
| 4-6 | 13 | 8 | 22 | (7) | (28) |
| 7+ | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) |
| **Soňky dogrumlaryň arasyndaky interwal[b]** | | | | | |
| 2 ýyldan az | 14 | 9 | 22 | 7 | 30 |
| 2 ýyl | 15 | 12 | 27 | (7) | (33) |
| 3 ýyl | (8) | (6) | (14) | (*) | (*) |
| 4+ ýyl | 9 | 11 | 20 | 2 | 22 |

**[1] MICS 1.1 görkezijisi - Neonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[2] MICS 1.3 görkezijisi - Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[3] MICS 1.2 görkezijisi; MÖM 4.2 görkezijisi - Bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[4] MICS 1.4 görkezijisi - Çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti**

**[5] MICS 1.5 görkezijisi; MÖM 4.1 görkezijisi - Bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň koeffisiýenti**

[a] Postneonatal ölümçiliginiň koeffisiýenti bäbek we neonatal ölümçiliginiň koeffisiýentiniň arasyndaky tapawut ýaly hasaplanýar.

[b] Ilkinji dogrumlary hasapdan aýyrmak bilen.

( ) 250–499 bolan çagalaryň ölçelmedik barlaglaryna esaslanýan täsir etmä sezewar bolýan sanlar.

(*) 250-den az bolan çagalaryň ölçelmedik barlagyna esalanan täsir etmä sezewar bolýan sanlar.

CM.2 we CM.3 tablisalarda çaga ölümçiliginiň bahalandyrmasy sosial-ykdysady we demografik häsiýetnamalar boýunça berilýär. Umumymilli derejede 5 ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýenti oglanjyklar üçin 1000 diri doglan çaga 33-e deň, gyzjagazlar üçin 1000 diri doglan çaga 20-ä deň boldy. Sebite ýa-da ýaşaýan ýerine baglylykda statistik ähmiýetli tapawut ýok (C goşundyda SE.2 – SE.10 tablisalar). Ynançly aralygy 95 göterim çäge laýyk gelýän bu bahalandyrmalar CM.2 suratda berilýär.

## CM.2 surat. 5 ýaşa çenli çagalaryň ýerler we sebitler boýunça ölümçiliginiň koeffisiýenti (gözegçiligiň öňündäki bäş ýylyň dowamynda), Türkmenistan, 2015-2016




CM.3 suratda Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllardaky MICS-iň netijeleri, has takygy 5 ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýenti beýleki maglumat çeşmeleriniň netijeleri bilen deňeşdirilýär. 2015-2016-njy ýyllardaky MICS-iň dowamynda ýaňy ýakynda alnan 5 ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýenti (hasaplamagyň göni usuly)2013-nji ýylda RÝNÝ edaralarynda wakalaryň gündelik hasaba alnyşy boýunça ( 1000 diri doglan çaga 27) Türkmenstatyň resmi statistikasynyň maglumatlary bilen laýyk gelýär.Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllardaky MICS-iň netijeleri öňki maglumatlardan we Türkmenistanda 2000 DHS-yň maglumatlaryndan pes, bu respondentler tarapyndan çaga ölümçiligi barada doly habardar edilmezligi bilen baglanyşykly bolup biler.

## CM.3 surat. Türkmenistanda dürli çeşmeler boýunça 5 ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýentleriniň üýtgemek meýilleri




CM.3 suratda görkezilen dürli maglumat çeşmeleriniň arasyndaky deň gelmezlige goşmaça Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllardaky MICS-iň ölümçilik boýunça maglumatlarynyň deslapky bahalandyrmasy käbir adaty däl toplumlary, aşakda beýan edilen birnäçe mysaly görkezýär.

Bäbek ölümçiliginiň we bäş ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýentiniň gatnaşygy 2008 we 2003-nji ýyllarda ýokary boldy (CM.4 surat). Bäbek ölümçiliginiň we bäş ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýentiniň gatnaşygy 2013-nji ýylda 1998 we 1993-nji ýyllardakydan pes (CM.4 surat).

**CM.4 surat. Çaga ölümçiliginiň we bäş ýaşa çenli çaga ölümçiliginiň, neonatal ölümçiligiň we bäbek ölümçiliginiň, neonatal ölümçiligiň we bäş ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýentiniň gatnaşygy,Türkmenistan, 2015-2016**




IMR – Bäbek ölümçiliginiň koeffisiýenti
NMR – Neonatal ölümçiligiň koeffisiýenti
U5MR – 5 ýaşa çenli çagalaryň ölümçiliginiň koeffisiýenti

Soňky döwürde ölümçiligiň ýaş düzümi ölümçiligiň tablisasyny modelirlemek üçin gözegçiligiň maglumatlary bilen deňeşdirilende Türkmenistan üçin garaşylýan modele laýyk gelmeýär (CM.5 surat). Türkmenistanda DHS 2000 we Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS boýunça ölümçiligiň ýaş düzümi BMG-niň "Çili" ölümçiligiň model tablisasyna golaý. Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS soňky gözegçilik «Demirgazyk" modeline golaý, şol bir wagtda geçen döwürler üçin ölümçiligiň görkezijileri, şeýle hem bu gözegçiligiň bahalandyrmalary boýunça köp derejede "Gündogar" modeline laýyk gelýär, bu Türkmenistan üçin garaşylýan ýagdaý bolup durýar. Bu tapawutlaryň soňraky häsiýetnamasy, şeýle hem olary kesgitleýji faktorlar aýratyn, has jikme-jik seljermäniň çäklerinde kabul edilmeli.

## CM.5 surat. Türkmenistanda ölümçiligiň toplumlaýyn tablisalary we MICS 2015-2016 we Türkmenistanda DHS 2000 boýunça bahalandyrmalar




Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS-de ölümçilik boýunça maglumatlaryň hiliniň deslapky bahalandyrmasynyň netijeleri maglumatyň hiliniň potensial meselelerini, şol sanda respondentler tarapyndan çaga ölümçiligi barada doly habardar etmezligi göz öňünde tutup biler. Şol sebäpli gözegçilikden çaga ölümçiligi barada bahalandyrmalar ägälik bilen ulanylýar we syýasat we maksatnama çözgütlerini habardar etmek üçin diňe beýleki çeşmelerden maglumatlar bilen utgaşdyryp ulanylýar.

## V. Iýmit

### Çaga doglanda agram ýetmezçiligi

Çaga doglanda agramy diňe bir enäniň saglyk we iýmit ýagdaýynyň däl-de, täze doglan çaganyň ýaşamak mümkinçiliginiň, ösüşiniň, uzak waglap saglygynyň we psihososial ösüşiniň görkezijisi bolup durýar. Çaga doglanda agram ýetmezçiligi (azyndan 2500 gram) çaganyň saglygyna birnäçe düýpli töwekgelçilikleri getirýär. Ýatgyda ýeterlik iýmitlenmedik çaga ömrüniň ilkinji günleri, aýlary we ýyllary düýpli töwekgelçilige duçar bolýar. Ölmän galanlaryň gorag funksiýalary bozulýar; olar tutuş ömrüniň dowamynda ýeterliksiz iýmitlenýän, myssalarynyň güýji pes bolmagynda galyp bilerler, geljekde süýji keseli we ýürek keselleri bilen kesellemek töwekgelçiligi bilen ýaşaýarlar. Agram ýetmezçiligi bilen doglan çagalarda intellektual ösüş koeffisiýenti has pes, mekdepde ýetişigine täsir etjek aňlaýşynda bozulmalar bolup biler, uly ýaşda işe ýerleşmek mümkinçiligi kyn bolup biler.

Ösüp barýan ýurtlarda çaga doglanda agram pesligi ilkinji nobatda enäniň saglygynyň we iýmitlenişiniň erbetligi bilen şertlendirilýär. Üç sany faktor has uly täsir edýär: çaga galmazdan öň enäniň iýmitlenmek ýagdaýynyň kanagatlanarasyzlygy, boýuň pesligi (çagalykda iýmit ýetmezçiligi we ýokanç keseller sebäpli) göwrelilik wagty erbet iýmitlenmek. Göwrelilik wagty agram ýetmezçiligi has howply, sebäbi düwünçegiň boýunyň ösüşinde bökdençligiň esli bölegi şonuň paýyna düşýär. Ondan başga-da, ösüp barýan ýurtlaryň köpüsinde ýaýran diareýa, ysytma ýaly keseller eger enä göwrelilik wagty ýokuşsa, düwünçegiň ösüşine düýpli täsir edip biler.

Senagat taýdan ösen ýurtlarda çaga doglanda agram ýetmezçiliginiň esasy sebäbi göwrelilik wagty çilim çekilmegidir. Hem ösen, hem ösüp barýan ýurtlarda entek öz bedenleri doly ösüp ýetişmedik ýatginjekler çaga doguranda agram ýetmezçiliginiň ýokary töwekgelçiligi bilen dogulýarlar.

Çaga doglanda agram ýetmezçiliginiň ýaýranlygyny ölçemekde esasy meseleleriň biri ösüp barýan ýurtlarda bäbekleriň ýarsyndan gowragynyň doglanda agramynyň ölçelmeýänligidir. Öňler ösüp barýan ýurtlarda çaga doglanda agram ýetmezçiliginiň bahalandyrmasynyň köpüsi saglygy goraýyş eadaralarynyň maglumatlaryna esaslanýardy. Emma bu bahalandyrmalar ösüp barýan ýurtlaryň köpüsinde obýektiw däl, sebäbi çagalaryň köpüsi saglygy goraýyş edarasynyň çäklerinden daşarda dogulýar, saglygy goraýyş edarasynda doglanlar bolsa diňe ähli dogrumlaryň seçiminden ybarat.

Köp çagalaryň doglanda ölçelmeýänligi sebäpli agramy ölçelýän çagalar doglanda habar berlen ähli dogrumlaryň üýtgedilen seçiminden ybarat bolup biler, doglanda habar berlen agram, düzgün bolşy ýaly, ähli çagalaryň arasynda çaga doglanda agram ýetmezçiliginiň ýaýranlygyny bahalandyrmak üçin peýdalanylyp bilinmez. Şeýlelikde, agramy 2500 gramdan az doglan çagalaryň göterim paýy soragnamanyň iki bendi boýunça bahalandyrylýar: çaganyň doglanda ölçegi babatda enäniň bahalandyrmasy (örän kiçi, ortaçadan kiçi, ortaça, ortaçadan uly, örän uly) we enäniň çaganyň agramy barada ýatlamasy ýa-da eger çaga doglanda çekilen bolsa, saglygy goraýyş kartasynda ýazylan agramy.[22]

[22] Usulyýetiň jikme-jik beýanyna seret: Boerma, JT et al. (Birma we beýlekiler) 1996. *Data on Birth Weight in Developing Countries: Can Surveys Help? (Ösüp barýan ýurtlarda çaga doglanda agramy barada maglumatlar: gözegçilikler kömek etmäge ukyplymy?)* Bulletin of the World Health Organization (Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň habarnamasy) 74(2): 209-16.

## NU.1 tablisa. Doglanda agramy az bolan bäbekler

Barlaga cenli soňky iki ýylyň dowamynda doglan, doglanda agramy 2500 gramdan az kesgitlenen çagalaryň göterimdäki paýy we dir doglan, doglan wagtynda agramy çekilen çagalaryň göterimde paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | Ejesiniň sözüne görä doglan wagtynda ölçegi pes bolanlar boýunça dogrumlaryň göterimdäki bölünişi | | | | | | Diri doglan bäbekleriň paýy: | | Barlaga çenli soňky iki ýylyň dowamynda doglan bäbekleriň sany |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Örän kiçi | Ortaçadan kiçi | Ortaça | Ortaçadan uly ýa-da örän uly | BM | Hemmesi | 2500 gramdan az[1] | Doglanda agramy çekilenler[2] | |
| Hemmesi | 0,8 | 6,5 | 76,2 | 16,2 | 0,3 | 100,0 | 3,3 | 99,3 | 1476 |
| **Dogrum pursadynda ejesiniň ýaşy** | | | | | | | | | |
| 20 ýaşdan az | 1,3 | 10,4 | 71,4 | 16,9 | 0,0 | 100,0 | 4,5 | 100,0 | 56 |
| 20-34 ýaş | 0,8 | 6,5 | 76,3 | 16,0 | 0,3 | 100,0 | 3,3 | 99,2 | 1305 |
| 35-49 ýaş | 0,0 | 4,1 | 77,3 | 18,6 | 0,0 | 100,0 | 2,1 | 100,0 | 115 |
| **Dogrumyň tertip belgisi** | | | | | | | | | |
| 1 | 0,3 | 10,1 | 74,6 | 15,0 | 0,0 | 100,0 | 3,6 | 99,2 | 440 |
| 2-3 | 0,9 | 4,6 | 77,3 | 16,7 | 0,5 | 100,0 | 3,0 | 99,1 | 823 |
| 4-5 | 1,4 | 6,7 | 73,1 | 18,8 | 0,0 | 100,0 | 3,8 | 100,0 | 178 |
| 6+ | (0,0) | (5,5) | (87,5) | (7,0) | (0,0) | 100,0 | (2,5) | (100,0) | 35 |
| **Sebitler** | | | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 1,3 | 9,1 | 76,1 | 13,5 | 0,0 | 100,0 | 4,2 | 100,0 | 160 |
| Ahal welaýaty | 0,3 | 2,3 | 87,6 | 9,7 | 0,0 | 100,0 | 2,1 | 100,0 | 226 |
| Balkan welaýaty | 0,0 | 5,7 | 85,8 | 7,3 | 1,1 | 100,0 | 2,5 | 99,0 | 75 |
| Daşoguz welaýaty | 1,4 | 10,0 | 80,1 | 7,7 | 0,8 | 100,0 | 4,6 | 99,2 | 395 |
| Lebap welaýaty | 1,1 | 5,5 | 64,0 | 29,3 | 0,0 | 100,0 | 3,2 | 98,9 | 300 |
| Mary welaýaty | 0,0 | 4,9 | 72,6 | 22,5 | 0,0 | 100,0 | 2,2 | 99,0 | 320 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | | | |
| Şäher | 0,8 | 5,9 | 74,8 | 18,3 | 0,2 | 100,0 | 3,1 | 99,5 | 529 |
| Oba | 0,8 | 6,8 | 77,0 | 15,0 | 0,3 | 100,0 | 3,3 | 99,2 | 947 |
| **Ejesiniň bilimi** | | | | | | | | | |
| Başlangyç | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | (*) | (*) | 1 |
| Orta | 0,9 | 6,8 | 77,1 | 15,0 | 0,3 | 100,0 | 3,4 | 99,4 | 1265 |
| Başlangyç hünär | 0,0 | 4,3 | 68,9 | 26,4 | 0,3 | 100,0 | 2,1 | 97,8 | 112 |
| Orta hünär | 0,0 | 5,8 | 73,5 | 20,7 | 0,0 | 100,0 | 2,4 | 100,0 | 50 |
| Ýokary | 0,0 | 5,4 | 72,5 | 22,1 | 0,0 | 100,0 | 2,3 | 100,0 | 46 |
| Boş galdyrmak/BM | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | - | - | 0 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | | | |
| Iň garyp | 1,3 | 10,0 | 74,5 | 13,3 | 1,0 | 100,0 | 4,4 | 99,5 | 322 |
| Ikinji | 1,1 | 5,9 | 75,9 | 17,1 | 0,0 | 100,0 | 3,4 | 99,4 | 313 |
| Üçünji | 0,0 | 3,4 | 79,9 | 16,7 | 0,0 | 100,0 | 2,0 | 98,6 | 313 |
| Dördünji | 0,3 | 6,4 | 75,1 | 17,8 | 0,3 | 100,0 | 2,9 | 99,9 | 270 |
| Iň baý | 1,3 | 6,6 | 75,4 | 16,7 | 0,0 | 100,0 | 3,7 | 99,2 | 259 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | | | |
| Türkmen | 0,6 | 6,5 | 76,3 | 16,3 | 0,3 | 100,0 | 3,1 | 99,4 | 1301 |
| Özbek | 2,1 | 6,2 | 80,2 | 11,4 | 0,0 | 100,0 | 4,4 | 100,0 | 124 |
| Rus | (0,0) | (8,2) | (67,6) | (24,2) | (0,0) | 100,0 | (2,9) | (100,0) | 27 |
| Beýleki | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | (*) | (*) | 24 |
| Boş galdyrmak/BM | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100 | - | - | 0 |

**[1] MICS 2.20 görkezijisi - Doglanda agramy pes bolan bäbekler**

**[2] MICS 2.21 görkezijisi - Doglan wagtynda agramy çekilen bäbekler**

Ölçelmedik ýagdaýlaryň "bilimi ýok" köp bolmadyk sany "Ejesiniň bilimi" häsiýetnamasyny beýan etmekde görkezilmedi.

( ) Görkezijiler 25–49 bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

"–" 0 bu öýjükdäki ýa-da maýdalawjydaky ölçelmedik ýagdaýlary aňladýar.

Türkmenistanyň ähli çaga dogrulýan edaralary bäbekleri ölçemek üçin tehniki taýdan talabalaýyk enjamlaşdyrylandyr. Çagalaryň 99 göterimi doglanda ölçelýär; bäbekleriň takmynan 3 göteriminiň agramy 2500 gramdan az diýlip bahalandyrylýar (NU.1 tablisa).

## Iýmit ýagdaýy

Çagalaryň iýmit ýagdaýy olaryň umumy saglyk ýagdaýyny görkezýär. Haçan-da çagalara ýeterlik derejede iýmit önümleri elýeterli bolsa, köp gaýtalanyp durýan keseller bilen kesellemeýärler we olara gowy seredilýär, onuň özüniň ösmek mümkinçiligini gazanmaga ýagdaýy bolýar we gowy iýmitlenýän hasaplanylýar.

Dünýäde ähli çaga ölümleriniň ýarsyndan gowragy iýmit ýetmezçiligi bilen baglanyşdyrylýar. Iýmit ýetmezçilik edýän çagalaryň arasynda ölüm ähtimallygy giňden ýaýran çaga ölüminden ýokary, diri galanlarynda bolsa keselleriň gaýtalanmagyndan ejir çekýär we boýunyň ösüşinde yza galýarlar. Iýmit ýetmezçiligi bilen baglanyşykly sebäpler boýunça ölýän çagalaryň dörtden üç bölegi daşky alamatlar ýüze çykmazdan diňe ýeňil we aralyk iýmit ýetmezçiliginden boldy. Müňýyllygyň ösüş maksatnamasynda bellenilýän maksatlaryň biri − 1990-2015-nji ýyllar aralygyndaky döwürde açlykdan ejir çekýänleriň paýyny iki esse azaltmakdyr. Iýmit ýetmezçiliginiň ýaýramagyny azaltmak çaga ölümçiligini azaltmakda öňde goýlan maksada ýetmäge kömek eder.

Gowy iýmitlenýän ilatyň arasynda bäş ýaşa çenli çagalar üçin boýunyň ösüş we agram görkezijileriniň etalon paýlanyşy bolýar. Ilatyň aýratyn toparynyň arasynda arryklamany etalon ilatly çagalar bilen deňeşdirmek arkaly ölçäp bolýar. Bu hasabatda etalon ilatdiýip, BSGG[23] tarapyndan bellenen ösüş standarty bilen häsiýetlendirilýän ilat kabul edilýär. Çagalaryň iýmit ýagdaýynyň üç görkezijisiniň her biri:agramyň ýaşa gatnaşygy, boýuň ýaşa gatnaşygy we agramyň boýa gatnaşygy - etalon ilat üçin bu görkezijiniň medianasyndan standart gyşarmalarda (z-alamat) aňladylyp bilner.

Agramyň ýaşa gatnaşygy – ýiti hem ötüşen iýmit ýetmezçiliginiň ölçegi. Agramyň ýaşa bolan gatnaşygy etalon ilat üçin bu görkezijiniň medianasyndan ikiden gowrak standart gyşarmadan az bolan çagalar *agramy aram ýa-da aşa azalan,* agramynyň ýaşyna bolan gatnaşygy medianadan 3-den gowrak standart gyşarmadan az bolan çaga *agramy aşa azalan* çagalara degişli.

Boýunyň ýaşyna bolan gatnaşygy - göni ösüşiň ölçegi. Boýuň ýaşyna bolan gatnaşygy etalon ilat üçin bu görkezijiniň medianasyndan ikiden gowrak standart gyşarmadan az bolan çagalar öz ýaşyna görä boýy ýeterliksiz hasaplanylýar *we boýunda aram ýa-da aşa yza galma* bolan çagalara degişli. Boýunyň ýaşyna bolan gatnaşygy medianadan 3-den gowrak standart gyşarmadan az bolan çaga *boýunyň ösüşi aşa haýal* bolan çagalara degişli. Boýunyň ösüşinde yza galmak uzak wagtyň dowamynda we gaýtalanýan ýa-da ötüşen keselleriň netijesinde ýeterlik iýmitlenmek mümkin bolmanlygy sebäpli, açlyk çekmegiň netijesi bolup durýar.

*Agramyň boýuna bolan gatnaşygy* arryklamanyň we artykmaç agramyň görkezijisini bahalandyrmak üçin peýdalanylýar. *Agramyň boýuna bolan gatnaşygy* etalon ilat üçin bu görkezijiniň medianasyndan ikiden gowrak standart gyşarmadan az bolan çagalar *aram ýa-da aşa arryklan* çagalara degişli, agramynyň boýuna bolan gatnaşygy medianadan üçden gowrak standart gyşarmadan az bolan çagalar *aşa arryklan* çagalara degişli. Adatça arryklama ýaňy ýakynda ýüze çykan iýmit ýetmezçiliginiň netijesi bolup durýar. Arryklamanyň görkezijisi iýmit önümleriniň elýeterliligindäki üýtgeşmeler ýa-da şol ýa-da başga bir keselleriň ýaýranlygy bilen baglanyşykly düýpli möwsümleýin üýtgemeleri görkezip biler.

[23] http://www.who.int/childgrowth/standards/technical report

Agramyň boýuna bolan gatnaşygyetalon ilat üçin bu görkezijiniň medianasyndan ikiden gowrak standart gyşarmadan az bolan çagalar agramy *aram ýa-da aşa artykmaç* çagalara degişli.

MICS-iň dowamynda bäş ýaşa çenli ähli çagalaryň agramy we boýy UNICEF tarapyndan maslahat berlen antropometrik enjamyň[24] kömegi bilen ölçeldi. Bu bölümde berilýän maglumatlar bu ölçegleriň netijeleriniň esasynda alyndy.

NU.2 tablisada ýerlerde işler geçirilen wagtynda ýerine ýetirilen antropometrik ölçegleriň esasynda bu toparyň her birine degişli edilen çagalaryň göterim paýy görkezilýär. Bu tablisa üç antropometrik görkeziji boýunça z-bahalandyrmanyň ortaça görkezijileri goşuldy.

[24] MICS maddy-tehniki üpjünçilik boýunça gollanma seret: http://mics.unicef.org/tools.

## NU.2 tablisa. Çagalaryň iýmitlendiriliş ýagdaýy

Üç sany antropometriýa indeksiniň esasynda 5 ýaşa çenli çagalaryň iýmitlendiriliş ýagdaýy boýunça göterimdäki bölünişi: agramynyň ýaşyna, boýunyň ýaşyna we agramynyň boýuna bolan gatnaşygy, Türkmenistan, 2015-2016

| | Agramyň ýaşa bolan gatnaşygy | | | | Boýuň ýaşa bolan gatnaşygy | | | | Agramyň boýa bolan gatnaşygy | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Peselen agram | | Orta Z-görkeziji (SD - standart gyşarma) | 5 ýaşa çenli çagalaryň sany | Boýuň ösüşinde yza galmak | | Orta Z-görkeziji (SD - standart gyşarma) | 5 ýaşa çenli çagalaryň sany | Horlanmak | | Artykmaç agram | Orta Z-görkeziji (SD - standart gyşarma) | 5 ýaşa çenli çagalaryň sany |
| | Göterim pes | | | | Göterim pes | | | | Göterim pes | | Göterim ýokary | | |
| | - 2 SD[1] | - 3 SD[2] | | | - 2 SD[3] | - 3 SD[4] | | | - 2 SD[5] | - 3 SD[6] | + 2 SD[7] | | |
| Hemmesi | 3,2 | 0,7 | -0,1 | 3718 | 11,5 | 2,7 | -0,4 | 3713 | 4,2 | 1,1 | 5,9 | 0,2 | 3706 |
| **Jynsy** | | | | | | | | | | | | | |
| Erkek | 3,2 | 0,8 | -0,1 | 1963 | 11,5 | 2,7 | -0,4 | 1958 | 4,4 | 1,3 | 6,0 | 0,2 | 1953 |
| Aýal | 3,2 | 0,7 | -0,2 | 1756 | 11,4 | 2,7 | -0,4 | 1755 | 3,9 | 1,0 | 5,7 | 0,1 | 1753 |
| **Sebitler** | | | | | | | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 2,4 | 0,5 | 0,1 | 364 | 7,0 | 1,3 | -0,1 | 362 | 2,4 | 0,7 | 5,0 | 0,2 | 361 |
| Ahal welaýaty | 1,6 | 0,5 | 0,3 | 576 | 8,2 | 3,0 | 0,0 | 575 | 5,0 | 1,4 | 14,4 | 0,4 | 574 |
| Balkan welaýaty | 3,7 | 0,0 | -0,4 | 194 | 12,9 | 1,3 | -0,5 | 193 | 1,8 | 0,6 | 2,2 | -0,1 | 193 |
| Daşoguz welaýaty | 3,2 | 0,5 | -0,2 | 936 | 15,5 | 3,7 | -0,6 | 936 | 5,2 | 1,4 | 4,8 | 0,2 | 930 |
Schneider, MW et al. (Şnaýder we beýlekiler) 2005. *Do Allegations of Emotional Maltreatment Predict Developmental Outcomes Beyond that of Other Forms of Maltreatment?* (*Ýaramaz emosional gatnaşyk babatda günä bildirmegiň fakty ýaramaz garaýşyň diňe şu görnüşi üçin mahsus bolan ösüş üçin geljekki netijeleri görkezýärmi?*) Child Abuse & Neglect 29(5): 513–32.

peýdalanmak maslahat berilýär we ýolbaşçy edaralara olary diňe beýleki çeşmelerden maglumatlar bilen utgaşdyryp peýdalanmak maslahat berilýär.

## Ir nikalaşmak

18 ýaşa ýetmänkä durmuşa çykmak[71] köp gyzlar üçin hakykat bolup durýar. Dünýäniň köp böleklerinde ata-eneler öz gyzlarynyň nikanyň olara maliýe we durmuş abadançylygyny getirmegine we şol bir wagtda maşgala düşýän maliýe agramy azaltmaga umyt edip, çaga ýaşynda nikalaşmaklaryny goldaýarlar. Hakykatda bolsa çaga ýaşynda nikalaşmak adam hukuklarynyň bozulmagydyr, gyzlaryň ösüşine howp salýar we ir göwreli bolmaklyga hem durmuşdan daşlaşmaga getirýär, bu bilimiň we hünärmençilik okuwynyň pes derejesi bilen garyplygy güýçlendirýär.[72]Nika baglaşmaga “erkin we doly” razylyk üçin hukuk adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynda eger taraplaryň biri özüniň ömürlik ýanýoldaşy babatda düşünip çözgüt kabul etmek üçin ýeterlik ýetişen däl bolsa, onda razylyk “erkin we doly” bolup bilmez diýlip ykrar edilýär. Gyzlaryň gatnaşyga başlaýan ýaşy çaga nikasynyň meselesi bilen berk baglanyşykly bolup durýar. 18 ýaşamanka nikalaşan aýallaryň, düzgün bolşy ýaly, has uly ýaşda nikalaşanlara garanda çagalary köp. Göwrelilik bilen baglanyşykly ölümçilik 15-19 ýaşyndaky, hususan bu toparda iň ýaş ýanýoldaşly, hem ýanýoldaşsyz gyzlaryň ölümçiliginiň esasy sebäbi hökmünde mälimdir. Ýaş nikalaşýan gyzlaryň özlerinden has uly ýaşly erkeklere durmuşa çykmaga mümkinçilikleri uly, bu olara AIW-iň ýokuşmagynyň döwekgelçiligini artdyrýar. Erkekler şeýle ýaş aýallara neslini dowam etdirmek üçin öýlenýärler we ýaşyndaky tapawut bilen baglylykda öz artykmaçlygyndan peýdalanýarlar, şeýle jübütler prezerwatiwden seýrek peýdalanýar.[73]

“Nika we maşgala hakynda Kodekse üýtgeşmeler girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda (16 madda) öň nika ýaşy on alty ýaş diýlip bellenildi (1998ý.). 2012-nji ýylyň 1-nji aprelinden Türkmenistanyň Maşgala kodeksi herekete girizildi, oňa laýyklykda nika ýaşy on sekiz ýaşa çenli ýokarlandyryldy (15 madda), bu halkara kadalaryna laýyk gelýär.

15 we 18 ýaşyna ýetmänkä resmi (däl) nikalaşan aýallaryň göterim paýy CP.5 tablisada berilýär. 15 ýaşyna ýetmänkä resmi (däl) nikalaşan 15-49 ýaşyndaky aýallaryň göterim paýy Türkmenistanda 1 göterimden az. 18 ýaşyna ýetmänkä resmi (däl) nikalaşan 20-49 ýaşyndaky aýallaryň göterim paýy 6

---

[71] Bu bapda nika barada ähli aýdylanlar resmi däl nika degişli.

[72] Bajracharya, and Amin, S. (Баджрачарья и Амин.) 2010. *Poverty, marriage timing, and transitions to adulthood in Nepal: A longitudinal analysis using the Nepal living standards survey.* (*Garyplyk, nika baglaşmagyň müddeti we Nepalda kämillik ýaşyna geçilişi: Nepalda ýaşaýyş durmuş derejesiniň barlagyny peýdalanmak bilen longitýudinal seljermesi )* Poverty, Gender, and Youth Working Paper No. 19. Population Council № 19 (Iş resminamasy «Garyplyk, gender we ýaşlar». Ilaty hasaba alyş boýunça maslahat).
Godha, Detal. (Годха и др.) 2011. *The influence of child marriage on fertility, fertility-control, and maternal health care utilization* (Çaga nikalaşmalarynyň çaga dogluşyna edýän täsiri, çaga dogluşyna gözegçilik we eneleriň saglygyna edilýän gözegçiliklerden peýdalanmak). MEASURE/Evaluation PRH Project Working paper (Ilata we reproduktiw saglyga baha bermeklige bagyşlanan MEASURE taslamasynyň iş resminamasy) 11-124.

[73] Clark, S et al. (Klark we beýlekiler) 2006.*Protecting young women from HIV/AIDS: the case against child and adolescent marriage (Ýaş aýallary AIW /AIDS-den goramak: çaga we ýetginjek nikalarynyň garşysyna iş). International Family Planning Perspectives* (Maşgalany meýilleşdirmegiň halkara mümkinçilikleri) 32(2): 79-88.
Raj, A et al. (Radž we beýlekiler) 2009. *Prevalence of child marriage and its effect on fertility and fertility-control outcomes of young women in India: a cross-sectional, observational study* (*Hindistanda çaga nikalaşmalarynyň ýaýranlygy we çaga dogluşyna olaryň täsiri we ýaş aýallar üçin çaga dogluşyna gözegçiligiň netijeleri: gözegçilikleriň esasynda kross-seksional barlag*). The Lancet 373 (9678): 1883–9.

göterime deň. Bu ýaş toparynda orta bilimli aýallar bilen deňeşdirilende (7 göterim) ýokary bilimi bolan aýallar 18 ýaşamanka seýrek (1 göterimden azrak) nikalaşýarlar. Görkeziji Mary welaýatynda 4 göterimden Lebap welaýatynda 10 göterime çenli üýtegýär.

Häzirki wagtda 15–19 ýaşyndaky ýaş aýallaryň 6 göterimi resmi (däl) nikada durýar. Bu paý şäher ýeri (3 göterim) we oba ýeri (8 göterim) üçin tapawutlanýar.

## CP.5 tablisa. Ir baglaşylan nika

15 ýaşy dolmanka ilkinji gezek resmi taýdan bellige alnan (alynmadyk) nika baglaşan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, 15 we 18 ýaşy dolmanka ilkinji gezek resmi taýdan bellige alnan (alynmadyk) nika baglaşan 20-49 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, häzirki wagtda resmi taýdan bellige alnan (alynmadyk) nikada durýan 15-19 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | 15-49 ýaşdaky aýallar | | 20-49 ýaşdaky aýallar | | | 15-19 ýaşdaky aýallar | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 15 ýaşa çenli resmi (resmi däl) nika baglaşanlaryň göterimi[1] | 15-49 ýaşdaky aýallaryň sany | 15 ýaşa çenli resmi (resmi däl) nika baglaşanlaryň göterimi | 18 ýaşa çenli resmi (resmi däl) nika baglaşanlaryň göterimi[2] | 20-49 ýaşdaky aýallaryň sany | Häzirki wagtda resmi (resmi däl) nikada durýanlaryň göterimdäki paýy[3] | 15-19 ýaşdaky aýallaryň sany |
| Hemmesi | 0,2 | 7618 | 0,2 | 5,9 | 6421 | 6,0 | 1197 |
| **Sebitler** | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 0,1 | 975 | 0,1 | 4,6 | 831 | 4,4 | 144 |
| Ahal welaýaty | 0,3 | 1007 | 0,3 | 5,8 | 874 | 7,1 | 133 |
| Balkan welaýaty | 0,3 | 482 | 0,3 | 5,6 | 407 | 0,7 | 75 |
| Daşoguz welaýaty | 0,2 | 1779 | 0,3 | 6,4 | 1470 | 6,8 | 310 |
| Lebap welaýaty | 0,0 | 1455 | 0,0 | 9,7 | 1235 | 7,0 | 220 |
| Mary welaýaty | 0,1 | 1920 | 0,1 | 3,6 | 1604 | 6,1 | 315 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | |
| Şäher | 0,2 | 3006 | 0,2 | 6,1 | 2574 | 2,8 | 432 |
| Oba | 0,2 | 4612 | 0,1 | 5,8 | 3847 | 7,9 | 765 |
| **Ýaşy** | | | | | | | |
| 15-19 | 0,1 | 1197 | UB | UB | UB | 6,0 | 1197 |
| 20-24 | 0,0 | 1400 | 0,0 | 5,7 | 1400 | UB | UB |
| 25-29 | 0,2 | 1351 | 0,2 | 5,5 | 1351 | UB | UB |
| 30-34 | 0,2 | 1117 | 0,2 | 6,6 | 1117 | UB | UB |
| 35-39 | 0,2 | 946 | 0,2 | 8,3 | 946 | UB | UB |
| 40-44 | 0,2 | 835 | 0,2 | 5,8 | 835 | UB | UB |
| 45-49 | 0,3 | 772 | 0,3 | 3,6 | 772 | UB | UB |
| **Bilimi**[a] | | | | | | | |
| Başlangyç | (*) | 8 | (*) | (*) | 6 | (*) | 3 |
| Orta | 0,2 | 6088 | 0,2 | 7,0 | 4969 | 5,9 | 1119 |
| Başlangyç hünär | 0,1 | 601 | 0,1 | 3,0 | 558 | (13,5) | 43 |
| Orta hünär | 0,0 | 527 | 0,0 | 3,2 | 510 | (*) | 17 |
| Ýokary | 0,0 | 387 | 0,0 | 0,2 | 371 | (*) | 16 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | |
| Iň garyp | 0,1 | 1521 | 0,1 | 5,8 | 1249 | 5,6 | 272 |
| Ikinji | 0,1 | 1502 | 0,1 | 5,9 | 1252 | 7,2 | 250 |
| Üçünji | 0,3 | 1495 | 0,4 | 5,6 | 1267 | 10,4 | 228 |
| Dördünji | 0,1 | 1490 | 0,2 | 7,8 | 1269 | 4,3 | 220 |
| Iň baý | 0,1 | 1610 | 0,1 | 4,8 | 1384 | 2,6 | 227 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | |
| Türkmen | 0,1 | 6563 | 0,1 | 5,3 | 5523 | 5,8 | 1040 |
| Özbek | 0,2 | 623 | 0,2 | 9,3 | 526 | 11,8 | 97 |
| Rus | 0,3 | 315 | 0,3 | 10,0 | 274 | (2,4) | 41 |
| Beýleki | 0,0 | 117 | 0,0 | 13,9 | 98 | (*) | 19 |

**[1] MICS 8.4 görkezijisi - 15 ýaşa çenli nika baglaşmak**

**[2] MICS 8.5 görkezijisi - 18 ýaşa çenli nika baglaşmak**

**[3] MICS 8.6 görkezijisi - Häzirki wagtda resmi (däl) nikada durýan 15-19 ýaşdaky aýallar**

UB: ulanyp bolmaýar.

[a] Ölçelmedik ýagdaýlaryň "Bilimi ýok" köp bolmadyk sany " Bilimi" häsiýetnamasyny beýan etmekde görkezilmedi.

( ) Görkezijiler 25–49 ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

CP.6 tablisada, degişlilikde, 15 we 18 ýaşyna ýetmänkä ilkinji gezek resmi (däl) nikalaşan aýallaryň göterim paýy ýaşaýan ýeri we ýaş toparlary boýunça bölünen görnüşde berilýär. 15 we 18 ýaşyna ýetmänkä resmi (däl) nikalaşanlaryň göterim paýynyň ýaş toparlary boýunça bölünen görnüşde seljermesi belli bir wagt aralygynda ir nikalaşmanyň meýillerine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. 18 ýaşyna ýetmänkä resmi (däl) nikalaşan aýallaryň paýynyň wagtyň geçmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan artandygyny we 1990-njy ýyllaryň ortalaryna iň ýokary derejä ýetendigini, soňra bolsa peselmek meýline eýe bolandygyny maglumatlar görkezýär: 45-49 ýaşyndaky aýallaryň 4 göterimi 18 ýaşynda ilkinji gezek resmi (däl) nikalaşdylar we 20-24 ýaşly aýallaryň 6 göterimi bilen deňeşdirilende 35-39 ýaşyndaky aýallaryň arasynda 8 göterime çenli artdy (CP.1 surat).

## CP.6 tablisa. Ir nika baglaşmak meýli

Ýaşaýan ýerleriniň görnüşlerine we ýaş toparlaryna bölünen görnüşde 15 we 18 ýaşamanka ilkinji gezek resmi (däl) nika baglaşan aýallaryň göterimdäki paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | **Şäher ýerleri** | | | | **Oba ýerleri** | | | | **Hemmsi** | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 15 ýaşa çenli nika baglaşan aýallaryň göterimdäki paýy | 15-49 ýaşdaky aýallaryň sany | 18 ýaşa çenli nika baglaşan aýallaryň göterimdäki paýy | 20-49 ýaşdaky aýallaryň sany | 15 ýaşa çenli nika baglaşan aýallaryň göterimdäki paýy | 15-49 ýaşdaky aýallaryň sany | 18 ýaşa çenli nika baglaşan aýallaryň göterimdäki paýy | 20-49 ýaşdaky aýallaryň sany | 15 ýaşa çenli nika baglaşan aýallaryň göterimdäki paýy | 15-49 ýaşdaky aýallaryň sany | 18 ýaşa çenli nika baglaşan aýallaryň göterimdäki paýy | 20-49 ýaşdaky aýallaryň sany |
| Hemmesi | 0,2 | 3006 | 6,1 | 2574 | 0,2 | 4612 | 5,8 | 3847 | 0,2 | 7618 | 5,9 | 6421 |
| **Ýaşy** | | | | | | | | | | | | |
| 15-19 | 0,0 | 432 | UB | UB | 0,2 | 765 | UB | UB | 0,1 | 1197 | UB | UB |
| 20-24 | 0,0 | 519 | 6,3 | 519 | 0,0 | 881 | 5,3 | 881 | 0,0 | 1400 | 5,7 | 1400 |
| 25-29 | 0,3 | 474 | 4,5 | 474 | 0,1 | 876 | 6,0 | 876 | 0,2 | 1351 | 5,5 | 1351 |
| 30-34 | 0,4 | 469 | 6,8 | 469 | 0,1 | 648 | 6,4 | 648 | 0,2 | 1117 | 6,6 | 1117 |
| 35-39 | 0,2 | 398 | 7,5 | 398 | 0,1 | 548 | 8,9 | 548 | 0,2 | 946 | 8,3 | 946 |
| 40-44 | 0,0 | 378 | 7,7 | 378 | 0,3 | 456 | 4,3 | 456 | 0,2 | 835 | 5,8 | 835 |
| 45-49 | 0,2 | 335 | 3,8 | 335 | 0,3 | 438 | 3,4 | 438 | 0,3 | 772 | 3,6 | 772 |

UB: ulanyp bolmaýar.

## CP.1 surat. Aýallaryň ir nikalaşmagy, Türkmenistan, 2015-2016




Är-aýalyň ýaşyndaky tapawut ýene bir düzüji bolup durýar; bu görkeziji özüniň häzirki ýanýoldaşyndan 10 ýa-da ondan köp ýaş uly bolan ýanýoldaşly aýallaryň göterim paýy bolup durýar. CP.7 tablisada äri bilen aýalynyň arasynda ýaş tapawudyna degişli netijeler berilýär.Bu netijeler Türkmenistanda är-aýalyň ýaşynda käbir möhüm tapawudyň bardygyny görkezdi. Häzirki wagtda resmi (däl) nikada durýan 20-24 ýaşly aýallaryň arasynda aýallaryň 3 göterimi özünden on ýa-da ondan köp ýaş uly erkekler bilen nikada durýarlar. Şeýle nikalar iň garyp kwintilde degişli öý hojalyklarynda ýaşaýan aýallar üçin häsiýetli.

Häzirki wagtda resmi (däl) nikada durýan 15-19 ýaşyndaky aýallar üçin hem bu görkeziji 3 göterime deň. Häzirki wagtda ýanýoldaşly ýa-da bellige alynmadyk nikada durýan 15-19 ýaşyndaky aýallaryň uly bolmadyk paýy esasy häsiýetnamalar boýunça seljerme geçirmäge mümkinçilik bermeýär.

## CP.7 tablisa. Är-aýalyň arasyndaky ýaş tapawudy

Häzirki wagtda resmi (däl) nikada duran, äriniň/jyns hyzmatdaşynyň arasyndaky ýaş tapawudyna laýyklykda, 15-49 we 20-24 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | Resmi (däl) nikada duran 15-19 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, olardan äriniň ýa-da jyns hyzmatdaşynyň ýaşy: | | | | | Häzirki wagtda resmi (däl) nikada duran 15-19 ýaşdaky aýallaryň sany | Resmi (däl) nikada duran 20-24 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, olardan äriniň ýa-da jyns hyzmatdaşynyň ýaşy: | | | | | | Häzirki wagtda resmi (däl ) nikada duran 20–24 ýaşdaky aýallaryň sany |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Kiçi | 0-4 ýaş uly | 5-9 ýaş uly | 10+ ýyl uly[1] | Hemmesi | | kiçi | 0-4 ýaş uly | 5-9 ýaş uly | 10+ ýyl uly[2] | Äriniň/jyns hyzmatdaşynyň ýaşy näbelli | Hemmesi | |
| Hemmesi | 4,5 | 74,9 | 17,3 | 3,3 | 100,0 | 72 | 16,3 | 64,5 | 16,4 | 2,7 | 0,1 | 100,0 | 681 |
| **Sebitler** | | | | | | | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 6 | 19,1 | 59,9 | 21,0 | 0,0 | 0,0 | 100,0 | 79 |
| Ahal welaýaty | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 10 | 20,1 | 58,4 | 17,9 | 3,2 | 0,5 | 100,0 | 116 |
| Balkan welaýaty | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 0 | 16,4 | 71,9 | 10,4 | 1,4 | 0,0 | 100,0 | 28 |
| Daşoguz welaýaty | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 21 | 9,3 | 66,1 | 20,0 | 4,5 | 0,0 | 100,0 | 159 |
| Lebap welaýaty | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 15 | 15,7 | 62,4 | 18,2 | 3,7 | 0,0 | 100,0 | 151 |
| Mary welaýaty | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 19 | 19,8 | 71,0 | 8,4 | 0,9 | 0,0 | 100,0 | 149 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | | | | | | | |
| Şäher | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 12 | 16,4 | 62,0 | 19,1 | 2,3 | 0,3 | 100,0 | 246 |
| Oba | (5,4) | (75,5) | (15,2) | (3,9) | 100,0 | 60 | 16,2 | 66,0 | 14,9 | 2,9 | 0,0 | 100,0 | 434 |
| **Ýaşy** | | | | | | | | | | | | | |
| 15-19 | 4,5 | 74,9 | 17,3 | 3,3 | 100,0 | 72 | UB | UB | UB | UB | UB | UB | UB |
| 20-24 | UB | UB | UB | UB | UB | UB | 16,3 | 64,5 | 16,4 | 2,7 | 0,1 | 100,0 | 681 |
| **Bilimi** [a] | | | | | | | | | | | | | |
| Başlangyç | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 0 | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 1 |
| Orta | 4,9 | 74,2 | 17,2 | 3,6 | 100,0 | 66 | 16,4 | 64,3 | 16,3 | 2,9 | 0,1 | 100,0 | 579 |
| Başlangyç hünär | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 6 | 8,5 | 69,8 | 19,5 | 2,2 | 0,0 | 100,0 | 59 |
| Orta hünär | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 0 | (23,5) | (61,5) | (14,9) | (0,0) | (0,0) | 100,0 | 22 |
| Ýokary | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 1 | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 18 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | | | | | | | |
| Iň garyp | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 15 | 22,3 | 57,2 | 14,1 | 6,5 | 0,0 | 100,0 | 107 |
| Ikinji | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 18 | 15,0 | 68,1 | 15,0 | 2,0 | 0,0 | 100,0 | 164 |
| Üçünji | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 24 | 12,0 | 68,5 | 17,9 | 1,6 | 0,0 | 100,0 | 153 |
| Dördünji | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 10 | 18,4 | 62,6 | 16,5 | 2,0 | 0,5 | 100,0 | 132 |
| Iň baý | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 6 | 15,9 | 63,3 | 18,4 | 2,4 | 0,0 | 100,0 | 124 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | | | | | | | |
| Türkmen | 5,4 | 71,4 | 19,3 | 4,0 | 100,0 | 60 | 17,0 | 63,9 | 15,9 | 3,1 | 0,1 | 100,0 | 592 |
| Özbek | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 11 | (12,2) | (69,3) | (18,5) | (0,0) | (0,0) | 100,0 | 61 |
| Rus | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 1 | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 12 |
| Beýleki | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 0 | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 100,0 | 16 |

**[1] MICS 8.8a görkezijisi - Är-aýalyň arasyndaky ýaş tapawudy (15-19 ýaşdaky aýallaryň arasynda)**

**[2] MICS 8.8b görkezijisi - Är-aýalyň arasyndaky ýaş tapawudy (20-24 ýaşdaky aýallaryň arasynda)**

UB: ulanyp bolmaýar.

[a] Ölçelmedik ýagdaýlaryň "Bilimi ýok" köp bolmadyk sany " Bilimi" häsiýetnamasyny beýan etmekde görkezilmedi.

( ) Görkezijiler 25–49 bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

## Öýde güýç ulanylmagyna garaýyş

MICS-iň dowamynda 15–49 ýaşyndaky aýallaryň äriniň aýalyny urmagyna garaýşy bahalandyryldy: respondentlerden dürli ýagdaýlarda äriniň aýalyny urmaga ýa-da ýençmäge haky barmy diýip soraldy. Bu soraglar haçan-da aýal belli bir garaşylýan gender rollaryna laýyk gelmedik ýagdaýynda ulanylýan tertip-düzgün çäresi hökmünde güýç ulanylmagynyň sosial taýdan esaslandyrylmagyny ýüze çykarmaga gönükdirildi.

Bu soraglara jogaplary CP.8 tablisada tapmak bolýar. Umuman Türkmenistanda aýallaryň 26 göterimi görkezilen bäş ýagdaýyň iň bolmanda birinde aýalyny urmaga ýa-da ýençmäge haky bar diýip hasap edýärler. Äriniň güýç ulanmagyny makullaýan aýallar köp ýagdaýlarda haçan-da aýal çagasy barada alada etmedik ýagdaýynda (20 göterim) ýa-da oňa dil gaýtaran ýagdaýynda (12 göterim) ýa-da özüni erkin alyp baranda: meselem, ärine aýtman öýden çykan ýagdaýynda (8 göterim) güýç ulanylmagy bilen ylalaşýarlar we onuň haky bar diýip hasaplaýarlar. Takmynan aýallaryň 3 göterimi eger aýaly ärine jynsy gatnaşykdan boýun gaçyrsa ýa-da nahary ýaksa ony urmaga haky bar diýip hasap edýärler. Görkeziilen bäş ýagdaýyň haýsy hem bolsa birinde bilimi pes bolanlar, şeýle hem häzirki pursatda durmuşa çykan aýallar esaslandyrýarlar. Iň amatsyz ýagdaý Ahal welaýatynda bellenildi, ol ýerde aýallaryň ýarsyna golaýy (49 göterimi) bäş ýagdaýyň azyndan birinde äriniň güýç ulanmagyny makullaýarlar, Balkan welaýatynyň aýallary äri tarapyndan güýç ulanylmagyny az derejede (15 göterim) makullaýarlar.

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS-e eger aýaly äriniň ata-enesine hormat goýmaýan bolsa, äriniň aýalyny urmaga ýa-da ýençmäge haky bar diýip hasaplaýarmysyňyz diýen goşmaça sorag goşuldy. Aýallaryň 27 göterimi bu ýagdaýda ärini makullaýar. Bu gözegçilik üçin mahsus soragy gözöňünde tutmak bilen aýallaryň 35 göterimi görkezilen alty sebäbiň azyndan birinde äriniň aýalyny urmaga ýa-da ýençmäge haky bar diýip hasaplaýarlar.

## CP.8 tablisa. Öýde güýç ulanylmagyna bolan garaýyş

Dürli ýagdaýlarda äriniň öz aýalyny/jyns hyzmatdaşyny urmaga haky bar diýip hasaplaýan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | Äriniň öz aýalyny/jyns hyzmatdaşyny urmaga haky bar diýip hasaplaýan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy: | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | eger ol adamsyna aýtman öýden çykyp gidýän bolsa | eger aýaly çagalary barada alada etmeýän bolsa | eger adamsyna dil gaýtarýan bolsa | eger adamsy bilen jynsy gatnaşyk etmekden boýun gaçyrýan bolsa | eger naharyny ýakýan bolsa | Şu bäş sebäbiň islendik biri boýunça[1] | eger adamsynyň ene-atasyny sylamaýan bolsa | şu alty sebäbiň islendik biri boýunça[2] | 15-49 ýaşdaky aýallaryň sany |
| Hemmesi | 7,7 | 20,4 | 12,1 | 3,1 | 2,6 | 26,3 | 26,8 | 35,0 | 7618 |
| **Sebitler** | | | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 14,0 | 29,3 | 13,8 | 4,7 | 3,1 | 34,0 | 21,1 | 37,8 | 975 |
| Ahal welaýaty | 11,4 | 29,9 | 31,3 | 5,1 | 3,2 | 49,3 | 63,5 | 69,6 | 1007 |
| Balkan welaýaty | 0,9 | 6,0 | 5,4 | 6,4 | 0,2 | 15,2 | 22,2 | 28,4 | 482 |
| Daşoguz welaýaty | 10,8 | 19,8 | 13,8 | 3,2 | 5,7 | 23,2 | 36,1 | 37,6 | 1779 |
| Lebap welaýaty | 3,7 | 17,9 | 9,1 | 1,2 | 1,7 | 19,5 | 14,0 | 21,4 | 1455 |
| Mary welaýaty | 4,6 | 17,1 | 3,5 | 1,9 | 0,5 | 21,2 | 12,8 | 24,9 | 1920 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | | | |
| Şäher | 7,7 | 21,8 | 12,3 | 4,0 | 2,2 | 27,9 | 23,5 | 35,2 | 3006 |
| Oba | 7,7 | 19,5 | 11,9 | 2,6 | 2,9 | 25,3 | 29,0 | 34,9 | 4612 |
| **Ýaşy** | | | | | | | | | |
| 15-19 | 4,5 | 13,7 | 7,7 | 1,2 | 1,8 | 17,0 | 19,3 | 25,0 | 1197 |
| 20-24 | 8,7 | 18,1 | 11,6 | 3,0 | 2,6 | 24,8 | 29,6 | 36,6 | 1400 |
| 25-29 | 8,1 | 22,4 | 12,9 | 3,1 | 1,7 | 28,3 | 30,5 | 39,2 | 1351 |
| 30-34 | 10,1 | 25,7 | 15,6 | 3,9 | 3,6 | 32,8 | 30,7 | 40,3 | 1117 |
| 35-39 | 8,2 | 23,7 | 12,3 | 3,7 | 3,3 | 29,4 | 27,0 | 36,2 | 946 |
| 40-44 | 5,9 | 18,7 | 11,4 | 3,6 | 2,7 | 25,1 | 22,2 | 31,9 | 835 |
| 45-49 | 8,6 | 21,9 | 13,7 | 4,1 | 3,3 | 28,2 | 26,4 | 34,4 | 772 |
| **Maşgala ýagdaýy** | | | | | | | | | |
| Häzirki wagtda resmi (resmi däl) nikada dur | 9,0 | 23,2 | 14,4 | 4,1 | 3,1 | 30,4 | 30,0 | 39,0 | 4887 |
| Resmi (resmi däl) nikada duran | 7,4 | 19,6 | 10,2 | 2,4 | 3,0 | 21,6 | 20,6 | 29,2 | 491 |
| Hiç wagt resmi (resmi däl ) nikada durmadyk | 5,1 | 14,7 | 7,5 | 1,2 | 1,6 | 18,5 | 21,2 | 27,5 | 2240 |
| **Bilimi** [a] | | | | | | | | | |
| Başlangyç | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 8 |
| Orta | 8,3 | 21,2 | 12,8 | 3,4 | 2,7 | 27,7 | 29,1 | 37,1 | 6088 |
| Başlangyç hünär | 6,4 | 20,7 | 9,6 | 1,3 | 1,8 | 24,1 | 19,9 | 29,2 | 601 |
| Orta hünär | 5,4 | 17,9 | 9,7 | 2,9 | 2,5 | 21,6 | 19,2 | 27,9 | 527 |
| Ýokary | 3,7 | 11,8 | 8,0 | 1,9 | 2,0 | 14,9 | 13,9 | 21,3 | 387 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | | | |
| Iň garyp | 10,8 | 20,1 | 12,6 | 2,8 | 5,0 | 24,2 | 29,5 | 33,7 | 1521 |
| Ikinji | 7,6 | 17,6 | 11,1 | 3,3 | 2,4 | 22,3 | 25,2 | 30,4 | 1502 |
| Üçünji | 5,4 | 16,2 | 12,0 | 2,3 | 1,8 | 24,5 | 28,2 | 34,0 | 1495 |
| Dördünji | 5,9 | 24,1 | 10,8 | 3,6 | 2,0 | 30,3 | 28,7 | 40,5 | 1490 |
| Iň baý | 8,8 | 23,9 | 13,8 | 3,6 | 1,8 | 30,1 | 22,9 | 36,3 | 1610 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | | | |
| Türkmen | 7,8 | 21,0 | 12,4 | 3,2 | 2,3 | 27,5 | 27,4 | 36,1 | 6563 |
| Özbek | 10,1 | 19,0 | 13,4 | 3,3 | 6,5 | 20,6 | 32,3 | 33,6 | 623 |
| Rus | 1,5 | 12,4 | 2,3 | 0,3 | 1,4 | 14,4 | 7,1 | 16,3 | 315 |
| Beýleki | 10,0 | 17,7 | 12,6 | 4,8 | 1,2 | 22,7 | 22,3 | 28,1 | 117 |

**[1] MICS 8.12 görkezijisi - Öýde güýç ulanylmagyna bolan garaýyş**

**[2] Şu barlaga häsiýetli bolan görkeziji - Öýde güýç ulanylmagyna bolan garaýyş (goşmaça ýagdaýlary nazara almak bilen)**

[a] Ölçelmedik ýagdaýlaryň "Bilimi ýok" köp bolmadyk sany " Bilimi" häsiýetnamasyny beýan etmekde görkezilmedi.

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

## Çagalaryň ýaşaýyş şertleri

ÇHK-da “çaganyň şahsyýetiniň doly we sazlaşykly ösmegi üçin maşgalada, bagt, söýgi we düşünişmek gurşawynda ösmegi zerur” diýlip bellenilýär. Bütin dünýäde millionlarça çaga birnäçe sebäplere görä, şol sanda bimahal ölüm ýa-da ata-enesiniň zähmet migrasiýasy sebäpli ata-enesiniň aladasyny görmezden ösýärler. Köp ýagdaýlarda bu çagalara uly maşgalanyň agzalary hossarlyk edýär, başga bir ýagdaýlarda keseki öý hojalyklaryndameselem, öý işgäri hökmünde şol ýerde ýaşaýar. Çagalaryň ýaşaýyş şertlerine, şol sanda olaryň ýaşaýan öý hojalyklarynyň düzümine, olaryň esasy hossarlyk edýäni bilen gatnaşygyna düşünilmegi çaga seredilmegini we onuň abadançylygyny üpjün etmek boýunça maksatlaýyn çäreleri işläp taýýarlamagyň esasy bolup durýar.

CP.9 tablisada 18 ýaşa çenli çagalaryň ýaşaýyş şertleri we ýetimçiligi barada maglumat berilýär. Türkmenistanda 0-17 ýaşyndaky çagalaryň 89 göterimi ata-enesiniň ikisi bilen, 8 göterimi diňe ejesi bilen, 2 göterimi diňe kakasy bilen ýaşaýarlar. Çagalaryň 1 göterimi ata-enesiniň ikisi hem diri wagtynda biologik ata-enesiniň hiç biri bilen bile ýaşamaýar. 6 göterime golaýy biologik kakasy diri wagtynda diňe ejesi bilen ýaşaýarlar.

Çagalaryň takmynan 4 göterimi ata-enesiniň birini ýa-da ikisini hem ýitirdiler. Garaşylyşy ýaly, kiçi ýaşly çagalara garanda uly ýaşly çagalar ata-enesiniň ikisi bilen seýrek bile ýaşaýarlar we kiçi ýaşly çagalara garanda ata-enesiniň birini ýa-da ikisini ýitirenleri biraz köp.

Şäher we oba ýerleriniň, sebitleriň we hal-ýagdaýyň derejesiniň kwintilleriniň arasynda ýetimçilik babatda uly bolmadyk tapawut bar. Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň dili rus dili bolan öý hojalyklarynda ata-enesiniň ikisi bilen bile ýaşaýan çagalaryň göterim paýy iň azydygy bellenildi (54 göterim).

Ýetim galan çagalar gözegçilik edilmezligiň ýa-da ulanylmagyň ýokary töwekgelçiligine duçar bolup bilerler, sebäbi olar ata-enesinden kömek almak mümkinçiliginden mahrum. Ýetim çagalar we beýleki çagalar üçin netijeleriň tapawudyna gözegçilik edilmegi (10-14 ýaşyndaky çagalar üçin mekdebe barmak) bize jemgyýetleriň we hökümetiň olaryň mätäçligine nähili derejede netijeli garaýşyny bahalandyrmaga kömek edýär.

Türkmenistanda 10-14 ýaşyndaky çagalaryň 1 göterimden azragy ýetimler. MICS 9.16 görkezijisi – ýetim çagalaryň mekdebe gatnamagynyň ýetim däl çagalaryň mekdebe gatnamagyna gatnaşygy bu hasabatda görkezilmedi, sebäbi 10-14 ýaşyndaky ýetim çagalaryň umumy sany 25 ölçelmedik gözegçilikden azrak boldy.

## CP.9 tablisa. Çagalaryň ýaşaýyş görnüşleri we ýetimçilik

Ýaşaýyş görnüşlarine laýyklykda 0-17 ýaşdaky çagalaryň göterimdäki bölünişi, öý hojalyklarynda öz biologiki ene-atalarynyň haýsy hem bolsa birinden aýra ýaşaýan 0-17 ýaşdaky çagalaryň göterimdäki paýy we ene atasynyň biri ýa-da ikisi hem ölen çagalaryň göterimdäki paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | | Biologik ene-atalary bilen bile ýaşamaýar | | | | Diňe ejesi bilen bile ýaşaýar | | Diňe kakasy bilen bile ýaşaýar | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Ene-atasynyň ikisi bilen bile ýaşaýar | Diňe kakasy diri | Diňe ejesi diri | Ikisi hem diri | Ikisi hem ýogalan | Kakasy diri | Kakasy ýogalan | Ejesi diri | Ejesi ýogalan | Ejesi/kakasy barada maglumat ýok | Hemmesi | Biologik ene-atalary bilen bile ýaşamaýar[1] | Ene-atasynyň biri ýa-da ikisi hem ýogalan [2] | 0-17 ýaşdaky çagalaryň sany |
| Hemmesi | 89,4 | 0,2 | 0,1 | 0,8 | 0,1 | 5,5 | 2,0 | 0,7 | 1,0 | 0,2 | 100,0 | 1,2 | 3,5 | 10865 |
| **Jynsy** | | | | | | | | | | | | | | |
| Erkek | 89,5 | 0,2 | 0,2 | 0,7 | 0,2 | 5,4 | 1,9 | 0,7 | 1,1 | 0,2 | 100,0 | 1,2 | 3,5 | 5599 |
| Aýal | 89,2 | 0,2 | 0,0 | 0,9 | 0,1 | 5,6 | 2,2 | 0,6 | 1,0 | 0,2 | 100,0 | 1,2 | 3,5 | 5266 |
| **Sebitler** | | | | | | | | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 81,7 | 0,0 | 0,2 | 0,8 | 0,1 | 12,6 | 2,8 | 0,4 | 1,1 | 0,4 | 100,0 | 1,0 | 4,2 | 1184 |
| Ahal welaýaty | 92,7 | 0,2 | 0,0 | 0,7 | 0,1 | 2,7 | 2,1 | 0,5 | 0,9 | 0,1 | 100,0 | 1,0 | 3,4 | 1508 |
| Balkan welaýaty | 89,3 | 0,2 | 0,0 | 0,4 | 0,1 | 5,4 | 3,6 | 0,1 | 0,8 | 0,1 | 100,0 | 0,7 | 4,6 | 667 |
| Daşoguz welaýaty | 89,4 | 0,1 | 0,1 | 1,0 | 0,2 | 4,9 | 2,2 | 0,9 | 1,0 | 0,0 | 100,0 | 1,5 | 3,7 | 2661 |
| Lebap welaýaty | 86,7 | 0,4 | 0,4 | 1,3 | 0,1 | 7,9 | 1,5 | 1,0 | 0,4 | 0,4 | 100,0 | 2,2 | 2,9 | 2158 |
| Mary welaýaty | 93,0 | 0,0 | 0,0 | 0,3 | 0,1 | 2,7 | 1,6 | 0,6 | 1,6 | 0,2 | 100,0 | 0,4 | 3,2 | 2686 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | | | | | | | | |
| Şäher | 82,3 | 0,4 | 0,2 | 1,0 | 0,1 | 10,7 | 3,2 | 0,9 | 1,0 | 0,2 | 100,0 | 1,7 | 4,8 | 3983 |
| Oba | 93,5 | 0,0 | 0,1 | 0,7 | 0,1 | 2,5 | 1,4 | 0,5 | 1,0 | 0,1 | 100,0 | 0,9 | 2,7 | 6882 |
| **Ýaşy** | | | | | | | | | | | | | | |
| 0-4 | 93,3 | 0,0 | 0,0 | 0,4 | 0,0 | 4,9 | 0,7 | 0,1 | 0,3 | 0,2 | 100,0 | 0,5 | 1,1 | 3979 |
| 0-2 | 93,9 | 0,0 | 0,0 | 0,4 | 0,0 | 4,7 | 0,6 | 0,1 | 0,1 | 0,2 | 100,0 | 0,5 | 0,8 | 2402 |
| 3-4 | 92,6 | 0,1 | 0,1 | 0,3 | 0,0 | 5,3 | 0,9 | 0,1 | 0,6 | 0,2 | 100,0 | 0,4 | 1,6 | 1577 |
| 5-9 | 90,3 | 0,0 | 0,0 | 0,8 | 0,3 | 5,3 | 1,6 | 0,9 | 0,8 | 0,1 | 100,0 | 1,1 | 2,7 | 3015 |
| 10-14 | 85,7 | 0,3 | 0,2 | 1,5 | 0,1 | 6,1 | 3,2 | 1,2 | 1,5 | 0,2 | 100,0 | 2,2 | 5,3 | 2347 |
| 15-17 | 82,9 | 0,6 | 0,4 | 0,9 | 0,2 | 6,4 | 4,6 | 1,1 | 2,6 | 0,4 | 100,0 | 1,9 | 8,4 | 1523 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | | | | | | | | |
| Iň garyp | 91,7 | 0,0 | 0,2 | 0,6 | 0,4 | 4,0 | 1,4 | 0,5 | 1,3 | 0,0 | 100,0 | 1,2 | 3,2 | 2392 |
| Ikinji | 92,3 | 0,0 | 0,0 | 1,2 | 0,0 | 2,5 | 1,9 | 1,0 | 1,0 | 0,1 | 100,0 | 1,3 | 2,9 | 2265 |
| Üçünji | 95,0 | 0,1 | 0,0 | 0,2 | 0,1 | 2,0 | 1,6 | 0,1 | 0,7 | 0,3 | 100,0 | 0,4 | 2,4 | 2143 |
| Dördünji | 85,8 | 0,3 | 0,3 | 1,0 | 0,1 | 8,3 | 2,2 | 1,1 | 0,8 | 0,2 | 100,0 | 1,6 | 3,7 | 2076 |
| Iň baý | 80,9 | 0,4 | 0,1 | 1,0 | 0,0 | 11,7 | 3,3 | 0,8 | 1,5 | 0,3 | 100,0 | 1,6 | 5,4 | 1988 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | | | | | | | | |
| Türkmen | 90,5 | 0,1 | 0,1 | 0,7 | 0,1 | 4,7 | 1,9 | 0,6 | 1,1 | 0,2 | 100,0 | 1,0 | 3,3 | 9352 |
| Özbek | 87,7 | 0,4 | 0,2 | 1,5 | 0,3 | 5,7 | 2,0 | 1,8 | 0,4 | 0,0 | 100,0 | 2,3 | 3,2 | 1053 |
| Rus | 54,4 | 1,4 | 0,0 | 2,3 | 0,0 | 33,0 | 7,2 | 0,9 | 0,5 | 0,3 | 100,0 | 3,7 | 9,1 | 273 |
| Beýleki | 91,4 | 0,0 | 0,0 | 0,9 | 0,0 | 3,7 | 3,3 | 0,0 | 0,8 | 0,0 | 100,0 | 0,9 | 4,0 | 186 |

**[1] MICS 8.13 görkezijisi - Çagalaryň ýaşaýyş görnüşleri**

**[2] MICS 8.14 görkezijisi - Ene-atalarynyň biri ýa-da ikisi hem ölen çagalaryň paýy**

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS taşlanyp gidilen, ýagny ata-enesiniň biri ýa-da ikisi hem daşary ýurda giden çagalar bilen baglanyşykly migrasiýanyň bir anyk jähtiniň ýönekeý ölçegini öz içine alýar. Edebiýatyň sany artsa-da, pul geçirimlerinden peýda bilen potensial amatsyz psihososial netijeleriň arasyndaky gapma-garşylykdan gelýän uzak möhletli netijeler entek kesgitlenilmedi, sebäbi çagalar üçin bu netijeleriň käbir derejede gapma-garşylykly subutnamasy bar.

CP.10tablisada ata-enesi başga ýurtda ýaşaýan çagalar barada maglumat berilýär.Garaşylyşy ýaly, Türkmenistanda 0-17 ýaşyndaky çagalaryň bary-ýogy 1 göteriminiň ata-enesiniň biri ýa-da ikisi hem daşary ýurtda ýaşaýarlar.

**CP.10 tablisa. Ata-enesi daşary ýurtda ýaşaýan çagalar**

Ata-enesiniň beýleki ýurtlarda ýaşamaklary boýunça 0-17 ýaşdaky çagalaryň göterimdäki bölünişi, Türkmenistan, 2015-2016

| | **0-17 ýaşdaky çagalaryň göterimdäki bölünişi:** | | | | | Iň bolmanda ata-eneleriniň biri daşary ýurtlarda ýaşaýan 0-17 ýaşdaky çagalaryň göterimdäki paýy[1] | 0-17 ýaşdaky çagalaryň sany |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **Iň bolmanda ata-eneleriniň biri daşary ýurtda ýaşaýanlar** | | | | | | |
| | Diňe ejesi | Diňe kakasy | Ejesi hem kakasy | Ata-eneleriniň hiç biri daşary ýurtlarda ýaşamaýanlar | Hemmesi | | |
| Hemmesi | 0,4 | 0,4 | 0,1 | 99,1 | 100,0 | 0,9 | 10865 |
| **Jynsy** | | | | | | | |
| Erkek | 0,4 | 0,4 | 0,2 | 99,1 | 100,0 | 0,9 | 5599 |
| Aýal | 0,3 | 0,4 | 0,1 | 99,2 | 100,0 | 0,8 | 5266 |
| **Sebitler** | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 0,3 | 0,5 | 0,0 | 99,2 | 100,0 | 0,8 | 1184 |
| Ahal welaýaty | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 100,0 | 100,0 | 0,0 | 1508 |
| Balkan welaýaty | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 100,0 | 100,0 | 0,0 | 667 |
| Daşoguz welaýaty | 0,5 | 0,4 | 0,2 | 98,9 | 100,0 | 1,1 | 2661 |
| Lebap welaýaty | 1,0 | 0,9 | 0,4 | 97,7 | 100,0 | 2,3 | 2158 |
| Mary welaýaty | 0,0 | 0,1 | 0,1 | 99,9 | 100,0 | 0,1 | 2686 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | |
| Şäher | 0,7 | 0,8 | 0,1 | 98,4 | 100,0 | 1,6 | 3983 |
| Oba | 0,1 | 0,1 | 0,2 | 99,6 | 100,0 | 0,4 | 6882 |
| **Ýaşy** | | | | | | | |
| 0-4 | 0,0 | 0,3 | 0,1 | 99,6 | 100,0 | 0,4 | 3979 |
| 0-2 | 0,0 | 0,3 | 0,2 | 99,6 | 100,0 | 0,4 | 2402 |
| 3-4 | 0,0 | 0,4 | 0,0 | 99,6 | 100,0 | 0,4 | 1577 |
| 5-9 | 0,5 | 0,2 | 0,2 | 99,2 | 100,0 | 0,8 | 3015 |
| 10-14 | 0,8 | 0,6 | 0,2 | 98,4 | 100,0 | 1,6 | 2347 |
| 15-17 | 0,5 | 0,4 | 0,1 | 99,0 | 100,0 | 1,0 | 1523 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | |
| Iň garyp | 0,4 | 0,0 | 0,1 | 99,5 | 100,0 | 0,5 | 2392 |
| Ikinji | 0,1 | 0,2 | 0,3 | 99,4 | 100,0 | 0,6 | 2265 |
| Üçünji | 0,0 | 0,2 | 0,1 | 99,8 | 100,0 | 0,2 | 2143 |
| Dördünji | 0,6 | 0,6 | 0,1 | 98,7 | 100,0 | 1,3 | 2076 |
| Iň baý | 0,8 | 0,9 | 0,1 | 98,2 | 100,0 | 1,8 | 1988 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | |
| Türkmen | 0,2 | 0,2 | 0,1 | 99,4 | 100,0 | 0,6 | 9352 |
| Özbek | 1,3 | 0,7 | 0,5 | 97,5 | 100,0 | 2,5 | 1053 |
| Rus | 1,2 | 3,6 | 0,0 | 95,2 | 100,0 | 4,8 | 273 |
| Beýleki | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 100,0 | 100,0 | 0,0 | 186 |

[1] **MICS 8.15 görkezijisi - Ene-atasynyň iň bolmanda biri daşary ýurtlarda ýaşaýan çagalar**

# XII. AIW/AIDS

## AIW-iň geçmegi we AIW babatda ýalňyşlyklar barada bilimiň bolmagy

AIW bilen keselleýjiligiň derejesini azaltmagyň iň möhüm şertleriniň biri AIW-iň nähili geçýänligi, şeýle hem onuň geçmeginiň öňüni almagyň strategiýalary barada anyk bilimiň bar bolmagydyr. Anyk maglumatyň berilmegi – bu ýetginjekleriň we ýaş adamlaryň habardarlygyny ýokarlandyrmak we olary ýokanç keseliň geçmeginden goramagyň usullary bilen üpjün etmek ugrunda ilkinji ädimdir. AIW babatda ýaşňyşmaklyk ýeterlik ýaýrandyr we ýetginjekleri hem ýaş adamlary ýalňyşdyryp biler we bu ýokanç keseliň ýaýramagynyň öňüni almak boýunça tagallalara päsgel berip biler. BMG-niň Baş Assambleýasynyň AIW/AIDS boýunça Ýörite Sessiýasy (BMGBAÝS) (UNGASS) hökümetleri ýaşlaryň habardarlyk derejesiniň ýokarlandyrylmagyny we AIW-den goranmak babatda bilimiň ýokarlandyrylmagyny üpjün etmäge çagyrdy. AIW – ýokanç keseliniň gerimlerini iki esse azaltmak babatda bu maksada we MÖM-e ýetmekde ösüşiň görkezijileri AIW barada we keseliň geçmeginiň öňüni almak barada bilim derejesiniň ýokarlandyrylmagynywe bu keseliň mundan beýläk ýaýramagynyň öňüni almak maksatlary bilen özüni alyp baryşynyň üýtgemelerini öz içine alýar. AIW barada modul boýunça 15-49 ýaşyndaky aýallar soraşyldy. Bu modulyň soraglarynda “AIDS-iň wirusy” köp agzalýar. Bu adalga netijeleri almakda bu ýerde zerurlygyna görä “AIW” dogry adalganyň ýerine respondentler üçin kömek maksady bilen diňe maglumat ýygnamak üçin peýdalanylýar.

## HA.1 tablisa. AIW-iň geçmegi hakynda düşünjesiniň barlygy, AIW babatda ýalňyşmalar we AIW-iň geçmegi barada hemmetaraplaýyn düşünje

AIW-iň geçmeginiň öňüni almagyň esasy usullaryny bilýän 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, daşyndan sagdyn görünýän adamda AIW-položitel keseliniň bolmagynyň mümkindigini bilýän aýallaryň paýy, giňden ýaýran ýalňyşmalary inkär edip biljek aýallaryň paýy we AIW-iň geçmegi babatda hemmetaraplaýyn düşünjeleri bar bolan aýallaryň paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | | AIW-iň geçmeginiň öňüni almagyň mümkindigini bilýän aýallar: | | | | AIW-iň geçmeginiň mümkin däldigini bilýan aýallaryň göterimdäki paýy: | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | AIDS keseli barada eşiden aýallaryň paýy | kesel ýokmadyk dine birine wepaly jynsy hyzmatdaşyň bolmagy bilen | her gezek prezerwatiwden peýdalanmak bilen | Görnüşleriň ikisini hem | Daşyndan sagdyn görünýän adamda AIW-položitel keseliniň bolmagynyň mümkindigini bilýän aýallaryň göterimdäki paýy | çybyn çakmagy netijesinde | adatdan daşary ýol arkaly | AIW keselli adam bilen bile naharlananda | AIW keselli adam bilen guşaklaşylanda we elleşip salamlaşylanda | AIW keselli adam bilen ogşaşylanda | Iki sany giňden ýaýran ýalňyş düşünjäni inkär edip biljek we daşyndan sagdyn görünýän adamda AIW-položitel keseliniň bolmagynyň mümkindigini bilýän aýallaryň göterimdäki paýy | AIW keseli babatda hemmetaraplaýyn düşünjesi bar aýallaryň göterimdäki paýy [1, a] | 15-49 ýaşdaky aýallaryň sany |
| Hemmesi | 80,7 | 69,7 | 60,6 | 56,4 | 62,2 | 64,8 | 77,0 | 67,9 | 73,8 | 60,2 | 43,9 | 35,0 | 7618 |
| **Sebitler** | | | | | | | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 90,6 | 84,5 | 81,9 | 79,5 | 75,3 | 43,6 | 90,1 | 83,0 | 88,0 | 61,0 | 31,7 | 30,0 | 975 |
| Ahal welaýaty | 61,5 | 49,9 | 46,2 | 41,0 | 57,2 | 52,0 | 56,6 | 58,8 | 58,5 | 53,5 | 45,1 | 35,3 | 1007 |
| Balkan welaýaty | 67,5 | 57,0 | 44,0 | 38,1 | 57,7 | 56,6 | 63,3 | 54,0 | 59,1 | 47,7 | 39,7 | 19,2 | 482 |
| Daşoguz welaýaty | 95,0 | 72,3 | 64,6 | 56,7 | 78,9 | 75,8 | 86,2 | 72,7 | 82,0 | 77,3 | 58,7 | 43,0 | 1779 |
| Lebap welaýaty | 94,9 | 85,8 | 65,2 | 64,0 | 51,5 | 83,2 | 93,2 | 73,1 | 85,3 | 51,3 | 33,6 | 26,6 | 1455 |
| Mary welaýaty | 65,0 | 61,1 | 54,3 | 51,4 | 51,8 | 60,1 | 63,8 | 60,0 | 61,9 | 57,3 | 44,8 | 40,3 | 1920 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | | | | | | | |
| Şäher | 86,6 | 78,2 | 71,0 | 67,3 | 68,1 | 63,9 | 84,6 | 76,2 | 81,7 | 63,6 | 44,0 | 36,7 | 3006 |
| Oba | 76,8 | 64,2 | 53,9 | 49,3 | 58,3 | 65,4 | 72,1 | 62,4 | 68,6 | 58,0 | 43,9 | 33,9 | 4612 |
| **Ýaşy** | | | | | | | | | | | | | |
| 15-24[1] | 72,0 | 57,6 | 48,3 | 44,5 | 53,2 | 55,6 | 67,3 | 58,4 | 63,8 | 50,9 | 35,2 | 25,4 | 2597 |
| 15-19 | 67,8 | 50,3 | 39,5 | 36,2 | 47,9 | 50,2 | 62,5 | 52,1 | 58,5 | 45,4 | 28,9 | 18,6 | 1197 |
| 20-24 | 75,6 | 63,8 | 55,9 | 51,6 | 57,7 | 60,2 | 71,4 | 63,7 | 68,3 | 55,5 | 40,5 | 31,2 | 1400 |
| 25-29 | 83,7 | 73,5 | 63,8 | 59,6 | 64,1 | 69,0 | 80,9 | 71,0 | 78,1 | 62,9 | 46,4 | 37,9 | 1351 |
| 30-39 | 86,8 | 77,2 | 68,6 | 63,7 | 67,7 | 70,6 | 83,4 | 73,3 | 79,8 | 65,7 | 48,7 | 39,6 | 2063 |
| 40-49 | 84,3 | 76,5 | 67,6 | 63,7 | 67,9 | 68,6 | 81,4 | 73,6 | 78,6 | 66,0 | 50,0 | 42,1 | 1607 |
| **Maşgala ýagdaýy** | | | | | | | | | | | | | |
| Haçandyr bir wagt resmi (resmi däl) nikada duran | 85,3 | 75,9 | 67,2 | 62,5 | 66,6 | 69,6 | 82,0 | 73,0 | 79,1 | 65,2 | 48,6 | 40,0 | 5378 |
| Hiç wagt resmi (resmi däl) nikada durmadyk | 69,5 | 54,8 | 44,7 | 41,8 | 51,5 | 53,3 | 65,2 | 55,5 | 61,0 | 48,2 | 32,7 | 23,0 | 2240 |
| **Bilimi** | | | | | | | | | | | | | |
| Başlangyç | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 8 |
| Orta | 77,3 | 65,0 | 56,2 | 51,6 | 58,2 | 62,3 | 73,2 | 63,5 | 69,8 | 56,8 | 41,1 | 31,9 | 6088 |
| Başlangyç hünär | 93,5 | 84,9 | 70,2 | 66,8 | 68,8 | 73,0 | 91,3 | 79,5 | 85,5 | 67,3 | 47,0 | 37,0 | 601 |
| Orta hünär | 94,7 | 90,3 | 82,7 | 80,5 | 81,9 | 76,9 | 93,0 | 88,3 | 91,5 | 76,9 | 59,8 | 53,2 | 527 |
| Ýokary | 98,3 | 94,9 | 88,0 | 86,3 | 90,3 | 77,2 | 96,8 | 93,3 | 96,3 | 82,0 | 63,6 | 56,9 | 387 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | | | | | | | |
| Iň garyp | 82,6 | 63,6 | 53,6 | 47,8 | 61,4 | 67,0 | 75,8 | 61,1 | 69,6 | 58,5 | 42,1 | 29,9 | 1521 |
| Ikinji | 76,4 | 65,5 | 53,8 | 49,6 | 55,5 | 66,9 | 72,0 | 62,9 | 69,5 | 57,4 | 42,9 | 33,4 | 1502 |
| Üçünji | 71,6 | 62,5 | 52,1 | 48,6 | 53,5 | 61,7 | 68,7 | 61,3 | 66,2 | 55,0 | 42,0 | 33,5 | 1495 |
| Dördünji | 82,5 | 73,3 | 67,4 | 62,6 | 64,8 | 64,3 | 79,7 | 72,1 | 76,4 | 62,1 | 46,6 | 39,5 | 1490 |
| Iň baý | 89,6 | 82,8 | 75,2 | 72,5 | 74,6 | 63,9 | 88,2 | 81,0 | 86,3 | 67,4 | 46,1 | 38,6 | 1610 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | | | | | | | |
| Türkmen | 79,0 | 68,0 | 58,6 | 54,6 | 60,0 | 63,7 | 75,5 | 66,3 | 72,1 | 57,6 | 42,0 | 33,2 | 6563 |
| Özbek | 95,7 | 79,2 | 71,6 | 64,0 | 75,7 | 77,6 | 89,1 | 76,2 | 85,8 | 81,4 | 59,7 | 46,3 | 623 |
| Rus | 97,8 | 95,0 | 89,9 | 87,5 | 86,8 | 72,3 | 96,9 | 92,5 | 95,5 | 82,1 | 58,8 | 54,2 | 315 |
| Beýleki | 47,7 | 44,2 | 35,7 | 33,6 | 43,1 | 38,9 | 45,4 | 42,6 | 46,8 | 36,4 | 28,7 | 22,3 | 117 |

[1] **MICS 9.1 görkezijisi; MÖM 6.3 görkezijisi - AIW-iň geçmeginiň öňüni almak hakynda düşünjesi bar bolan ýaş aýallar**

[a] AIW-iň geçmeginiň öňüni almak hakynda hemmetaraplaýyn düşünje - munuň özi indiki bentleri bilmekden ybaratdyr: (1) kesel ýokmadyk bir sany wepaly jynsy hyzmatdaşyň bolmagy we elmydama prezerwatiw ulanmagyň (AIW-iň öňüni almagyň iki sany esasy usuly) kesel ýokaşmak töwekgelçiligini azaldaýandygyny, (2) daşyndan sagdyn görünýän adamda AIW-položitel keseliniň bolmagynyň mümkindigini biilmek we (3) AIW keselli adam bilen ogşaşylanda we çybyn çakmagy netijesinde keseliň geçip bilmeýändigini bilmek (bu barlagyň maglumatlary boýunça Türkmenistanda 15-49 ýaşdaky aýallaryň arasynda has giň ýaýran ýalňyşmalar).

[b] Ölçelmedik ýagdaýlaryň "Bilimi ýok" köp bolmadyk sany "Bilimi" häsiýetnamasyny beýan etmekde görkezilmedi

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

MÖM we AIDSe garşy göreşmegiň global çärelerini amala aşyrmakda gazanylan ösüş barada görkeziji (GARPR; öň UNGASS), – AIW-iň geçişi we öňüni almak barada hemmetaraplaýyn we dogry bilimi bolan ýaş adamlaryň göterim paýy. Soňky agzalan şeýle kesgitlenilýär: 1) her jynsy gatnaşykda prezerwatiwden yzygiderli peýdalanylmagy we diňe bir wepaly jynsy hyzmatdaşyň bolmagy AIW bilen kesellemek ähtimallygyny kemeldip biljekdigi barada bilmeklik, 2) Daşyndan sagdyn görünýän adamda AIW-iň bolmagynyň mümkindigi barada, we 3) AIW-iň geçmegi/onuň öňüni almak babatda iki esasy ýerli ýalňyşmalary ýalana çykarmak. Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS-iň dowamynda AIDS barada eşiden ähli aýallardan ähli üç düzüji barada bilýändikleri soraldy; alnan netijeler HA.1 tablisada berilýär.

Türkmenistanda 15-49 ýaşyndaky soraşylan aýallaryň 81 göterimi AIDS barada eşitdiler. Emma, AIW-iň geçmeginiň öňüni almagyň iki sany esasy usulyny: prezerwatiwden yzygiderli peýdalanylmagy we diňe bir wepaly jynsy hyzmatdaşyň bolmagy barada bilýänleriň paýy aýallaryň 56 göterimine deň. Aýallaryň 70 göterime golaýy diňe bir wepaly jynsy hyzmatdaşyň bolmagynyň, 61 göterimi bolsa her bir jynsy gatnaşykda prezerwatiwden hökman peýdalanmagyň AIW-iň geçmeginiň öňüni almagyňesasy usullarydygyny bilýärler.

AIW babatda ýalňyşmany ret edip biljek aýallaryň göterimde paýy görkezilýär. Bu görkeziji Türkmenistanda has ýaýran iki sany we möhüm ýalňyşma, hususan-da AIW adam bilen ogşaşylanda we çybyn çakmagy arkaly geçip biler diýen ýalňyşmalara esaslanýar. Tablisada şeýle hem AIW-iň adatdan daşary ýollar bilen (77 göterim), AIW geçen adam bilen gujaklaşylanda we elleşilende (74 göterim), şeýle hem bile iýilip-içilende (68 göterim) geçip bilmeýändigi barada aýallaryň habardarlygy babatda maglumatlar saklanýar. Aýallaryň 44 göterimi has ýaýran iki sany ýalňyşmany ret etdiler we daşyndan göräýmäge sagdyn görünýän adamyň kesel ýokuşan adam bolup biljekdigi barada bilýärler. Aýallaryň 60 göterime golaýy AIW-iň ogşaşylandageçip bilmejekdigini bilýärler, aýallaryň 65 göterimi AIW-iň çybyn çakmagy netijesinde geçip bilmejekdigini bilýärler, aýallaryň 62 göterimi bolsa daşyndan göräýmäge sagdyn görünýän adamyň kesel ýokuşan adam bolup biljekdigi barada bilýärler.

## HA.1 surat. Aýallarda AIW-iň geçişi barada hemmetaraplaýyn bilimiň bolmagy, Türkmenistan, 2015-2016




AIW-iň geçmegi barada hemmetaraplaýyn bilimi bolan aýallar – bu AIW-iň öňüni almagyň iki usulyny bilýän aýallardyr (diňe bir wepaly jynsy hyzmatdaşyň bolmagy we her jynsy gatnaşykda prezerwtiwden yzygiderli peýdalanmak), daşyndan sagdyn görünýän adamda AIW-iň bolmagynyň mümkindigi barada bilýän aýallar we iki sany iň ýaýran ýalňyşmalary ret eden aýallar.Türkmenistanda AIW-iň geçmeginiň we onuň öňüni almagyň usullary barada hemmetaraplaýyn bilimiň ýaýramagynyň derejesinde ýaşaýan sebitine baglylykda tapawut bolsa-da, häzire çenli pes bolmagynda galýar. Soraşmanyň netijeleri boýunça aýallaryň 35 göteriminiň hemmetaraplaýyn bilimi bar, has pes dereje Balkan welaýatynda (19 göterim), iň ýokary dereje Daşoguz we Mary welaýatlarynda (degişlilikde, 43 we 40 göterim) boldy. Garaşylyşy ýaly, hemmetaraplaýyn bilimi bolan aýallaryň paýy bilim derejesiniň ýokarlanmagyna görä ösýär. Orta bilimi bolan aýallaryň diňe 32 göteriminiň AIW-iň öňüni almak barada hemmetaraplaýyn bilimi bar, şol bir wagtda hemmetaraplaýyn bilimi bar bolan ýokary bilimli aýallar 57 göterimden ybarat boldy. Ýokary bilimli aýallaryň hemmetaraplaýyn bilimi bolsa 40-49 ýaş toparynda ýokary (42 göterim), has pes görkeziji (25 göterim) 15-24 ýaş toparynda bellenildi.

| HA.2 tablisa. AIW-ýokuşmasynyň ejesinden çagasyna geçip bilýandigi barada düşünjesiniň barlygy | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| AIW-iň ejesindan çagasyna geçmek usulyny dogry görkezen 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, Türkmenistan, 2015-2016 | | | | | | | |
| | AIDS hakynda eşiden aýallaryň göterimdäki paýy we: | | | | | | |
| | AIW-iň ejesinden çagasyna geçmek usullaryny bilýän aýallar: | | | | | | |
| | göwreli wagty | dogrum wagty | göwüs-den emdirilen de | azyndan üç usulyň biri bilen | usullaryň üçüsi bilen[1] | AIW-iň ejesinden çagasyna geçip bilýändigi-ni anyk bilmeýär | 15-49 ýaşdaky aýalla-ryň sany |
| Hemmesi | 75,7 | 73,4 | 67,3 | 76,7 | 65,3 | 4,0 | 7618 |
| **Sebitler** | | | | | | | |
| Aşgabat şäheri | 86,4 | 73,1 | 63,3 | 88,4 | 53,6 | 2,2 | 975 |
| Ahal welaýaty | 59,3 | 57,3 | 48,9 | 59,7 | 48,5 | 1,8 | 1007 |
| Balkan welaýaty | 58,7 | 60,4 | 60,5 | 63,4 | 56,4 | 4,2 | 482 |
| Daşoguz welaýaty | 84,3 | 84,4 | 84,8 | 85,3 | 83,6 | 9,6 | 1779 |
| Lebap welaýaty | 91,4 | 89,0 | 73,9 | 91,7 | 73,1 | 3,1 | 1455 |
| Mary welaýaty | 63,4 | 63,2 | 59,6 | 63,6 | 59,2 | 1,4 | 1920 |
| **Ilatly ýerler** | | | | | | | |
| Şäher | 82,3 | 77,9 | 70,4 | 84,0 | 66,3 | 2,7 | 3006 |
| Oba | 71,5 | 70,4 | 65,3 | 72,0 | 64,6 | 4,8 | 4612 |
| **Ýaş toparlary** | | | | | | | |
| 15-24 | 62,7 | 59,6 | 53,1 | 63,9 | 50,5 | 8,1 | 2597 |
| 15-19 | 55,3 | 51,4 | 45,5 | 56,7 | 42,6 | 11,1 | 1197 |
| 20-24 | 69,0 | 66,7 | 59,6 | 70,0 | 57,3 | 5,6 | 1400 |
| 25-29 | 80,6 | 78,1 | 73,3 | 81,2 | 71,6 | 2,5 | 1351 |
| 30-39 | 84,2 | 82,0 | 76,0 | 85,3 | 73,9 | 1,5 | 2063 |
| 40-49 | 81,9 | 80,4 | 74,2 | 82,6 | 72,6 | 1,7 | 1607 |
| **Maşgala ýagdaýy** | | | | | | | |
| Haçandyr bir wagt resmi (resmi däl) nikada duran | 82,9 | 80,9 | 75,1 | 83,7 | 73,3 | 1,7 | 5378 |
| Hiç wagt resmi (resmi däl) nikada durmadyk | 58,6 | 55,4 | 48,6 | 60,0 | 45,9 | 9,5 | 2240 |
| **Bilimi** | | | | | | | |
| Başlangyç | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | (*) | 8 |
| Orta | 71,9 | 70,0 | 64,1 | 72,8 | 62,4 | 4,5 | 6088 |
| Başlangyç hünär | 90,1 | 86,3 | 77,6 | 90,7 | 74,7 | 2,8 | 601 |
| Orta hünär | 91,8 | 90,3 | 82,5 | 93,1 | 80,4 | 1,7 | 527 |
| Ýokary | 95,4 | 86,7 | 84,7 | 97,2 | 77,1 | 1,2 | 387 |
| **Hal-ýagdaý indeksi boýunça kwintiller** | | | | | | | |
| Iň garyp | 73,0 | 71,9 | 69,4 | 73,8 | 68,3 | 8,8 | 1521 |
| Ikinji | 73,2 | 72,2 | 67,3 | 73,5 | 66,8 | 2,9 | 1502 |
| Üçünji | 68,0 | 66,7 | 58,8 | 68,4 | 58,0 | 3,2 | 1495 |
| Dördünji | 79,0 | 76,9 | 69,3 | 79,9 | 67,2 | 2,6 | 1490 |
| Iň baý | 84,9 | 78,8 | 71,5 | 87,2 | 65,9 | 2,4 | 1610 |
| **Öý hojalygynyň maşgalabaşysynyň ene dili** | | | | | | | |
| Türkmen | 74,1 | 71,6 | 65,3 | 75,0 | 63,3 | 4,0 | 6563 |
| Özbek | 89,6 | 89,4 | 87,4 | 90,7 | 86,1 | 5,0 | 623 |
| Rus | 93,1 | 88,3 | 79,1 | 96,2 | 72,0 | 1,6 | 315 |
| Beýleki | 44,5 | 44,3 | 44,2 | 45,1 | 43,5 | 2,6 | 117 |

[1] **MICS 9.2 görkezijisi - AIW-ýokuşmasynyň ejesinden çagasyna geçip bilýandigi barada düşünjesiniň barlygy**

[a] Ölçelmedik ýagdaýlaryň "Bilimi ýok" köp bolmadyk sany "Bilimi" häsiýetnamasyny beýan etmekde görkezilmedi

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

AIW-iň ejesinden çaga geçmekligi barada bilim hem aýallar üçin täze doglan çaga kesel ýokuşmagynyň öňüni almak maksady bilen göwreli wagty AIW-e barlagdan geçmek üçin ýeterlik derejede möhüm bolan ilkinji ädim bolup durýar. AIW-iň göwreli wagty, çaga dogrulýan wagty we ene süýdi bilen emdirilýän döwri geçip bilýändigini aýallar bilmelidirler. 15-49 ýaşyndaky aýallaryň

arasynda AIW-iň ejesinden çaga geçmegi babatda bilim derejesi HA.2 tablisada berilýär. Umuman aýallaryň 77 göterimi AIW-iň ejesinden çagasyna geçip bilýändigi barada bilýärler. Keseliň geçmeginiň ähli üç ýoly barada bilýän aýallaryň göterimi 65 göterime deň, şol bir wagtyň özünde aýallaryň 4 göterimi bu usullaryň anyk biri barada hem bilmeýärler. AIDS-iň geçmeginiň ähli üç ýoly barada bilim derejesiniň has ýokary we has pes derejesi iki esse tapawutlanýar: Daşoguz welaýatynda 84 göterim, Ahal welaýatynda 49 göterim boldy. AIW-iň ejesinden çaga geçmeginiň usullary barada bilýän aýallaryň göterimi hiç wagt durmuşa çykmadyklar bilen deňeşdirilende (46 göterim) haçanda bolsa durmuşa çykan ýa-da resmi (däl) nikada durýan aýallaryň arasynda ýokary (73 göterim) boldy.

## AIW bilen ýaşaýan adamlara tolerant garaýyş

AIW ýokuşanlara garaýşyň görkezijileri jemgyýetde olaryň sigmatizasiýasyny we kemsedilmelerini ölçemäge mümkinçilik berýär. Eger respondentler aşakdaky dört soraga oňyn jogap beren bolsalar, onda stigmatizasiýanyň we kemsidilmeleriň derejesi pes: 1) Siz maşgalanyň AIDS bilen kesellän agzalary barada alada edersiňizmi; 2) Siz AIW ýokuşan satyjydan ter gök-önümleri satyn alarmysyňyz; 3) AIW ýokuşan mugallyma mekdepde işlemäge rugsat bermeli diýip hasaplaýarmysyňyz; 4) maşgala agzasyna AIW-iň ýokuşandygyny gizlin saklasyňyz gelmeýärmi?

## HA.3 tablisa. AIW keseli bilen ýaşaýan adamlara tolerant garaýyş

AIDS hakynda eşiden, AIW keseli bilen ýaşaýan adamlara tolerant garaýan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterimdäki paýy, Türkmenistan, 2015-2016

| | Aşakdaky aýallaryň göterimdäki paýy: | | | | | | Aşakdaky aýallaryň göterimdäki paýy: | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | AIDS bilen kesellän maşgala agzalaryna öz öýünde ideg etmäge taýýarlar | AIW-položitel keselli satyjydan gök önümleri satyn alyp biljekler | AIW-položitel keselli we keselli bolmadyk mugallyma mekdepde bile işlemäge rugsat bermeli diýip hasaplaýanlar | eger maşgala agzalaryndan biri AIW-položitel bilen kesellese, ony ýaşyryn saklamak islemeýänler | beýan edilen tolerant garaýyşlaryň iň bolmanda biri bilen ylalaşýanlar | ähli dört görkeziji boýunça hem AIW keseli bilen ýaşaýan adamlara tolerant garaýyş bildirýänler[1] | AIW keseli bilen ýaşaýan çagalaryň AIW-otrisatel keselli çagalar bilen mekdebe gatnamak mümkinçiligi bolmaly diýip hasaplaýanlar | AIW keseli bilen ýaşaýan adamlara kemsitme bilen garaýanlar (iki görkeziji boýunça) [a] | AIDS hakynda eşiden 15-49 ýaşdaky aýallaryň sany |
